**E. Atdaýew, M. Annagulyýewa, G. Annameredowa,**
**G. Galandarowa, G. Ýagşymyradowa**

# PEDAGOGIKA
# III

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378+37
A 88

**Atdaýew E. we başg.**
**A 88** **Pedagogika. III kitap.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Pedagogikanyň III okuw kitabynda «Terbiýäniň esaslary» bölüminiň «Edep – terbiýe bermegiň usullary», «Synpdan we mekdepden daşary işler», «Synp ýolbaşçysy we onuň etmeli işleri», «Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy», «Maşgala terbiýesi we onuň pedagogik esaslary» diýen baplaryna we «Mekdep işiniň dolandyrylyşy» bölümine degişli maglumatlar beýan edilýär. Bu kitapda terbiýäniň usullary, okuwçylara çemeleşmekde terbiýeçilik taktynyň we terbiýeçilik tehnikasynyň orny, terbiýäniň usullarynyň toparlara bölünişi, şahsyýetde jemgyýetçilik aňyny, jemgyýetçilik tertibini, höweslendirmek (stimulirlemek), öz-özüňi terbiýelemek usullary baradaky maglumatlar açylyp görkezilýär. Şeýle-de synpdan, mekdepden daşary işler, terbiýeçilik işleriniň görnüşleri, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň alyp barýan işleri, synp ýolbaşçysy, onuň wezipeleri, maşgala terbiýesiniň pedagogik esaslary, şertleri we usullary giňişleýin beýan edilýär. Kitap mekdep işini ylmy esasda guramagyň ýollary, mekdebiň mugallymlar geňeşi, onuň geçirilişi, mekdep ýolbaşçylary, olaryň işiniň esasy ugurlary, sapaga gatnaşmak, ony seljermek, usuly birleşmeler we olaryň alyp barýan işi bilen bagly möhüm maglumatlary öz içine alýar.

TDKP № 302, 2017 KBK 74.00 ýa 73

© E. Atdaýew we başg., 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Dördünji bölüm

# TERBIÝÄNIŇ ESASLARY

## I BAP

## EDEP-TERBIÝE BERMEGIŇ USULLARY

### Terbiýäniň usullary barada düşünje

**Terbiýäniň usuly (metody)** ***diýlip hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemek maksady bilen onuň aňyna, duýgusyna, özüni alyp barşyna, häsiýetine, aragatnaşyklaryna edilýän täsire aýdylýar.***

Terbiýe ikitaraplaýyn iş bolup, ol terbiýeçiniň we terbiýelenýäniň tagallalarynyň birligine baglydyr. Ýygnanyşyklar, gürrüňdeşlikler, özara pikir alyşmak, ýaşaýan ýeri boýunça geçirilýän terbiýeçilik işleri, ertirlikler, duşuşyklar beýleki terbiýeçilik çäreleri – bular terbiýäniň guramaçylyk görnüşlerini (formalaryny) düzýärler.

Dürli terbiýeçilik meselelerini çözmek üçin amala aşyrylýan maksada ugrukdyrylan okuw-usuly ýollara **terbiýäniň serişdeleri** diýilýär. Muňa okalýan dersler, sapakdan daşary çäreler, kitap, görkezme esbaplar, kino, radio, teleýaýlym, teatr we ş.m. girýär. Terbiýäniň dürli serişdeleri bolup, onuň hyzmatyny (funksiýasyny) filmler, spektakllar, sungat önümleri, terbiýeçiniň janly sözi, çagalaryň, ulularyň oýny, çeper we tehniki höwesjeňlik, kitaplar, klub (eger olar işjeň işleýän bolsalar) ýerine ýetirýärler.

Terbiýäniň netijesi onuň görnüşleriniň, serişdeleriniň dogry ulanylmagyna baglydyr.

### Mugallymyň okuwçylary terbiýelemekdäki orny

Täze maksatnamalar esasynda bilim bermegiň döwrebap guralmagy üçin okuw işini gerekli enjamlar bilen üpjün etmek, ony kompýuterler bilen enjamlaşdyrmak gerek, emma öz bilimlerini we ýürek

mähirlerini çagalara bagyşlaýan adamlar sözüň doly manysynda mugallymlar bolmasa, olaryň maksada ýetmezligi mümkindir.

Mugallym täzeçilligiň örän möhüm hereket ediji güýjüni özünde jemleýär.

Biz geljege bolan umytlarymyzy tebigy ýagdaýda mekdebiň işiniň üýtgedip gurulmagy, mugallymyň terbiýeçilik ukyby we döredijilik gözlegi bilen ep-esli derejede baglanyşdyrýarys. Mugallym diňe bir bilim beriji däldir, ol ilkinji nobatda terbiýeçidir, ýaş nesli durmuşa hemmetaraplaýyn taýýarlaýan adamdyr.

Mugallym okuw-terbiýeçilik işine jogapkärdir. Munuň özi mugallymdan işe ähli ünsüni, yhlasyny, ukybyny, bilimlerini we terbiýeçilik tagallalaryny gönükdirmegi (mobilizlemegi), sarp etmegi talap edýär. Onuň işiniň üstünligi işe döredijilikli çemeleşişine, galplyga garşy aýgytly göreşişine baglydyr.

Mugallym okadýan we terbiýeleýän çagalarynyň ykbalyna parhsyz çemeleşip bilmez. Mugallymyň parhsyzlygy, galplyga ýol bermegi, diňe aýlyk alýanlygy üçin mekdepde wagt geçirip, işe yhlassyz ýapyşmagy ýaş nesliň şahsyýetiniň dogry terbiýelenmegine uly zeper ýetirip biler. Eger zawod-fabrikde işçi haýsydyr bir zady ýasamakda ýalňyşlyk goýberse, ony, belki, täzeden ýasamak, kemçiligini düzetmek bolar, ýöne mugallym ýaş nesli terbiýelemekde ýalňyşlyk goýberse, onuň netijelerini düzetmek iňňän kyn bolar. Nädogry terbiýelenen adamy täzeden dogry ýola gönükdirmek hem kyn bolar, hem örän köp wagt we tagalla talap eder.

Mugallymyň terbiýeçilik işi sabyrlylygy, terbiýäniň görnüşlerini we ussullaryny ulanmakda örän paýhasly çemeleşmegi, synçylygy talap edýär. Çagalar bilen işlemekde mugallymyň olaryň her biriniň maşgala ýagdaýy bilen tanyşmagy, maşgalada nähili terbiýelenýändigini bilmegi, ene-atalary bilen ýakyn aragatnaşyk saklamagy, çaga çemeleşmekde mekdebiň we maşgalanyň ylalaşykly hereket etmegini gazanmagy onuň terbiýeçilik tagallalarynyň üstünlikli bolmagyna ýardam eder.

**Okuwçylara çemeleşmegiň tärleri we usullary**

Terbiýeçilik işinde mugallymyň her bir anyk ýagdaýda okuwça çemeleşmegiň ähmiýeti bolup biljek tärleri ulanmagy başaryp bilşine köp zat baglydyr. «Pylan wagt pylan okuwçyny terbiýelemekde şu hili ýagdaýda şeýle täri ulanypdym, ol netije beripdi» diýip, bir wagt

netijeli bolan täri ulanmaklygyň bu gezek islendik netijäni bermezligi, tersine bolup çykmagy mümkindir. Sebäbi ýokarda belleýşimiz ýaly, ähli okuwçynyň aňlaýyş derejesi birmeňzeş bolmaýar. Galyberse-de, okuwça çemeleşilende, hut şol pursatda, onuň psihologik ýagdaýynyň nähilidigi-de, onuň bilen ýekelikde ýa-da başgalaryň ýanynda gepleşilýändigi-de **mugallymyň sözleýşi** bilen baglydyr.

Başgaça aýdylanda, her bir pursatda, her bir çaga bilen işlenilende ýokarda ýatlanylan we ýatlanylmadyk ähli ownuk-uşak bolup görünýän ýagdaýlaryň nazara alynmagy möhümdir. Mugallymyň terbiýeçilik işinde onuň **çagalar bilen işlemäge çuň höwesiniň bolmagy**, çagalary söýmegi, olara ynsanperwerlik bilen çemeleşmäge uly kömek edýär.

Mugallymyň çaga bolan söýgüsi **talap edijilikli** bolmalydyr. Şeýle mugallymy okuwçylar söýýärler, onuň bilen öz aladalary barada gürrüň etmegi, onuň pikirini diňlemegi halaýarlar, onuň maslahatlaryna gulak asýarlar. Eger mugallym çagalary, olar bilen işlemegi söýmeýän bolsa, okuwçylar özlerini ondan çeträkde saklanlaryny kem görmeýärler, ony hormatlamaýarlar. Hormatlanylmaýan mugallymyň terbiýeçilik tagallalary zerur netijäni bermeýär.

Terbiýelenýänlere üstünlikli täsir etmek üçin mugallymda ösen duýgynyň, başgalara **duýgudaşlyk** etmek, onuň ýagdaýyna düşünmek häsiýetiniň bolmagy zerurdyr.

Bu häsiýet oňa çagalaryň psihologik ýagdaýyna düşünmäge, özüni terbiýelenýäniň ornunda goýup görmäge, paýhasly hereket etmäge kömek edýär.

Mugallymyň synçy adam bolmalydygy hakynda ýokarda aýdypdyk. Mugallym **synçylyk** netijesinde öz eden gürrüňiniň okuwça täsir etmeýändigini tiz aňýar we onuň äheňini üýtgedip, netijeli ugra gönükdirýär.

Mugallymyň terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagy üçin onuň **okuwçylara ýakyn durmagy** gerek. Okuwçylara ýakyn durmak ýaş mugallyma birbada aňsat düşmeýär. Okuwçylara ýakyn durmak, olary özüňe ýakynlaşdyrmak üçin, mugallym olar bilen bilelikde her dürli synpdan daşary işleri gurasa, peýdaly bolýar. Şonda mugallym özüni ýönekeý alyp barmalydyr. Gödeklik, ulumsylyk okuwçylary mugallymdan daşlaşdyrýar. Özüni okuwçylardan çete çekýän, gedemlik

edýän mugallymyň terbiýeçilik tagallalary oňyn netije bermeýär. Özüňi ýönekeý alyp barmak diýmeklik okuwçylar bilen mugallymyň arasynda hiç hili çäk bolmaly däl diýmegi aňlatmaýar. Bu çägiň zerurlygy mugallymyň we okuwçylaryň özleri tarapyndan aňlanylmalydyr.

Mugallymyň **bilimliligi, medeniýetliligi**, okuwçylar bilen salykatly gatnaşygy olaryň arasyndaky bellibir çägiň bolmagyny üpjün edýär. Şol çägiň bolmazlygy mugallymyň abraýyna zeper ýetirip biler, ýöne munuň özi mugallymyň emeli suratda çäk döretjek bolup synanyşmagy arkaly gazanylyp bilinmez. Käbir ýaş mugallymlar okuwçylary gorkuzyp terbiýelemeklige ýykgyn edýärler. Bu nädogry.

Mugallymyň okuwçy bilen hyzmatdaşlykda **demokratik stili** ulanmagy, her bir çaga ösüp gelýän şahsyýet hökmünde seredip, onuň bilen ikitaraplaýyn birek-birege hormat goýmak görnüşinde (formasynda) aragatnaşyk etmegi dogry bolýar. Mugallym şahsy durmuşynda bolýan käbir ýakymsyz zatlara bolan içki duýgusyny okuw-terbiýeçilik işlerini geçirende ýüze çykarmaly däldir. Mugallymyň şahsy başdan geçirmeleri okuwçylar bilen aragatnaşygyna täsir etmeli däldir. Sebäbi mugallymyň keýpsizligi, gaýgy-gussa üstüni basdyryp oturmagy, gaharjaňlygy okuwçylaryň hem keýpine, özlerini alyp baryşlaryna, döredijilikli işlemeklerine erbet täsir edýär. Käbir mugallymlar mekdepden, synpdan daşarda nämedir bir zada gelen gaharlaryny okuwçylardan «çykarmaga» ýykgyn edýärler. Bu mugallymyň abraýyny gaçyrýar, okuwçylaryň ondan göwnüniň galmagyna getirýär.

Terbiýeçilik işinde mugallymyň özüniň okuwça aýdýan sözleriniň, berýän nesihatlarynyň, talaplarynyň, geçirýän terbiýeçilik çäreleriniň, ony öwmeginiň, tankytlamagynyň, temmi bermeginiň nähili netije berjekdigini öňünden **çak edip, göz öňüne getirmeginiň ähmiýeti** az däldir. Sebäbi ol mugallyma onuň terbiýeçilik işinde berilýän ýalňyşlyklary goýbermezligine kömek edýär.

Mugallym **adalatly** adam bolmalydyr, onda adalatlylyk duýgusy güýçli bolmalydyr. Adalatsyz mugallym bigünä okuwçynyň üstüne gygyrýar, azgyrylýar, oňat seljermän, bigünä okuwça temmi berýär, mynasyp däl okuwçyny öwýär, ony höweslendirýär. Bu hili mugallym tiz «gözden düşýär», okuwçylar ony hormatlamaklaryny, onuň diýenine gulak asmaklaryny bes edýärler. Şoňa görä ol okuw-

çylara gowy täsir etmek mümkinçiliginden mahrum bolýar. Ýokary synplarda mugallymyň okuwçylara çemeleşmekden gyzmalyk etmegi, adalatsyzlygy onuň bilen okuwçylaryň arasynda ýiti garşylygyň döremegine getirmegi-de mümkin. Okuwçylaryň terbiýesinde mugallymyň **erkine-de** köp zat baglydyr. Gowşak erkli, gowşak häsiýetli adam bolmagy onuň okuwçylara dogry çemeleşmegine päsgel berýär. Ol okuwçylara berýän ýumuşlarynyň, görkezmeleriniň ýerine ýetirilip-ýetirilmezligine parhsyz garaýar, olaryň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini talap edip bilmeýär, gowşaklyk, ýerliksiz geçirimlilik edýär. Bu bolsa öz gezeginde okuwçylarda işe, öz borçlaryna jogapkärçiliksiz çemeleşmek endigini kemala getirýär. Okuwçylar bu hili mugallymyň «geçirimliliginden» peýdalanyp, onuň ýumuşlaryny, talaplaryny ýerine ýetirmeýärler. Netijede, mugallymyň bu hili çemeleşişi, birinjiden, onuň abraýyny gaçyrsa, ikinjiden, okuwçylaryň şahsyýetiniň kemala gelmegine zeper ýetirýär.

Mugallymyň terbiýeçilik işiniň üstünlikli bolmagyna onuň **ýumor duýgusynyň bolmagy** uly orun tutýar. Ýumor duýguly adam gerek ýerinde degişme äheňinde geplemegi başarýar. Munuň özi okuwçylaryň ýadawlygyny aýyrmakda, mugallym bilen olaryň arasyny ýakynlaşdyrmakda, köpçülikde ýakymly ýagdaýy emele getirmekde peýdalydyr. Ýerlikli degişmegi başarýan mugallymy okuwçylar gowy görýärler. Onuň tabşyryklaryny, maslahatlaryny göwünjeňlik bilen ýerine ýetirýärler.

Okuwçylara çemeleşmegiň üstünlikli bolmagy köp babatda mugallymyň öz beren **sözünde tapylmagyna** baglydyr. Şoňa görä hem mugallym hemişe «Söz berdiňmi – sözüňde tapyl» diýen ýörelgä laýyk hereket etmelidir. Eger ol okuwçylara dynç alyş güni gezelenje, köpçülik bolup çeper film görmäge gitmegi ýa-da başga bir zada wada eden bolsa, ony hökman ýerine ýetirmelidir. Eger bellibir sagatda, minutda bir ýerde duşuşmagy bellän bolsa, mugallym şol ýere gijä galman gelmelidir. Gepiň gysgasy, mugallym haýsydyr bir zady wada eden bolsa, bir zady etmekligi söz beren bolsa, olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir.

**Ahlak taýdan päk** mugallym okuwçylaryň ahlak taýdan kemala gelmegine güýçli täsir edýär. Mugallymyň okuwçylaryň ene-atalary, adamlar bilen mylakatly, ýakyn aragatnaşyk saklamagy, olar

bilen düşünişmegi onuň abraýyny artdyrýar. Sözünde tapylmazlyk, wadasyna wepasyzlyk onuň abraýyny gaçyrýar, okuwçylar oňa ynanmasyny goýýarlar. Ynamdan gaçan mugallym öz terbiýeçilik wezipesini  ýerine ýetirip bilmeýär.

Okuwçylara terbiýeçilik nukdaýnazardan çemeleşmekde mugallymyň gowy netije gazanmagy onuň öz okuwçylaryna ähli babatda **görelde** görkezmegine köp derejede baglydyr.

## Okuwçylara terbiýe bermäge çemeleşmekde terbiýeçilik taktynyň we tehnikasynyň orny

Çagalara dogry çemeleşmekde mugallymyň diňe terbiýeçilik usullaryny we serişdelerini bilmegi ýeterlik däldir. Munda terbiýeçilik tehnikasynyň we taktynyň orny uludyr.

**Terbiýeçilik tehnikasy** – munuň özi onuň aýry-aýry okuwçylara we çagalar köpçüligine täsir etmek maksady bilen, saýlanyp alan usullary tejribede netijeli peýdalanmak üçin zerur bolan bilimleriň, ukyplaryň jemidir. Terbiýeçilik tehnikasynyň zerur alamatlary hökmünde sözleýiş medeniýetini, okuwçylar bilen sözleşeninde ýa-da sapakdyr synpdan daşary köpçülik çärelerini geçireninde özüni alyp barşyny, okuwçylara şahsy (indiwidual) çemeleşmegi başaryşyny, hatda oturgyçda nähili oturýandygyny, stoluň başyndan nähili turýandygyny, nädip begenýändigini, gynanýandygyny görkezmek bolýar.

Mugallymyň okuwçylara terbiýe bermäge dogry çemeleşmeginde onuň terbiýeçilik takty berjaý edişine köp zat baglydyr. **Terbiýeçilik takty** okuwçylar bilen sözleşmekde, mugallymyň özüni salykatly, mylakatly, ýönekeý alyp barmagynda, olaryň şahsyýetini hormatlamagynda, olardan edýän talaplarynyň oýlanyşyklylygynda, paýhaslylygynda ýüze çykýar. Bulardan başga-da, terbiýeçilik takty mugallymyň ahlak taýdan päkliginde ýüze çykýar.

**Terbiýeçilik takty** mugallymyň çagalar we olaryň ene-atalary bilen kadaly aragatnaşyk saklamagyny, onuň aýdýan sözleriniň, hereketleriniň, okuwçylara ýüzlenişiniň, olara üns berşiniň, olar barada dykgatlylygynyň, mylakatlylygynyň, terbiýelenýän öňünde paýhasly talaplar goýşunyň, terbiýeçilik nukdaýnazardan maksadalaýyk bolmalygyny göz öňünde tutýar. Ol mugallymyň her bir zadyň

çakyny-çenini bilmegini, okuwçyny öwmek, höweslendirmek, temmi bermek meselelerini hem öz içine alýar.

Mugallymyň terbiýeçilik işinde **suggestiw, perseptiw, konstruktiw**, **guramaçylyk, kommunikatiw, barlag, ylmy-öwrenijilik** ýaly 7 hili ukybyň bolmagy zerurdyr.

**Suggestiw ukyby** mugallyma okuwçylara emosional – erkli täsir edip, olary öz erkiňe tabyn etmeklerini üpjün edýär.

**Perseptiw ukyplar** terbiýeçilik işinde okuwçylaryň ruhy dünýäsine aralaşyp, psihikasynyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmakda we olaryň emosional ýagdaýyny obýektiw bahalandyryp bilmekde kömek edýär.

**Konstruktiw** ukybyň bolmagy mugallyma köpçülik we aýry-aýry okuwçy bilen geçirmeli terbiýeçilik işlerini dogry meýilnamalaşdyrmakda ýardam berýär. Terbiýeçilik işiniň dogry meýilnamalaşdyrylmagy okuwçylar köpçüligine we aýry-aýry okuwçylara dogry çemeleşmegiň ýollaryny bellemek üçin esas bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da konstruktiw terbiýeçilik ukyby mugallyma geçirjek terbiýeçilik işleri üçin zerur gerekli enjamlary dogry seçip almaga hem kömek edýär.

Mugallymda **guramaçylyk ukybynyň** bolmagy oňa terbiýeçilik işi geçirilende, okuwçylara aýry-aýrylykda çemeleşmäge, özüni dogry alyp barmaga, terbiýeçilik maksatlaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilik döredýär. Galyberse-de, ol mugallyma terbiýeçilik işlerinde okuwçylaryň guramaçylykly, höwesli bolmaklaryny we köpçülikleýin gatnaşyklaryny, geçirýän işlerinde çalasynlyk görkezip işlemeklerini gazanmakda hem ähmiýetlidir. Mugallymyň guramaçylyk ukyby okuwçylaryň, jemgyýete peýdaly işleri guramakda, öz-özlerini terbiýelemeklerini ýola goýmakda we gowy netije gazanmaklaryny üpjün etmekde ähmiýetli bolýar.

**Kommunikatiw ukyp** mugallyma okuw-terbiýeçilik işinde okuwçylar bilen kadaly aragatnaşygy ýola goýmaga şertler döredýär, olar bilen hyzmatdaşlyk etmegi ýeňilleşdirýär. Okuwçy bilen mugallymyň bir-birine düşünişmegini, okuwçylaryň ene-atalary we beýleki adamlar bilen aragatnaşyk etmegini hem aňsatlaşdyrýar.

**Barlag ukyplary mugallymyň** tejribe işinde ýüze çykan pedagogiki ýagdaýlary we hadysalary öwrenip we obýektiw bahalandyryp bilmekligine ýol açýar.

**Ylmy–öwrenijilik ukyplar** mugallymyň hünäri boýunça ylym-bilimleri ele alyp bilmekligini üpjün edýär.

**Terbiýäniň serişdeleri:** 1. Dürli görnüşli milli oýunlar; 2. Halk döredijilik eserleri; 3. Nusgawy edebiýat; 4. Milli aýdym-saz sungaty.

5. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri.

## Adam aňyna täsir etmegiň zerurlygy

Bu barada öňki bölümlerde hem gürrüň edilipdi. Şu ýerde bolsa olaryň ulgamy (sistemasy) hakynda durup geçmekçi.

Tälim-terbiýe bermek, edep-ekram öwretmek işi her halkyň milli aýratynlygyna laýyklykda alnyp barylýar. Şu kanunyň talabalaýyk berjaý edilmedik ýagdaýynda terbiýeçilik işi netijesiz bolup galýar.

Türkmen terbiýesiniň özboluşly, örän inçeden gelýän täsir ediş ýollary bar. Şol tärler asyrlarboýy nesilden-nesle geçip gelipdir. Täsir edýäniň akyl-paýhasy, durmuş tejribesi, gep-sözi, at-abraýy, getirýän delilleri, özüni alyp barşy, kaddy-kamaty adama täsir etmegiň güýçli serişdesine öwrülipdir. Türkmen terbiýesinde ahlaksyzlygyň, haýsydyr bir etmişiň, oňlanylmaýan hereketiň, ýigrenilýän hüý-häsiýetiň zyýanly taraplaryny açyp görkezmek ýörgünli usul hökmünde giňden ulanylypdyr. Şonuň ýaly hem deňeşdirme ýoly adam aňyna täsir etmegiň iň netijeli usuly hasap edilipdir.

Ýagşy bilen ýaman, haýyr bilen şer, edepli bilen biedep, batyr bilen gorkak, mert bilen namart, ynsaply bilen biynsap, hünärli bilen hünärsiz... bir-birine gapma-garşy goýlupdyr, il-günüň aňyna, özüni alyp barşyna olaryň ilkinjisini ornaşdyrmak niýet edilipdir. Şolar ýaly asylly niýeti halk pedagoglary – il-gün tarapyndan ykrar edilen terbiýeçilik usullary – belent mertebesi, arassalygy, adamkärçiligi, göreldesi bilen amala aşyrypdyrlar.

Jelaleddin Rumy: «Ynsan ogly edepden nebsini almasa, ynsan däldir. Esasan, ynsan bilen haýwanyň arasyndaky parh hem edepdir» diýip ündäpdir.

Magtymgulynyň «Durasyň geler» diýen goşgusynda iki sany gyzyň deňeşdirmesi bar. Olaryň biri–uzyn boýly, alkymy, bilekleri ap-ak,

şar gara saçly, özem «edep-ekramly, mylaýymzada», süýji sözli gözel gyz. Beýlekisi – saçyny ýuwman, sirkä basdyran, edepsiz, ata-enesini-de sylamaýan, içersini-daşarsyny, gap-gaçlaryny hapa saklaýan gyz. Magtymguly şu ýerde iki dürli sypatly, aýry-aýry gylyk-häsiýetli gyz barada jemgyýetçilik pikirini beýan edýär.

Ol içki hem daşky sypatlary boýunça bir-birine gapma-garşy bolan iki sany gyzy deňeşdirmek arkaly, bir tarapdan, enäniň gyzyna göreldesi, nusgalygy barada pikir ýöredýär, ikinji tarapdan, gowy, asylly gyzlar barada pedagogik pikiri öňe sürýär.

Magtymguly pedagog hökmünde adam aňyna täsir etmegiň dürli ýollaryny, netijeli serişdelerini ussatlyk bilen peýdalanypdyr.

Türkmenleriň gündelik durmuşynda, terbiýeçilik iş tejribesinde adam aňyna täsir edýän iň güýçli usullar hereket edipdir. Adamlaryň arasynda düşünişmezlik, dawa-jedel dörände, sylanýan ýaşulynyň «Utanaňzokmy?!» diýen ýekeje sözi ýa tarsa ýerinden turmasy märekäni suw sepilen ýaly edipdir. Genjimiň «Bidöwlet, salpaýak» diýen sözleri Göroglyny çynlakaý oýlandyryp, aýgytly herekete getiripdir.

Türkmen täliminde şular ýaly täsir ediş usullary giden bir ulgamdyr. Olar halkyň hakydasynda, halk döredijiliginiň pudaklarynda, şahyrlaryň eserlerinde, danalaryň pähim-paýhaslarynda, eneleriň göreldesinde, atalaryň pendinde, taryhy ýadygärliklerde, medeni we ruhy gymmatlyklarda, hereket edip gelipdir. Indi olar Garaşsyz Diýarymyzda häzirki döwrüň talaplary bilen üsti ýetirilen ylmy pedagogikanyň binýady hem sütüni bolup durýar.

Edep-terbiýäniň many-mazmuny, görnüşleri, usullary, serişdeleri tutuşlygyna milli ruha ýugruldy, onuň üsti beýleki halklaryň türkmen halkynyň aň-düşünjesine täsir ederlikli, onuň derejesine we mümkinçiliklerine laýyk gelerlikli peýdaly pedagogik pikiri bilen baýlaşdyrylýar.

***Edep-terbiýäniň usullary – bu köp taraplary sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen terbiýelenýän adamyň akyl-paýhasyna, erk-islegine, özüni alyp barşyna, mahlasy, adam bolup ýetişmegine oňyn täsir etmek diýmekdir. A. S. Makarenkonyň sözi bilen aýtsak, terbiýe usullary «şahsyýete çemeleşmegiň guralydyr».***

Başgaça aýdanymyzda, türkmen döwletiniň gülläp ösmegi, türkmen halkynyň ýagty geljegi ugrunda göreşýän, ýurduň ykdysady, sosial, syýasy ýagdaýlaryndan baş çykaryp bilýän sowatly, berk bedenli, edep-ekramly, hünärmen adamlary kemala getirmek maksady bilen peýdalanylýan usullardyr.

Terbiýeçilik işinde nähili usullaryň ulanylýandygy häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiziň alyp barýan syýasatynyň öňde durýan maksatlary we onuň mazmuny bilen düşündirilýär. Ýurdumyzyň häzirkizaman mekdepleri hemmetaraplaýyn ösen işjeň şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini çözýär. Terbiýeçilik işinde ulanylýan serişdeler we usullar hem şu wezipäni çözmeklige hyzmat edýär. Usullary ylmy nukdaýnazardan dogry ulgamlaşdyrmak olary tejribede terbiýeçilik işinde ulanmaklygy aňsatlaşdyrmakda, her bir usulyň anyk ornuny, terbiýeçilik wezipelerini çözmekdäki hyzmatyny kesgitlemekde uly ähmiýete eýedir.

**Terbiýäniň usullarynyň toparlara bölünilişi**

| **I.Şahsyýetde jemgyýetçilik aňyny kemala getirmegiň usullary** | **II. Şahsyýetde jemgyýetçilik tertibini kemala getirmegiň usullary** |
|---|---|
| ***1. Düşündirmek***<br>***2. Şöhbetdeşlik***<br>***3. Gürrüň***<br>***4. Görelde***<br>***5. Çekişme***<br>***6. Öwüt-ündew, wagyz-nesihat*** | ***1. Talap etmek***<br>***2. Öwretmek, türgenleşmek***<br>***3. Ýumuş tabşyrmak***<br>***4. Ynam bildirmek***<br>***5. Oýun*** |
| **III. Höweslendirmek (stimulirlemek) usullary** | **VI. Öz-özüňi terbiýelemek usullary** |
| ***1. Öwmek***<br>***2. Hoşniýetli bolmak***<br>***3. Makullamak***<br>***4. Tarapyny tutmak***<br>***5. Minnetdarlyk bildirmek***<br>***6. Sylaglamak***<br>***7. Ýaryş***<br>***8. Maksat (perspektiwa) goýmak*** | ***1. Şahsy borçnama***<br>***2. Öz-özüňe hasabat bermek***<br>***3. Öz-özüňi seljermek***<br>***4. Öz-özüňe gözegçilik etmek***<br>***5. Öz-özüňi bahalandyrmak*** |

Edep-terbiýe bermekde ulanylýan usullar görnüş taýdan köpdür. Olaryň hemmesiniň terbiýäniň dürli taraplarynda ulanylyşy deň däl. Mysal üçin, beden terbiýesinde ulanylýan usullar bilen ahlak ýa-da

gözellik (estetik) terbiýede ulanylýan usullar birneme tapawutlanýarlar. Muňa mysal edip, çekişmeleriň, maslahatlaryň ahlak terbiýesinde, komanda bermek, maşklary ýerine ýetirmek ýaly usullaryň beden terbiýesinde, tebigata, sungat eserlerine syn etmek, çeper döredijilik boýunça amaly işleri ýerine ýetirtmek usullarynyň gözellik terbiýesinde ulanylýandygyny aýtmak bolar. Emma şunuň bilen bir wagtda terbiýede ulanylýan usullaryň arasynda umumylygyň hem köpdügini, köp usullaryň terbiýäniň ähli taraplarynda diýen ýaly ulanylýandygyny, olaryň hemmesiniň hem bir maksada gönükdirilendigini bellemelidiris. Olary kim babatda, näwagt, nädip peýdalanmalydygyny pedagogyň özi gowy bilmeli, bu iş onuň ussatlygyna bagly. Täsir ediş usullaryny netijeli ulanyp bilmek – munuň özi pedagogyň sabyrlylygy, parasatlylygy, geçirimliligi, ynsanperwerligi, onuň özüne erk edip bilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Bu pedagog üçin örän möhüm bolup, ol ata-babalaryň asylly sypatlaryny dowam etdirmegi, terbiýeçilik işi babatynda-da aslyna dolanmagy talap edýär.

Alym-pedagog Döwletmämmet Azadynyň öwredişi ýaly, giň göwrümli bolmagy, sesiňe bat berip gürlemezligi, gaty-gaýrym sözleri diýmezligi başarmak gerek. Bu ýeňil däl, ýöne durmuşa geçirmesi zerur bolan iş. Şeýle pedagogik hadysany göz öňüne getirip görüň! Mugallym täze temany düşündirip duran mahalynda, okuwçylaryň biri haýsydyr bir kitabyň sahypalaryny agdaryp başlaýar. Bu ýagdaý okuwyň kadaly gitmegine ters gelýär, ýöne şonda-da mugallymdan gaty-gaýrym söz diýmekden saklanyp bilmegi talap edýär. Pedagogika şeýle ýagdaýda düşündirişiň arasyny bölägede, biraz dymyp durmagy hemem pedagogdygyňy ýada salmagy, soňundan ýene sözüňi dowam etdirmegi maslahat berýär. Munuň özi ownujak bir zat ýalydyr, ýöne onuň ýüze çykyp biläýjek näsazlygyň öňüne böwet basyp bilmegi gaty mümkindir, asla terbiýeçilik işinde ownuk zat ýokdur. Onuň hemme halatlarynda nähili usuly peýdalansaň, netijeli boljaklygyny salgy berip biljek pedagog hem, onuň döreden gollanmasy hem ýokdur, bolup-da bilmez.

Her bir täsir ediş usulynyň netijeliligi ony pedagogyň ýüze çykan hadysa, onuň häsiýetine laýyklykda şol pursadyň özünde ulanyp bilmegine köp derejede baglydyr. Bir ýagdaýda örän gowy netije beren täsir ediş usulynyň başga bir ýagdaýda netijesiz bolup çykýanlygy terbiýeçilik işiniň tejribesinden bellidir.

2. Sargyt № 1361

## I. Şahsyýetde jemgyýetçilik aňyny kemala getirmegiň usullary

***Bu usullar jemgyýetçilik garaýşy, pikiri, ynamy kemala getirmek usullarydyr. Düşündirmek, öwretmek, nusga görkezmek*** – bular terbiýäniň täsirli usullary hökmünde okuw-terbiýeçilik işiniň başlangyç döwründe giňden, soňky döwründe birneme seýregräk ulanylýar. Bu usul ulanylanda, mugallym okuwçylary özüni alyp barmak düzgünleri dogrusyndaky bilimler bilen kämilleşdirmek, ol bilimleriň üstüni doldurmak, dogry ahlak düşünjelerini kemala getirmek maksady bilen, ahlak kadalaryny, okuwçylar üçin düzgünleriň takyk talaplaryny düşündirýär. Ol öz düşündirişini anyk maglumatlardan, wakalardan alnan mysallar bilen utgaşdyrýar.

Mugallym ahlak terbiýesini bermek maksady bilen näme hakynda gürrüň etse-de, onda adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna ahlak ýörelgeleriniň nukdaýnazaryndan baha bermegi, okuwçylaryň ünsüni oňa çekmegi we olaryň özleriniň garaýyşlaryny ýüze çykarmagy unutmaly däldir. Şu hili düşündiriş okuwçylaryň ahlak kadalaryny we düzgünlerini özleşdirmek üçin zerurdyr.

***Söhbetdeşlik*** Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda ýöredilýän daşary we içeri syýasat, ykdysady, sosial ýagdaýlar, milli ruhly terbiýe bilen baglanyşykly çäreler geçirilende, giňden peýdalanylýar. Ýurdumyzda ýaş nesil barada edilýän alada, saglyk, bilim, ykdysadyýet, medeniýet babatda alnyp barylýan işler, halkara hyzmatdaşlyk baradaky söhbetdeşlikde dürli pudaklarda-da gazanylan üstünlikler barada degerli mysallar arkaly jikme-jik gürrüň edilýär.

***Gürrüň usuly.*** Gürrüň usuly arkaly mugallym okuwçylary biziň ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri, ylym we tehnika täzelikleri, sungat, edebiýat, sport täzelikleri, halkara  ýagdaýy bilen tanyşdyryp biler. Gürrüňiň temasynyň dürli ugurlardan bolmagy mümkin. Okuwçynyň özüni alyp barşyndaky ilkinji kemçilikleri hakynda onuň ýeke özi  bilen gürrüňdeş bolunsa gowy bolar. Eger ol ýene-de kemçilikler goýberse, özüňi alyp baryş düzgünlerini äsgermezlik edip, olary gödek bozsa, onuň etmişlerini synpyň ähli okuwçylary bilen bilelikde ara alyp maslahatlaşmak netijeli bolar. Bu ýerde okuwçynyň şahsy aýratynlygyndan hem ugur alynýar. Şu hili gürrüňlerde mugallym özüni rahat tutmalydyr, pedagogik salykatlylygy berjaý etmelidir,okuwçy öz pikiriňi açyk aýdar ýaly şert döredilmelidir, gödeklige ýol berilme-

li däldir. Okuwçylar bilen etiki gürrüň mugallym, synp ýolbaşçysy, mekdep müdiri we okuw bölüm müdiri tarapyndan geçirilip bilner.

Gürrüňi geçirýän adam okuwçynyň hereketi bilen synpda öň öwrenilen ahlak normalaryny deňeşdirip, onuň kemçiligini ýüze çykaryp görkezmeklige okuwçylary çekmelidir. Etiki gürrüň iki hili geçirilip bilner. Ol birinji hili geçirilende, ilki okuwçynyň etmişi aýdylýar we oňa ahlak normalarynyň nukdaýnazaryndan baha berilýär. Ikinji hili geçirilende, ilki ahlak normalary we ýörelgeleri soň synpyň-mekdebiň durmuşyndan, gündelik wakalardan, çeper eserlerden oňa degişli mysallar getirilýär.

Okuwçylar bilen etiki gürrüňler diňe otrisatel etmişler bolanda geçirilmän, eýsem ol ýa-da beýleki okuwçynyň eden gowy hereketleri (meselem, suwa gark bolany halas etmek, ýangyn öçürmäge gatnaşmak we ş.m.) hakynda hem geçirmek bolýar. Oňyn hereketler barada gürrüň geçirilende, okuwçynyň hereketine beýleki okuwçylaryň garaýşy, berýän bahalary ýüze çykarylýar. Bu hili gürrüň okuwçylary ahlak kadalary bilen tanyşdyrmak, asylly hereketler üçin ähmiýetlidir. Oňyn hereketler hakynda gürrüň edilende-de, ol hereketiň tersine, şoňa meňzeş hadysada nädogry hereket eden okuwçylardan mysal getirmek gürrüňiň has täsirli bolmagyny üpjün edýär. Mysal üçin, bir okuwçy suwa gark bolany halas etmäge howluganda, onuň ýoldaşynyň parhsyzlyk etmegi ýaly deliller deňeşdirilmelidir.

Etiki temadan geçirilýän gürrüň köp wagt almaly däl. Mugallymyň sözi gysga, täsirli bolmaly.

Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny nazara alyp, haýsy hem bolsa bellibir mesele barada gürrüň geçirmek. Ara alyp maslahatlaşmak hem ondan netije çykarmak işiň täsirli bolmagyny üpjün edýär. Bu ugurda amala aşyrylýan çäreler «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» dersiniň mazmuny bilen sepleşip gidýär. Başlangyç synplarda ahlak temasyna degişli «Neşe ýowuz bela», «Köpçülik ýerde özüňi alyp barmagyň düzgünleri», «Edep salamdan başlanýar», «Perzendiň borjy» (D. Azadynyň «Wagzy-Azat» kitaby boýunça) ýaly temalarda ýürekdeşlik bilen edilýän gürrüň täsirli hem gyzykly bolýar.

Okuwça mugallymyň öz işine çemeleşişi-de, okuwçylar bilen aragatnaşygy-da, sözleýşi-de, özüni alyp barşy-da, hatda geýnişidir ýöreýşi-de täsirini ýetirýär.

Terbiýelenýänleriň ahlak terbiýesini guramakda we olara özüňi alyp barmagy öwretmekde oňyn göreldäniň uly ähmiýeti bar. Aýratyn hem, başlangyç synp okuwçylarynyň terbiýesinde munuň orny uludyr. Oňyn görelde okuwçylaryň öz hereketlerine tankydy baha bermegi, gowy bilen erbedi tapawutlandyrmagy üçin nusga bolup hyzmat edýär.

Okuwçylar diňe bir daş-töweregindäki adamlardan görelde alman, eýsem, okan kitaplaryndaky, tomaşa eden kinofilmlerindäki, teatr sahnalaryndaky gahrymanlardan, deň-duşlaryndan hem görelde alýarlar. Şoňa görä olara okamak üçin kitap seçip almaga, topar bolup tomaşa etmek üçin filmleri, teatr sahnalaryny saýlamaga kömek etmegi ata-ene-de, mugallym-da ünsden düşürmeli däldir.

***Görüm-görelde usuly*** – ynsanyň aňyna, özüni alyp barşyna iňňän güýçli täsir edýär. Muny Magtymguly akyldarymyz hem:

Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil,
Özüňi sen özgelere göz etgil

– diýip belläpdir.

Görelde bolmaklyk üçin görelde alarlykly hereket etmek, gep-sözünde, edep-ekramynda, geýim-gejiminde, bir söz bilen aýdylanda, hemme babatda nusga bolmagy başarmak gerek. Bu hemmelerden öňürti mugallym üçin iň derwaýys sypatdyr. Göreldeli hereket, halal gazanç, ahlak päkligi, belent adamkärçilik, ynsaplylyk, wyždanly bolmak – bu zatlaryň hemmesi onuň mertebesini belende göterýär, sözüniň täsir edijililigini güýçlendirýär.

***Çekişmeler guramak usuly*** ýeterlik derejede taýýarlykly hem oýlanyşykly geçirilen mahalynda gowy netije berýär. Çekişmeler, ylmy häsiýetli jedeller guralanda, her bir okuwçynyň öz pikirini erkin beýan edip bilmegine, beýlekileri ynandyrmagyna, şol bir wagtyň özünde-de kesekiniň sözüni diňläp, onuň näderejede dürslügine baha berip bilmegine mümkinçilik döreýär. Munuň okuwçynyň özbaşdak pikirleniş işiniň, sözleýiş medeniýetiniň ösmeginde aýratyn ähmiýeti bar. Terbiýeçilik işiniň bu ugruna geçmişde-de aýratyn ähmiýet berlipdir. XI asyryň pedagogik mirasy bolan «Kowusnamada» usuly maslahatlaryň giden bir toplumy beýan edilýär. Olaryň köpüsi biziň günlerimizde-de öz gymmatyny ýitirenok: «Çekeleşikli bolsa, garşydaşyňa üns bergin, onuň diýýänlerini ýalana çykaryp, özüňkini subut

etmäge gaýratyň çatsa, jedele goşulgyn... Herki zatdan ozal maksada göz ýetirgin, soňra bolsa sypaýy-sypaýy gürlegin. Üzlem-saplam gürlemegin, gürrüňiňi uzaga çekip, patarraky hem okamagyn... Sowal berýärler diýip ýaýdanmagyn, dilewarlyk bilen gürlegin... Islän zadyňy aýtsaň aýtgyn welin, aljyrap çaşmagyn... Hemişe diňleýjileriňi synlagyn, olar ahwalat isleseler, ahwalat aýdyp, rowaýat isleseler, rowaýat aýdyp bergin!».

Magtymguly hem bu meselede örän seresaply bolmagy, sözlejek sözüňe mazaly akyl ýetirip gürlemegi, nobat berilmese sözlemezligi, az geplemegi maslahat beripdir. Şu mesele bilen baglanyşykly aýdylan gymmatly pikirler beýleki akyldarlarda-da az däl.

Häzirki wagtda okuwçylar bilen ýörite guralýan çekişmelerde oňa gatnaşýanlaryň akyl ýetirijilik başarnygynyň, özbaşdak pikirleniş işini ýokarlandyrmagyň, kimiň nämä ukyplydygyny anyklamagyň mümkinçilikleri kän. Olaryň çykyşlary barada söhbet edilende biriniňkini doly makullap, beýleki biriniňkini makullamazlyk maslahat berilmeýär. Gowusy, jedelli mesele babatynda kesgitli netijä gelmezlikdir. Çekişmeler, ylmy häsiýetli jedeller oňa gatnaşýanlary gyzyklandyryp biläýjek meseleler barada guralýar.

**Etiki temadan çekişme guramak.** Çekişme geçirilende, okuwçylar ahlak meseleleri boýunça özara çekişýärler we jedelleşýärler. Çekişme, esasan, ýokary synp okuwçylary bilen geçirilýär. Çekişme jedelleşilýän mesele boýunça okuwçylaryň her biriniň öz garaýşyny ýüze çykarmaga, olaryň ahlaklylyk meselelerinden çuň we gowşak özleşdiren pursatlaryny anyklamaga, ol ýa-da beýleki düşünjeleriniň dogrulygyna ynanjy kemala getirmäge mümkinçilik berýär. Okuwçylar çekişme netijesinde ahlak garaýyşlarynyň ulgamyny özleşdirýärler.

Çekişmäniň temasy okuwçylaryň durmuşa, wakalara, jemgyýete, adamlara, öz-özüne bolan garaýşy we gatnaşygy dogrusyndaky, takyk ýagdaýlarda özlerini alyp baryşlary hakyndaky meselelere degişli bolup biler. Mysal üçin, «Dostluk näme?», «Bagt diýip nämä düşünmeli?», «Ahlakly adam nähili bolmaly?».

Çekişmäniň temasy hemişe mugallym tarapyndan hödürlenilmeli däldir. Haýsy temadan çekişme geçirmegiň maksada laýyklygy hakynda okuwçylar bilen maslahatlaşylsa we köpçüligiň makullan temasy seçilip alynsa gowy bolar. Temanyň şu hili seçilip alynmagy

oňa ähli okuwçylaryň höwesjeňlik we işjeňlik bilen taýýarlanmaklary we gatnaşmaklary üçin ähmiýetlidir.

Çekişmä taýýarlanmak üçin, okuwçylara ýeterlik wagt berilmelidir. Onuň gidişinde hem mugallymlar okuwçylaryň çykyşlaryny ahyryna çenli diňlemelidirler, olar nädogry pikirleri aýdýarkalar, düzetmäge synanyşmak dogry bolmaz. Okuwçylaryň taýýar, öňünden ýat tutulan pikirler, garaýyşlar bilen çykyş etmegi talap edilmän, her biriniň öz hususy pikirini, garaýşyny we düşünjesini aýtmagy üçin şert döredilmelidir, olaryň özbaşdaklygy goldanylmalydyr we makullanylmalydyr.

***Ynandyrmak usuly*** dürli ýollar bilen amala aşyrylýar: düşündirmek, subut etmek, delillendirmek, köpçüligiň garaýşyny beýan etmek, gürrüňi edilýän wakalara, hadysalara meňzeş mysallary aýdyp bermek we ş.m.

***Öwüt-ündew, wagyz-nesihat usuly*** giňden ulanylýan usullar bolup, olar adamyň kalbyny arassalamak, akyl-paýhasyny dürs ugra gönükdirmek niýeti bilen ulanylýar.

## II. Şahsyýetde jemgyýetçilik tertibini kemala getirmegiň usullary

**Okuwçylarda jemgyýetçilik tertibini kemala getirmek düzgün-nyzamlylyk bilen berk baglanyşykly hadysadyr.** *Düzgün-nyzamlylyk diýmek adamyň bellenilen we ykrar edilen düzgünleri, kadalary we talaplary berjaý etmegini aňladýar.* Bu topara okuwçylardan kada laýyk özüni alyp barmagy talap etmek, gönükmeleri işledip türgenleşdirmek, ýumuş tabşyrmak, ynam bildirmek, oýun oýnatmak, ýaryş ýaly usullar degişlidir. Düzgün-nyzamlylygy terbiýelemek mekdebiň esasy wezipeleriniň biridir. Düzgün-nyzamlylygy terbiýelemek okuwçylara mekdepde we mekdepden daşary ýerlerde özlerini edepli alyp barmaga ýardam edýär. Terbiýäniň bu usullarynyň kömegi bilen okuwçylarda talaplary we mugallymlaryň görkezmelerini aňly-düşünjeli berjaý etmekligi, iş başarjaňlygy, inisiatiwalylygy, özbaşdaklygy we işjeňligi terbiýeläp hem-de olarda öz borjuňy duýmak we oňa wepaly bolmak ýaly duýgulary kemala getirip, ösdürip bolýar.

Okuwçylaryň aňly-düşünjeli düzgün-nyzamlylygy olaryň «Okuwçylar üçin düzgünnamadaky» bellenilen talaplary berjaý etmekleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Düzgün-nyzamlylygyň esasy tapawutly aýratynlygy adamyň düşünjesi bilen hereketiniň kybapdaş bolmagydyr. Düzgün-nyzamlylyk diňe düzgünleri, talaplary formal ýerine ýetirmek bolman, eýsem, adamyň içki ynanjyna esaslanmagydyr. Okuwçy öz şahsy bähbidini jemgyýetiň, köpçüligiň, bähbidi bilen utgaşdyranda, öz isleglerine, hereketlerine erk edip bilende, onuň düzgün-nyzamlylygy hakynda aýtmak bolar.

Çagada düzgün-nyzamlylygy terbiýelemek onuň mekdebe çenli ýaşly döwründen başlap, kem-kemden alnyp barylmalydyr. Şol döwürde çagalar bagynda, maşgalada gün tertibini berjaý etmek, ulularyň talaplaryny ýerine ýetirmek öwredilmelidir.

Okuwçylarda düzgün-nyzamlylygy terbiýelemekde *synp sagatlary, okuwçylar ýygnaklary, dürli temadaky çekişmeler* uly ähmiýete eýedir.

Düzgün-nyzamlylygy terbiýelemekde gün tertibini berjaý etmegiň möhüm orny bar. Gün tertibi çaganyň ýaş we şahsy aýratynlyklaryna laýyklykda düzülmelidir. Ony düzmekde ata-enelere mekdep ýardam etmelidir.

Aňly-düşünjeli düzgün-nyzamy terbiýelemegiň esasy usullarynyň biri **talapdyr.** ***Talap etmek usuly*** – talap etmek usulynyň maksady okuwçylarda özlerini edepli-ekramly, göreldeli alyp barmak islegini oýarmakdyr.

Mugallym terbiýeçilik işinde talabedijiligi ünsden düşürmeli däldir. Mugallymyň talabedijiliginiň gowşak bolmagy çagalaryň öňünde onuň abraýyny peseldýär.

Okuwçylardan edilýän talaplar olary oňyn (položitel) hereketlere, düzgün-nyzamlylyga höweslendirmelidir. Talaplar çaganyň, okuwçynyň ýerliksiz, gelşiksiz hereketlere bolan isleginiň öňüni almaga ýardam etmelidir. Şol talaplar okuwçynyň ýaş aýratynlygyna gabat gelmek bilen bir hatarda, toparyň ösüş tapgyrlaryna, döwürlerine laýyk gelmelidir.

Talap etmegiň täri-de takyk şertlere görä her hili bolýar. Okuwçynyň ýaş we gylyk-häsiýetine hem-de etmişiniň nähilidigine görä, mugallym onuň bilen belent sesde çürt-kesik görnüşde ýa-da asuda ses bilen maslahat beriji äheňde gürrüň edip biler. Käbir okuwçy üçin mugallymyň närazylyk bilen ýüzüne seretmegi hem ýeterlik bolýar. Emma mugallym haýsy okuwçy bilen gürrüň etse-de, haýsy okuwça nähili talap bilen ýüzlense-de, olara wagtyň dowamynda «moral» okap durmagyň özüni ödemeýändigini unutmaly däldir. Mugallym gysga, düşnükli görnüşde talap etmeli. Onuň nämäni talap edýänligi

okuwçylara düşnükli bolmaly. Mugallym öz sesinden, elleriniň hereketlerinden, mimikasyndan ýerlikli peýdalanmagy başarmalydyr.

Talap etmekde mugallym ilki bilen okuwçylara özüni düzgün-nyzamly, edepli alyp barmagyň oňyn nusgalaryny görkezmeli. Mekdep durmuşyndan, çagalar üçin ýazylan çeper eserlerden, maşgala durmuşyndan, gündelik wakalardan talabedijilige degişli nusgalyk mysallary almak mümkin.

Terbiýeçiniň **talap etmegi** isleg oýarmak hökmünde çykyş edip biler.

**A.S. Makarenko** çagalardan talap etmegiň giden ulgamyny işläp düzüpdir: *topardan, şahsyýetden, öz-özüňden talap etmek, mugallymyň, toparyň talaby.* Talap etmegiň görnüşi okuwçynyň özboluşly aýratynlyklaryna görä üýtgäp bilýär: birine diňe ýatlatmak ýeterlik, beýlekiden has takyk talap etmeli bolýar.

Alym pedagoglar mugallymyň okuwçydan edýän talabynyň birnäçe görnüşlerini öňe sürýärler: **göni talap etmek; gytak talap etmek** (***maslahat talaby, oýun talaby, ynamly talap, ynamsyz talap, haýyş etmek talaby, kakdyrmak talaby, makullamak talaby, ýazgarmak talaby, şertlilik talap).*** Talap etmek usulynyň netijeliligi okuwçynyň ýaş we şahsy aýratynlyklaryna, onuň düşen ýagdaýyna we mugallymyň öňde goýan maksadyna baglydyr.

Italiýaly pedagog, alym, filosof, gumanist Mariýa Montessori talap etmek barada şeýle pikiri öňe sürýär: ***«Terbiýeçiniň, mugallymyň wezipesi pedagogik talap etmekdir. Ol haýsydyr bir zady etmegi däl-de, haýsydyr bir zady etmezligi talap etmeli, ýagny çaganyň özbaşdak ösüşine, kämilleşişine düýbünden päsgel bermeli däl»***.

Terbiýeçilik işi geçirilende, peýdalanylýan usullaryň netijeli bolmagyna täsir edýän şertleriň biri işiň mazmunyna terbiýeçilik ähmiýetli ***oýunlaryň*** girizilmegidir. Okuwçylaryň ýaşy näçe kiçi bolsa, şonça-da oýnuň ähmiýeti uly bolýar. Oýnuň ähmiýetini ýokarlandyrmak üçin, ony guramaga, onuň dogry gidişine gözegçilik etmäge çagalaryň özlerini giň çekmek gerek. Terbiýeçilik işinde hereketli, oturan ýeriňde oýnalýan akyl ösdüriji, tehniki, zähmet bilen baglanyşykly, milli oýunlary peýdalanylýar. Oýunlar, köplenç, topar bolup oýnalýar. Oýunlar çagalarda zähmetsöýüjiligi, agzybirligi, dostluk duýgusyny, düzgünleri hormatlamaklygy, adalatlylygy, tutanýerliligi we beýleki asylly ahlak-erk sypatlaryny ösdürýär. ***Oýun usuly*** terbiýeçilik işine

gatnaşýanlary keşpler boýunça çykyş etdirmek bilen olaryň guramaçylyk ukybyny ösdürýär. Işjeňligini ýokary göterýär, olarda içki hyjuwy döredýär, özbaşdak oýlanmaga, erjellik bildirmäge goltgy berýär, aktýorçylyk hem režissýorçylyk başarnyklaryny emele getirýär.

***Ynam etmek usuly***. Çaga tebigaty özüniň ykrar edilmegini, şahsyýetine sarpa goýulmagyny, tabşyrylan ýumuş ýerine ýetirilende, özüne ynam edilmegini talap edýär. Şu kanunalaýyklyk ony işde synap görmäge, jemgyýetçilik ýumuşlaryny tabşyrmak bilen oňa täsir etmäge amatly şert döredýär. Beýleki adamlaryň, ýoldaşlarynyň, köpçüligiň, il-günüň bähbidini aramaklyga nähili garaýandyklaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Maslahata, öwüt-ündewe gulak asmaga endik etdirmegiň täri-okuwçydan erkliligi, pedagogdan uly ussatlygy, her bir sözüň aýdylyş äheňine üns bermegi, ata-babalaryň asylly däplerine daýanmagy talap edýär.

***Ýumuş tabşyrmak*** usulynyň okuwçylara özbaşdak hereket etmek endigini terbiýelemekde ähmiýeti uludyr. Mugallym okuwçylara okuw işinde we beýleki terbiýeçilik çärelerinde birnäçe ýumuşlary bermek bilen, jemgyýetçilik tertibini kemala getirýär. Mysal üçin, depder paýlamak, kitaplary kitaphana tabşyrmak, gülleri suwarmak we ş.m.

Aňly-düşünjeliligi, düzgün-nyzamlylygy terbiýelemekde okuwçylaryň özüni alyp baryşlaryna mugallymyň **gözegçilik** etmegi zerurdyr. Gözegçilik edilmese, okuwçylar özlerini alyp baryşlaryna jogapkärçiliksiz seredýärler, emma okuwçynyň her bir ädimine gözegçilik edip, duýduryş berip, ony irizmek garaşylan netijäni bermeýär. Beýle edilende, okuwçylar gözegçilik we mugallymyň duýduryşlary bilen öwrenişýärler. Çagalaryň ulaldygyça, olaryň özleriniň özlerine gözegçilik etmeklerini öwretmek we guramak gerek. Gözegçilik işine ata-eneleriň we okuwçylaryň işjeň toparyny hem çekmek bolýar.

***Öwretmek, türgenleşdirmek we görkezmek*** – bu jemgyýetçilik düzgünlerini, ölçegleri maksada okgunly we aňly-düşünjeli gaýtalamakdyr. Bu usulyň netijesinde okuwçylarda dogry hereket edip bilmek endiklerini we başarnyklaryny kemala getirýär we bu usuly mugallym dürli oýunlaryň üsti bilen amala aşyryp biler. Okuwçylaryň jemgyýetde özüni alyp barşynyň endiklerini kemala getirmekde, olaryň ahlakly hereketler boýunça tejribelerini baýlaşdyrmakda we

berkitmekde olara özüni alyp barmak boýunça ulgamlaýyn gönükmeler tabşyrmak uly ähmiýete eýedir. Ahlak bilimlerini iş ýüzünde ulanmagyň we berkitmegiň ýoly özüni alyp barmak boýunça gönükmeler işläp türgenleşmekdir hem özünde endigi kemala getirmekdir.

Gündelik durmuşda, jemgyýete peýdaly zähmetde, jemgyýetçilik işlerinde özüňi hemişe we hemme ýerde ahlak düzgünlerine, edilýän talaplara, bellenen düzgünlere laýyk alyp barmak netijesinde jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň endikleri özleşdirilýär.

Okuwçylara özüni alyp barmak endikleri kem-kemden öwredilýär. Olaryň edep kadalaryny berjaý etmeklerini guramakda mugallymyň orny uludyr. Ol mekdebe gelen ilkinji gününden başlap, çagany okuwçylar üçin düzgünler bilen tanyşdyrmaga we olary berjaý etmekligi öwretmäge girişýär. Okuwçylar dürli dersleri öwrenmek, mugallymyň düşündirişini diňlemek, dürli çärelere (gezelenç, jemgyýete peýdaly zähmet, oýun, sport) gatnaşmak bilen kem-kemden özüňi jemgyýetde alyp barmagyň tejribesini toplaýarlar we berkidýärler.

## III. Höweslendirmek (stimulirlemek-isleg oýarmak) usullary

Turuwbaşdan haýsydyr bir işi, tabşyrylan ýumşy bitirmekde gazanan üstünlikleri, bitiren hyzmatlary, janypkeşlik bilen çeken zähmeti üçin höweslendirilmek isleginiň tas her bir adamda barlygyny bellemek bolar. Şeýle isleg okuwçyda aýratynam güýçli. Aýratyn zehini, erjelligi, okuwda gazanan üstünlikleri, toparyň bähbidi üçin bitiren işleri, özlerini edepli-ekramly, göreldeli alyp barandyklary üçin okuwçynyň, talybyň dürli ýollar bilen höweslendirilip durulýanlygy şonuň üçindir. Belli türkmen alym-pedagogy Gurban Pirliýewiň kesgitlemegine görä, **höweslendirmek** diýmek okuwçynyň ýa-da okuwçylar toparynyň özüni göreldeli alyp barşyna, bitiren asylly işine, gazanan gowy netijesine oňyn (položitel) baha bermek diýmekdir. Okuwçynyň asylly hereketine dogruçyllyk bilen baha berlende, onda kanagatlanmak duýgusy döreýär, ýene-de görelde görkezmek babatynda içki hyjuw emele gelýär.

Höweslendirmek okuwçynyň ahlak güýjüne, ukyplaryna we mümkinçiliklerine toparyň berýän oňyn bahasy bolmak bilen, onuň ulanylmagynyň esasy maksady höweslendirilýäni we synpyň beýleki okuwçylaryny täze, oňyn hereketlere, asylly işlere ruhlandyrmakdan ybaratdyr.

Höweslendirmek usuly ulanylanda, gaty seresaply bolmalydyr.

Kimiň ýa-da kimleriň näme üçin, nähili netije üçin höweslendirilýändigi ähli okuwça habar berilmelidir. Iň gowusy, kimiň oňat netije görkezendigi okuwçylaryň özleri tarapyndan aýdylsa we onuň höweslendirilmäge mynasypdygy barada umumy bir pikire gelinse, närazylyk döremezligi we beýlekileri hem oňyn hereketlere, işde tapawutlanmaklyga gönükdirmek üçin ähmiýetli bolar.

Höweslendirmek türkmenleriň irki wagtlardan bäri peýdalanyp gelýän usuly. «Oguznamada» akyl-paýhasy, gaýduwsyzlygy bilen iş bitirenler, gahrymançylyk görkezenler dürli närseler bilen höweslendirilipdir. Geçmişiň edebi mirasynyň beýleki görnüşlerine ser salanymyzda-da, höweslendirmek, peşgeş bermek, sylag-serpaý etmek ýaly tärleriň giňden ulanylandygyny görýäris.

Okuwçyny gazanan üstünlikleri üçin höweslendirmegiň özboluşly, örän seresaply peýdalanylmagyny talap edýän tärleri bar. Şol täsir ediş tärleri höweslendirilýäniň ýaşy, psihologiýasy, fiziologiýasy, okuw işindäki, edep-terbiýesindäki aýratynlyklary, oňa toparyň garaýşy, mahlasy, onuň içki hem daşky dünýäsi bilen berk baglanyşyklydyr. Her kes höweslendirilende, şol aýratynlyklar nazara alynmaly bolýar. Mysal üçin, öňden hiç bir işjeňlik görkezmän gelýän okuwçynyň öňkülerinden görnetin parhly, emma entek düýpli özgeriş bolmadyk ymtylyşyny höweslendirip goýbermegiň soňundan netijeli bolup galýanlygy okuw-terbiýeçilik işiniň tejribesinde bellidir. Munuň tersine, okuwda, guramaçylyk çärelerinde gazanýan üýtgewsiz, ösüş bolmadyk üstünlikleri üçin höweslendirmegiň zerurlygy hem ýokdur.

Höweslendirmegiň okuw-terbiýeçilik işiniň tejribesine ornaşyp giden görnüşleri az däl.

***Öwmek,*** kämahallar okuwçynyň, öňkülere garanda, ýüze çykyp başlan öňe gidişligi, erjelligi köpçüligiň öňünde öwgüli sözler bilen äşgär edilýär: «Tüweleme, yhlas edip bilipdir», «Indi ol tijenip ugrady, öňküsinden has tapawutlanýar» we ş.m. Emma pedagogika şol bir okuwçyny aşa öwmegi-de, ony hemişe beýlekilere göz edip, deňsiz-taýsyz edip görkezmegi-de maslahat bermeýär. Umuman, bitirilen işe, gazanylan üstünlige her bir adamyň borjy hökmünde baha bermek makul bilinýär. Ahlakly, ynsaply, edepli, başarjaň bolmak, gowy okap ylym-bilim öwrenmek, hakyky watançy hem hünärmen bolup

ýetişmek – bularyň hemmesini ýaş nesliň mukaddes borjy diýip endik etdirmek gerek.

***Hoşniýetli bolmak*** okuwça täsir etmegiň möhüm usuly diýip aýtmak bolar. Mähirli bakyş, güler ýüz, mylaýym söz, ýürekdeşlik – bular pedagogyň beýleki ahlak sypatlary bilen goşulyşyp, täsir etmegiň güýçli usulyna öwrülýär.

***Makullamak ýa-da oňlamak*** – munda okuwçynyň berlen ýumşy dürs hem takyk ýerine ýetirendigini gören pedagog «Dogry, gowy, boljak» diýen ýaly sözler bilen onuň işini makullap goýberýär. Okuwçynyň bitiren işini, oňyn özüni alyp barşyny ýylgyryp, kelläňi atyp ýa-da eliňi hereketlendirip hem makullamak bolar. Bu hili makullamak okuwçylara özleriniň dogry ýa-da nädogry hereket edýändiklerini barlamaga mümkinçilik berýär we göwnüni göterýär. Ýöne bir «Berekella!» diýmek arkaly hem makullamak mümkin. Okuwçynyň suratyny hormat tagtasyna, diwar gazete ýerleşdirmek, mekdep radioulgamynda berilýän gepleşikde adyny tutmak hem makullamagyň bir görnüşidir.

***Tarapyny tutmak***. Kämahallar okuwçynyň ata-enesiniň, hossarlarynyň adyny getirmegiň, kimlerdendigini aýtmagyň peýda berýän pursatlary bolýar: «Pylanynyň ogly beýle iş etmez», «Pylanynyň gyzy bolsa bu işi başaraýmalydyr».

***Minnetdarlyk bildirmek*** ýa-da sag bolsun aýtmak. Bitirilen iş üçin minnetdarlyk bildirmek ýa-da asylly iş eden okuwçynyň ata-enesine, dogan-garyndaşlaryna hoşallyk bildirip, sag bolsun aýtmak onuň aňyna oňyn täsir etmegiň usuly bolup hyzmat edýär. Kämahallar okuwçynyň asylly hereketinden kanagatlanýandygyňy bildirmegem ony höweslendirmegiň bir görnüşi bolup biler.

***Sylaglamak.*** Bäsleşiklerde we beýleki ýaryşlarda üstün çykanlygy, tapawutlananlygy, aýratyn hyzmatlary, görkezen edermenlikleri üçin okuwçylara ýörite taýýarlanylan sowgatlar, pul hem gymmat bahaly sylaglar gowşurmak däbe öwrüldi. Okuwçylara döwlet, degişli ministrlikler, edaralar tarapyndan ýokary derejeli sylaglaryň gowşurylýan mahallary hem bolýar. Ähli dersler boýunça has tapawutlanýan, köpçülik işlerine işjeň gatnaşýan okuwçylar, mälim bolşy ýaly, okuw ýylynyň ahyrynda taryp haty bilen sylaglanýarlar. Okuwçyny kitap bilen, dynç alyş merkezlere ýollanma bilen, özüniň ulaldylan suraty bilen sylaglamak bolar.

***Ýaryş usuly*** höweslendirmek usulynyň bir görnüşi bolup, ýaryşdyrmak arkaly okuwçylarda öňegidişligi, tertip-düzgüni, erkliligi, gowy gylyk-häsiýeti terbiýeleýär. Ýaryş dürli görnüşli işde ulanylýar. Okuw işinde ýaryş usulyny peýdalanmak maslahat berilmeýär, sebäbi muňa okuwçynyň, yhlasyndan, höwesinden, meýlinden başga ukyplary hem zerurdyr. Okuwçylaryň arasynda «Tertipli okuwçy», «Owadan hat», «Goşmaça edebiýaty iň köp okamak», «Arassa depder», «Göreldeli gündelik»ýaly ýaryşlary guramagyň ahmiýeti uludyr.

***Maksat (perspektiwa) goýmak usuly*** okuwçynyň, toparyň öňünde maksat (perspektiwa) goýmak arkaly işjeňligini oýarýar, ähli güýçlerini öňde goýlan maksada gönükdirýär we şatlykly garaşmak keýpini döredýär. A.S. Makarenko bu usuly öz pedagogik tejribesinde giňden peýdalanyp, «ertirki şatlyk» diýip atlandyrypdyr. Bu usul diňe okuwçyny däl, eýsem topary terbiýelemekde hem ähmiýetlidir. Maksat (perspektiwa) goýmak usuly okuwçylarda borçlulyk duýgusyny terbiýeleýär.

***Temmi bermek usuly*** okuwçynyň nädogry hereketlerini, eden etmişlerini düzetmek, ony dogry ýola gönükdirip işjeň hala getirmek maksady bilen ulanylýar. Temmi bermek okuwçylaryň erbet gylyk-häsiýetleriniň ýok edilmegine gönükdirilen ýazgarmak çäresidir. Häzirki wagtda beýleki usullaryň ulanylmagy netijesiz bolan halatynda, erbet etmişleri üçin, okuwça temmi bermek hem terbiýeçilik işinde ulanylýar.

Temmi alýan okuwçynyň özüne we beýleki okuwçylara näme üçin, nähili etmiş üçin temmi berilýändigine aýdyň göz ýetirmekligi, şu hili etmişleriň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin ähmiýetlidir. Temmi berlende hem seresaplylyk edilmese, onuň zerur netijäni bermezligi mümkin. Şol bir okuwça her gezek birmeňzeş temminiň berilmegi, bir okuwça gaýta-gaýta temmi berilmegi gowy netije berip bilmez. Temmi usulynyň bu hili ulanylmagy onuň täsirini peseldýär we okuwçyda parhsyzlygyň döremegine getirýär. Şoňa görä temmi bermezden öň, okuwçynyň etmişi jikme-jik seljerilmelidir. Ony ara alyp maslahatlaşmaga okuwçylaryň özlerini çekmek temminiň täsirliligini üpjün eder we okuwçynyň öz günäsine düşünmegine mümkinçilik berer.

Temmi berende, mugallym gödek sözler aýtmaly däldir, okuwçynyň şahsyýetini kemsitmek bolmaz. Temmi netijesinde düzelen

okuwça soň-soňlar hem onuň birwagt temmi alandygyny ýatladyp durmak zyýanlydyr.

Türkmeniň «Ten ýarasy biter, dil ýarasy bitmez» diýen gadymdan gelýän pähimi bar. Magtymguly ýaly beýik akyldar hem «Asla adamzada ajy söz urma» diýip zynharlapdyr. Munuň özi adamyň sarpasynyň hemme zatdan belent tutulmagydyr, onuň köňül köşgüni ýykmaly däl diýildigidir. Şeýle ynsanperwerlik pedagogika ylmynyň hamyrmaýasydyr. Şoňa görä temmi bermegiň usullaryndan örän seresaply peýdalanmagy başarmak gerek. Onuň hersiniň kim babatynda, haýsy ýagdaýlarda, näme maksat bilen ulanylýandygyna göz ýetirmeli. Başarsaň, temmi bermeklige ýüz urmaly däl, sebäbi onuň şahsyýetiň sustuny basyp, ösüşini bökdeýän wagtlary az bolmaýar. Ulanmaly bolaýanyňda-da, şol usulyň okuwçynyň sowadynyň, edep-terbiýesiniň gowulaşmagyna täsir etmegi barada öňünden pugta oýlanmaly.

Mekdep tejribesinden belli bolşuna görä, *temmi bermegiň usullary* tertip-düzgüniň, edep-ekram kadalarynyň birnäçe ýola bozulan halatynda, tabşyrylan ýumşuň sebäpsiz ýerine ýetirilmedik mahalynda herekete girizilýär. Elbetde, temmi bermegiň usullaryny gowy netije berer ýaly diýip ulanmaklygyňam pedagogik ussatlygy talap edýändigini unutmak bolmaz. Okuw-terbiýeçilik işiniň gidişinde temmi bermegiň: tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirmedik okuwça ony okuwdan soň ***goşmaça okuwlarda gaýtadan işletmek; wagtlaýynça ynam bildirmezlik; nädogry hereketi, etmişi, günäsi üçin ýazgarmak; tabşyryk berip iş ýüzünde synap görmek; köpçüligi arka edinip, kakdyryp geplemek; toparyň adyndan talap etmek, käýemek*** ýaly usullar peýdalanylýar, ýöne ýaş nesle azgyrylmak, haýbat atmak, gorkuzmak, sögmek, mertebesini kemsidýän paýyş sözler aýtmak, has beteri-de el galdyrmak pedagogikanyň hiç mahalam oňlan hem oňlajak usuly däldir.

Gürrüňi edilýän usullaryň hiç biri hem uniwersal häsiýete eýe däldir. Bu usullar aýry-aýrylykda ulanylanda, zerur netijäni gazanmak mümkin däl. Şoňa görä olar mekdepleriň iş tejribesinde berk baglanyşyklylykda, tutuş bir ulgam hökmünde ulanylýar.

Ol ýa-da beýleki ýagdaýda haýsy usuly ulanmalydygy okuwçylaryň ýaş aýratynlygyndan we durmuş tejribesinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Meselem, höweslendirmek çäreleri kiçi mekdep ýaşyn-

daky okuwçylar babatynda köp ulanylýan bolsa, okaýyşlar ýokary synp okuwçylary bilen geçirilende, gowy netije berýär.

## IV. Öz-özüňi terbiýelemegiň usullary

Şahsyýetiň öz-özüni terbiýelemegi aslynda terbiýeçilik işleriniň jemgyýetiň we köpçüligiň täsiri netijesinde kemala gelýär, terbiýe işi öz-özüni terbiýelemek bilen utgaşdyrylýar ýa-da onuň dowamy hasaplanylýar.

Çagada öz-özüni terbiýelemek isleginiň emele gelmegi terbiýeçilik işiniň netijeliligini aňladýar. Öz-özüňi terbiýelemek çaganyň öz edýän işlerini meýilnamalaşdyryp bilmeginden başlanýar. Çaganyň öz geljegi barada pikirlenip başlamagy-da oňa öz-özüni terbiýelemeklige itergi berýär.

Öz-özüňi terbiýelemek mekdebiň we maşgalanyň terbiýeçilik täsirleriniň netijesinde kemala gelýär. Şahsyýetiň kämilleşmeginde öz-özüňi terbiýelemek möhüm orun tutýar. Öz-özüni terbiýelemek üçin çaga özüniň kemçiliklerini duýýar, olara akyl ýetirýär, kemçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen özüni alyp barşyndaky, häsiýetindäki ýetmezçilikleri düzetmäge çalyşýar.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda öz-özüňi terbiýelemek isleginiň ilkinji şineleriniň ýüze çykyp ugraýanlygyna bu ugurda geçirilen ylmy-barlaglar şaýatlyk edýär. Çaga özüniň başaryp bilmedik zadyny başarjak bolup, goýberen hatasyny düzetjek bolup, edepli boljak bolup dyrjaşýan pursatlarynda, «Munym bolanok, ýene bir gezek düzetjek bolaýyn» diýen içki pikir, ýüregi bilen ymtylyş ýüze çykýan mahallarynda, arassaja hem gelşiklije geýinmegi halaýan, gowy görünmäge çalyşýan, özüne üns berýän mahallarynda öz-özüne täsir etmegiň alamatlary ýüze çykyp başlaýar.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynda öz-özüňi terbiýelemegiň emele gelmegi, onda erkiň, düzgün-nyzamlylygyň ösmegi bilen baglanyşykly bolýar. Mekdep durmuşy çaganyň özüniň içki dünýäsi bilen gyzyklanmagyna täsir edýär, bu ýerde özi üçin nusga bolup hyzmat etjek adamlar, ýagdaýlar peýda bolýar, şol görlen-eşidilen zatlar bolsa okuwçynyň özüni alyp barşyna täsir edýär, öz-özi barada pikirlenip başlamagyna getirýär.

Öz-özüni terbiýelemegiň netijesinde çaga öz öňünde dürli wezipeleri goýup başlaýar, şol goýlan wezipeleriň çözgüdini tapmak hakda içki isleg döräp başlaýar. Kem-kemden goýlan wezipeleriň hökman berjaý edilmelidigine, öz-özüňe hasabat berip durmalydygyna, nämäniň gowy, nämäniň ýaramazdygyna, özüne gözegçilik edip durmagyň ähmiýetlidigine düşünip ugraýar.

Okuwçynyň öz-özüni terbiýelemekligine daşky hem-de içki wakalar täsir edýär. Jemgyýetiň ideologik we ahlak talaplaryny, köpçüligiň ýa-da aýratyn bir şahsyýetiň talaplaryny **daşky täsirler (faktorlar)** hökmünde mysal edip görkezmek bolar. Adamyň içki höwesleri, maddy we ruhy islegleri **içki täsirleriň (faktorlaryň)** anyk mysalydyr. Ýaryşlar, synpyň abraýy ugrunda hereket etmek, tankytlamak we öz-özüňi tankytlamak, nusga alarlyk adamlaryň göreldesine eýermek öz-özüňi terbiýelemek işiniň ösüşine oňaýly täsirini ýetirýär. Alymlar öz-özüňi terbiýelemegiň usullaryny birnäçe toparlara bölýärler.

***1. Şahsy borçnama*** – bu okuwçynyň kesgitli wagtynyň dowamynda dürli ýumuşlary, işleri öz islegi boýunça ýerine ýetirmegi, borç edinmegidir. Mysal üçin, çaganyň hojalyk işleri ýerine ýetirmekde ene-atasyna goltgy bolmagy, jigisine ideg etmäge kömekleşmegi. Şu borçlar çaganyň gün tertibinde öz beýanyny tapsa, terbiýeçilik nukdaýnazardan talabalaýyk hasaplanylýar. Çaganyň ýaşynyň ösdügiçe onuň borçlary-da özgerýär, çylşyrymlaşýar.

***2. Öz-özüňe hasabat bermek*** – bu şahsyýetiň öz eden işleri, hereketleri barada öz-özüne hasabat bermegidir. Öz-özüňe hasabat bermegiň jemgyýetçilik işlerinde, maşgalada möhüm orny bar. Bu usul şahsyýetiň her bir işde bolan jogapkärçiligini ýokarlandyrýar, öz eden işlerine, hereketine jogap berip bilmegine täsir edýär.

**3.** ***Öz hereketiňi seljermek*** – bu şahsyýetiň öz häsiýetiniň, dürli sypatlarynyň we hereketleriniň jemgyýetde, köpçülikde, dostlarynyň arasynda tutýan orny barada pikirlenmegidir. (Men nähili adam? Men nähili ýoldaş? Men nämäni başarýaryn?).

***4. Öz-özüňe gözegçilik etmek*** – bu şahsyýetiň öz ýetmezçiliklerine garşy göreşmek maksady bilen täze häsiýetleri we gowy sypatlary ýüze çykarmaga gönükdirilen usulydyr.

***5. Öz-özüňi bahalandyrmak*** – bu şahsyýetiň özüni alyp barşyny, öz hereketlerini dogry bahalandyryp bilmegidir. Bu usul şahsyýetiň öz kemçiliklerine, ýetmezçiliklerine dogry baha bermäge mümkinçilik döredýär.

**Kiçi ýaşly mekdep okuwçysynyň öz-özüni terbiýeläp bilmegine täsir edýän hadysalar:**

- özünden uly doganlary;
- ata-enesi;
- mugallymlar;
- mekdepde we maşgalada etmeli işlere degişli takyk düzülen gün tertibiniň bolmagy;
- maşgala agzalarynyň arasynda paýlanan borçlar;
- nusga alarlyk pedagogik proses.

Öz-özüňi terbiýelemekde okuwçylaryň öňünde dürli maksatlary (perspektiwalary) goýmagyň hem oňyn täsiriniň bardygyny alym-pedagoglar belleýärler.

**IV.** ***Täsir ediş tärleriniň ulanylyşynyň käbir pursatlary***.

Edep-terbiýäniň usullary okatmagyň usullaryna garanda, has çylşyrymly diýip aýtmak bolar. Sebäbi terbiýeçilik işinde biri beýlekisine meňzeş bolmadyk hadysalar şeýle bir kän, hatda olaryň köpüsine degişli usullary şolbada tapmagam ýeňil düşmeýär. Şoňa görä öňünden «Ine, şeýle ýagdaýda şu usuldan peýdalanyp bolar» diýip maslahat bermegem çetin. Birdenkä haýsydyr bir pedagogik hadysa ýüze çykýan mahalynda, pedagog ony şol mahalyň özünde paýhas eleginden geçirip, şoňa laýyk täsir eder ýaly tär tapmaly bolýar.

Dogrusyny aýdanyňda, tälim-terbiýäniň peýda berip biljek tärlerini degişli ýerinde ulanmagy başarmagyň özi diplomatiýa işi ýaly bir inçe sungatdyr, özem uly ussatlygy talap edýän sungatdyr, şeýle sungata eýe bolan pedagog örän bagtlydyr hem abraýlydyr.

Ine, şular ýaly pedagogik hadysany göz öňüne getirip görüň.

Sapak gidip durka, Durdy atly okuwçy düýrlenip togalak edilen kagyz bölejigini öňdäki partalaryň birinde oturan gyza tarap rezin ýaýjagazdan atyp goýberýär welin, ol gyza degmän, synp tagtasynda haýsydyr bir ýumşy işläp görkezmek bilen gümra bolup duran mugallymyň ýeňsesinden patlap degýär. Mugallym şolbada yzyna öwrülýär-de: «Muny kim etdi?!» diýip synpa ýüzlenýär. 9-njy synpyň okuwçysy, zehinli hem dogruçyl Durdy tarsa ýerinden turýar-da:«Ýoldaş mugallym, bagyşlaň! Muny men etdim, ýöne ony size çenäb-ä atmandym» diýip, jogap berýär.

Ine, şeýle ýagdaýda mugallym nähili hereket eder? Şu ýerde täsir etmegiň haýsy usulyndan peýdalansaň, has netijeli bolar? Asla sapak

3. Sargyt № 1361

wagtynda mugallymyň synp tagtasynda haýsydyr bir ýumşy ýazyp görkezmek üçin ep-esli eglenip durmagy gerekmikä beri?!

Mekdep durmuşyna häsiýetli bolan pedagogik hadysalar sanardan kän. Şeýle bolansoň, öň hem belläp geçişimiz ýaly, pedagog, ozaly bilen, her bir terbiýeçilik işiniň maksady, wezipelerini töwerekleýin göz öňüne getirmeli, ikinjiden, okuwçylaryň ýaş, psihologik, şahsy aýratynlyklaryny nazara almaly, üçünjiden, täsir ediş tärleriniň hersini näwagt, kim babatda, nähilräk edip peýdalanmagyň ýollaryny bilmeli. Has takygy, guramaçy – pedagog bu babatda dörediji, ugurtapyjy bolmaly. Ol haýsydyr bir terbiýeçilik çärelerini meýilnamalaşdyran mahalynda, ony taýýarlamaga, geçirmäge gatnaşjak okuwçylary jemläp, olar bilen geňeşse, maslahatlaşsa, gowy netije berýändigini öň hem belläpdik. Eger pedagog okuwçylaryň güýjünden peýdalanmaklygy ýola goýup, olaryň öz-özlerini dolandyrmak işini ugrukdyryp bilse, onda täsir ediş tärleriniň has netijeli hem güýçli bolýandygyny-da onuň üstüne goşmak bolar.

## II BAP

# SYNPDAN WE MEKDEPDEN DAŞARY IŞLER

### Synpdan daşary işler, olaryň okuw-terbiýeçilik işinde tutýan orny

Hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini diňe bir sapaklaryň dowamynda, bilimiň mazmunynyň özleşdirilýän mahalynda berjaý etmek mümkin däl. Bu möhüm wezipä amal etmekde synpdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreler aýratyn hyzmaty bitirýär. Okuwda öwrenilen ylym-bilim, tejribe başarnygy üstüniň ýeterlik hem berkidilip durulmagyny talap edýär. Başgaça aýdanymyzda, okuw işi bilen terbiýeçilik işiniň sepleşip gitmegi, bir-biriniň üstüni ýetirip durmagy kanuny zerurlykdyr. Şeýle bolansoň, mugallymyň, guramaçy-pedagogyň, synp ýolbaşçysynyň okuwçylar bilen geçirilýän terbiýeçilik işleriniň guramaçylyk-usuly tärlerinden habarly bolmagy, işi ugrukdyryp hem oňa ýolbaşçylyk edip bilmegi hökmandyr.

***Mekdep tarapyndan okuwçylar bilen sapakdan daşary guralýan hem geçirilýän her hili bilim beriji we okuwçylary terbiýelemäge hyzmat edýän işlere* synpdan daşary işler *diýilýär.*** Bu işler mekdebiň esasy okuw meýilnamasyndan daşary geçirilip, okuw maksatnamasy boýunça hökmany suratda öwrenilmeli materiallary öz içine almaýarlar, emma beýle diýildigi sapakda öwrenilýän materiallar bilen synpdan daşary çäreleriň arasynda hiç hili baglanyşyk ýokdugyny aňlatmaýar. Okuwçylara sapakda bilimleriň esasy berilýän bolsa, synpdan daşary işler arkaly ol bilimleriň üsti doldurylýar. Okuwçylaryň bilesigelijiligi, döredijilik ukyplary ösdürilýär. Synpdan daşary işler bir synpyň okuwçylary bilen hem, birnäçe synpyň okuwçylary bilen hem, umumy mekdep möçberinde hem guralýar. Terbiýeçilik çäreleri nähili ýagdaýda, haýsy möçberde guralýanlygyna garamazdan, olar ýalňyz bir maksada – kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek maksadyna tabyn edilendir.

***Mekdepden daşary çagalar edaralarynda, ýagny çagalar birleşmeleriniň çagalar kitaphanalarynda, sport mekdeplerinde we beýleki çagalar edaralarynda okuwçylar bilen geçirilýän medeni-köpçülik, ideýa-syýasy we beýleki köptaraply terbiýeçilik işlerine* mekdepden daşary işler *diýilýär.***

Mekdepden daşary işler hem okuwçylaryň isleglerine we höweslerine laýyklykda guralmak bilen, olaryň ukyplaryny, tejribe endiklerini ösdürmeklige, ýaş nesli beden taýdan terbiýelemeklige, oglan-gyzlaryň ahlak garaýyşlaryny we ynamlaryny döretmäge hyzmat edýär.

Synpdan we mekdepden daşary işler, bulardan başga-da, okuwçylaryň okuwdan boş wagtlaryny biderek geçirmezlikleri, ähmiýetli işe sarp etmekleri, kämilleşmek üçin peýdalanmaklary nukdaýnazaryndan hem uly ähmiýete eýedir. Onsoňam, käbir okuwçylar özlerinde nähili ukyplaryň bardygyny oňly seljermeýärler, seljeräýenlerinde hem olary nädip jemgyýete ähmiýetli ugra gönükdirmelidigini bilmeýärler. Mugallym bu ýagdaýy unutmaly däldir. Ol okuwçynyň ukyplaryny ýüze çykaryp, olaryň dogry ösdürilmegi, kämilleşmegi üçin zerur çäreleri görmelidir. Okuwçynyň ýalňyşan halatynda, oňa sypaýyçylyk bilen maslahat bermelidir.

Maksada gönükdirilip taýýarlanylýan hem geçirilýän täsirli terbiýeçilik çäreleriniň **wezipeleri:**

– birinjiden, sapaklarda özleşdirilen ylym-bilimiň üstüni ýetirýär;

– ikinjiden, nazaryýetde öwrenilen ylym-bilimiň tejribede zerurlygyna akyl ýetirip bilmegi üçin amatly şert döredýär;

– üçünjiden, şol çäreleri taýýarlamaga, geçirmäge gatnaşanlaryň, hatda ony görenleriň-de işjeňligi, guramaçylyk başarnyklary ýokarlanýar, has takygy, synpdan daşary işler kimiň nämä ukyplydygyny äşgär etmekde bahasyna ýetip bolmajak hyzmaty bitirýär.

Synpdan daşary terbiýeçilik çäreleriniň maksadynyň, wezipeleriniň, tälim-terbiýäniň umumy maksadyndan, wezipelerinden hem-de esaslaryndan ugur alýandygy sebäpli hem-de bu hakda öňde ýatlanylandygy üçin, olary şu ýerde gaýtalamazlygy makul bildik.

**Synpdan we mekdepden daşary işleriň aýratynlygy**

Synpdan we mekdepden daşary işler özleriniň birnäçe aýratynlyklary bilen okuw işinden tapawutlanýarlar. Olar şulardan ybaratdyr:

1. Synpdan we mekdepden daşary işler **meýletinlik düzgüni** boýunça guralýar. Netijede, bu çärelere okuwçylar işjeň gatnaşmaýarlar, işjeňlik hereketlerini görkezmeýärler, nutuklar bilen çykyş etmeýärler, tejribe işlerini höwessiz ýerine ýetirýärler. Öz islegi bilen synpdan we mekdepden daşary çärelere gatnaşýan okuwçylar ähli işleri höwesli ýerine ýetirýärler. Olar bu çärelere gatnaşmak bilen ruhy kanagatlanma alýarlar, öz ukyplaryny we başarnyklaryny ösdürmäge mümkinçilik tapýarlar.

2. Synpdan we mekdepden daşary işleriň **okuwçylaryň işjeňligini** ýüze çykarmaga we ösdürmäge giň mümkinçilik berýänligi hem olaryň bir aýratynlygydyr.

3. Sapakda her bir okuwçynyň şahsy ukyplaryny we zehinlerini ýüze çykarmak hem-de ösüşini üpjün etmek mümkin bolmaýar. Muňa, bir tarapdan, synpda okuwçylaryň sanynyň köplügi mümkinçilik bermeýär. Synpdan we mekdepden daşary işleriň soňky aýratynlygy olarda **jemgyýetçilik barlagyň we gözden geçirişiň** giň ulanylmagydyr. Bular uly höweslendirijilik ähmiýetine eýe bolup, okuwçylaryň işjeňligini hem-de pikir-düşünjesini ösdürmeklige oňaýly hyzmat edýärler.

## Synpdan we mekdepden daşary işleriň guralyşynyň düzgünleri

**I. Terbiýeçilik işleriniň durmuş bilen baglanyşygy.**

Olaryň durmuş bilen baglanyşygy dürli ýollar arkaly gazanylýar.

**II. Synpdan we mekdepden daşary işleriň gyzyklylygy we özüne çekijiligi.** Terbiýeçilik işleriniň gyzykly we özüne çekiji bolma-

gy üçin, ilki bilen olara ýolbaşçylyk edýän adamlaryň (gurnak ýa-da synpyň ýolbaşçysy, mugallym, jemgyýetçiligiň wekili) özleriniň guramaçylyk, oýlap tapyjylyk ukyby, hyýaly – fantaziýa baýlygy, çagalaryň psihologiýasyny gowy bilmegi uly ähmiýete eýedir.

**III. Synpdan we mekdepden daşary işleriň olara gatnaşýan okuwçylaryň ýaş we ýekebara (indiwidual) aýratynlygyna laýyklygy.** Dürli ýaşdaky we islegleri, ukyplary boýunça tapawutlanýan okuwçylaryň hemmesi üçin birmeňzeş terbiýeçilik işiniň guralmagynyň özüni ödemejekdigi düşnüklidir.

**VI. Synpdan we mekdepden daşary işleriň meýilnamalylygy we ülňüliligi.** Mekdepde döredilýän gurnaklar özleriniň ilkinji ýygnanyşyklarynda ekabyr saýlaýarlar. Işjeň okuwçylardan gurnagyň agzalary saýlanylýar. Gurnagyň işiniň meýilnamasy okuwçylar bilen maslahatlaşylyp, oýlanyşylyp düzülýär, ýöne aýry-aýry okuw dersleri bilen baglanyşykly geçirilýän synpdan daşary işleriňem, umumy mekdep möçberinde guralýan terbiýeçilik çäreleriniňem Garaşsyz Diýarymyzyň häzirki tutumy, öňde goýan maksadynyň türkmen ruhy bilen ýugrulmagy, şol bir wagtyň özünde-de dünýä siwilizasiýasy bilen berk baglanyşykly edilip durmuşa geçirilmegi esasy ýörelge bolmagynda galýar.

Şu ýerde synpdan daşary işleriň tas hemme görnüşlerine **häsiýetli bolan alamatlaryň** bardygyny hem aýtmak gerek. Olar her bir terbiýeçilik işiniň:

1) täsirli mazmunynyň, anyk maksadynyň bolmagy;

2) türkmen ruhy bilen ýugrulmagy, dünýä siwilizasiýasy bilen eýlenmegi;

3) Garaşsyzlyga, ata Watana çyn söýgi döredip bilmegi, onuň hatyrasyna janypkeşlik bilen zähmet çekmegi öwretmegi;

4) her bir terbiýeçilik işiniň, esasan, üç bölümden (1 – taýýarlanylýan, 2 – geçirilýän, 3 – jemlenilýän döwründen) ybarat bolmagy;

5) okuwçylaryň işjeň, höwesli gatnaşmaklaryny gazanmagy;

6) guramaçy – pedagogyň ýürekdeşligi, okuwçylar bilen umumy dil tapyp bilmegi, her bir okuwçynyň hiç bir gypynçsyz öz pikirini aýdyp bilmäge zerur şertleriň döredilmegi;

7) ynam etmek, ynandyrmak, subut etmek, görelde bolmak, höweslendirmek ýaly täsir ediş usullaryndan peýdalanylmagyny öz içine alýar.

## Okuwdan daşary durmuşa geçirilýän terbiýeçilik işleriniň görnüşleri

***1. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ýygnaklary*** ýaňy durmuşyň gyrasyndan girýän ýaş adamyň maksady, iş aladasy, ýaşaýyş-durmuşy, sosial goraga alnyşy, Watany gülletmekde goşandy ýaly dürli meseleler bilen iş salyşýar.

***2. Okuwçylaryň ýygnaklary***. Okuw-terbiýeçilik işiniň aýry-aýry meselelerine bagyşlanyp geçirilýän synpdan daşary işiň bu görnüşi okuwçylar toparyny jebisleşdirmekde hem pugtaladyrmakda möhüm orun eýeleýär.

***3. Okuwçylaryň konferensiýalary*** oýlanyşykly edilip geçirilende, okuwçylaryň işjeňligini artdyrýar: sorag-jogap alyşýan pursatlary, ylmy häsiýetli jedeller, çekişmeler, bäsleşikler işiň bu görnüşini has manyly hem täsirli edýär, oňa gatnaşýanlaryň öz güýjüne, ukybyna akyl ýetirip bilmeklerini üpjün edýär, öz üstünde işlemäge, öňe gitmäge ymtylyşy döredýär.

***4. Okaýyşlar (leksiýalar***) – diňleýjileriň düzümine hem olaryň islegine, şeýle hem durmuşyň talabyna laýyklykda dürli-dürli temalarda sapakdan daşary geçirilýän işleriň bir görnüşi. Okaýyşlarda çagyrylyp getirilen dürli kärdäki adamlar hem, mugallymlar hem, ukyply okuwçylar hem çykyş edip bilýärler.

***5. Syýasy söhbetdeşlikler*** galapyn «tegelek stol» görnüşinde geçirilip, adatça, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýöredýän daşary we içeri syýasaty, ýurdumyzyň dünýä möçberindäki abraýy, onuň iň ösen ýurtlaryň hatarynda bolmagynyň mümkinçilikleri baradaky meseleleri öz içine alýar. Synpdan daşary işleriň bu görnüşine taýýarlyk görlende, ýurdumyzyň Demokratik partiýasynyň maksatlaryndan, belli syýasy synçylarynyň, ideologlarynyň, milli teleradionyň, metbugatyň maglumatlaryndan ýerlikli peýdalanyp bilmek gowy netije berýär.

***6. Synp sagatlary***. Mekdep tejribesine pugta ornaşan terbiýeçilik çäreleriniň bu görnüşiniň bilim berijilik hem terbiýeleýjilik hyzmaty az däl. Synp sagatlarynda okuw zähmeti, tertip-düzgün, edep-ekram meseleleri bilen birlikde, halkyň aňynda bolup geçýän özgerişler, ruhy galkynyş hereketi, milli däp-dessurlar, öňde goýlan alynky hem

ahyrky maksatlar ýaly meseleler barada çynlakaý gürrüň etmek, pikir alyşmak, söhbetdeşlik guramak göz öňünde tutulýar.

Terbiýeçilik işiniň bu görnüşi hem okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk edilip, olaryň işjeň gatnaşmagynda geçirilýär. Ilki-ilkiler mugallym ýa synp ýolbaşçysy synp sagadyny guraýan, ugrukdyryp durýan, gepiň keltesi, şol işe ýolbaşçylyk edýän esasy adam hökmünde çykyş edýän bolsa, soňundan, eger ol okuwçylarda ara alnyp maslahatlaşylýan meselä gyzyklanma, höwes döretmegi, olaryň işjeňligini, guramaçylyk ukybyny ösdürmegi başarsa, onda kem-kemden işiň agramly bölegini olaryň özlerine ynanybam bilýär. Adamyň tebigaty mekdep ýyllarynda özüne ynam bildirmegini görnetin talap edýär, ol tabşyrylan ýumşy bitirmäge ymtylman durmaýar. Şeýle ýagdaý aýratyn hem, garaşsyzlyk ýyllarynda has äşgär duýlup ugrady.

***7. Ders gurnaklary*** tas her bir okuw dersi boýunça diýen ýaly döredilip, oňa, esasan, isleg bildiren okuwçylar çekilýär, sapakda öwrenilenleriň üsti ýetirilýär. Ders gurnaklarynyň aýratyn zehinli, yhlasly, başarjaň okuwçylary ýüze çykarmakda möhüm ähmiýeti bar. Meşhurlyk gazanan aýry-aýry alymlaryň, senetçileriň, edebiýat we sungat adamlarynyň, gaýry tanymal işgärleriň geljekki durmuş ýoluny gurnak işlerine gatnaşmakdan başlandygy bellidir.

***8. Duşuşyklar***. Ylmyň, sungatyň, edebiýatyň görnükli wekilleri, uruş we zähmet weteranlary, pedagoglar, telekeçiler, mülkdarlar, daşary ýurtlarda okaýan talyplar bilen geçirilýän duşuşyklar çagalar we ýaşlar hem-de beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň gatnaşmagynda täsirli, ýatda galarlykly edilip durmuşa geçirilýär.

***9. Gezelençler, ýörişler*** galapyn ýurdumyzyň gözel tebigatyna: daglaryna, düzlerine, tokaýlaryna, derýalaryna, deňzine, taryhy we arhitektura ýadygärliklerine, muzeýlere, gurluşyklara, ekerançylyk meýdanlaryna, zawod-fabriklere, kärhanalara guralýar. Terbiýeçilik işiniň bu görnüşiniň okuwçylar bilen geňeşilip, oýlanyşykly düzülen meýilnama esasynda geçirilende, gowy netije berýändigi mekdep tejribesinden bellidir.

***10. Köpçülik bolup kino, teatra, sirke, konserte tomaşa etmek*** hem görlen zatlar, galan täsirler barada pikir alyşmak synpdan daşary geçirilýän işleriň durmuşda özüni ödän görnüşleriniň birine öwrülip gitdi.

***11. Ata-eneler ýygnaklary*** okuw-terbiýeçilik işini döwrüň talaplaryna kybap edip ýola goýmak niýeti bilen yzygiderli geçirilip

durulýan çäredir. Bu ugurda alnyp barylýan işiň ugurlary aýratyn üns berilmegine mynasypdyr.

## Harplyk baýramynyň geçirilişi

Hormatly Prezidentimiziň bilim özgertmeleri esasynda terbiýeçiler, mugallymlar, ýaş nesle berilýän bilim-terbiýäniň zamanabap hem kämil bolmagy ugrunda çalyşmalydyrlar we ýadawsyz iş alyp barmalydyrlar.

Başlangyç synp mugallymlary 1-nji synpda harplyk dersi boýunça ähli temalary öwredip geçenden soň, olar bilen Harplyk baýramyny guramalydyrlar. Munuň üçin okuwçylar bilen öňünden guramaçylyk işlerini geçirmelidirler. Harplyk baýramynyň başlanýan pursadynda milli lybaslarda owadan görke gelen okuwçy oglan-gyzjagazlar otagy dolduryp oturan ata-eneleriň, mugallymlaryň öňünde çykyş etmelidirler.

– Hoş geldiňiz toýumyza,
Ata-ene mähribanlar!
Bilim berýän mugallymlar!
Hem-de hormatly myhmanlar!
Hemmejäňiz biziň üçin
Hem mähriban hem-de eziz.
Bu şatlykly dabaranyň,
Hormatly myhmanlary siz!

Şular ýaly umumylykda berlen salamyň dowamyny okuwçylar:

– Göwnümizi joşdurýar.
Harplygymyzyň toý güni.
Bu gün hemmejämiziň,
Şatlygymyzyň ýok çeni –

diýen ýaly bentler bilen ýetirýärler. Şu ýerde hem mugallym Harplyk baýramyny açýar.

– Hormatly okuwçylar! Gadyrly myhmanlar we ata-eneler! Şu gün biziň synpymyzda Harplyk baýramy. Bu baýram okuwçylar üçin mukaddes baýramlaryň biri. Çünki her bir ynsan bilimler dünýäsine Harplyk kitabynyň, harplyk dersiniň kömegi bilen gadam basýar.
– Hany, okuwçylar, aýdalyň, biz Harplyk kitabynyň kömegi bilen nämeleri öwrendik?

***Okuwçylar bilelikde:***

– Harplary tanamagy, olary goşup okamagy, harplardan bogunlary, bogunlardan sözleri düzmegi, sözleri goşup sözlem düzmegi, manyly geplemegi, suratlara seredip sözlem düzmegi, okamagy, ýazmagy öwrendik – diýip jogap berýärler.

Okuwçylar soňra gezekleşip, ýeke-ýekelikde:

– Watany söýmegi, ata-enä sarpa goýmagy, hormatly Prezidentimize wepaly bolmagy – diýip aýdylanlaryň üstüni ýetirýärler.

***Mugallym***:

– Ine, şonuň üçin hem biz Harplyk okuw kitabyna minnetdardyrys. Ony hiç haçan ýadymyzdan çykarmaly däldiris – diýýär. – Geliň, indi bolsa, şu günki baýramçylygymyzy alyp barmak üçin Harplyk kitabynyň özüni çagyralyň.

Çagalar bilelikde Harplyk kitabyny çagyrýarlar. Harplyk bolýan okuwçy otaga girýär.

**Harplyk:**

– Salam okuwçylar – diýip salamlaşýar. Okuwçylar bolsa,

– «A» harpyndan başladyk,
«Z» harpynda gutardyk,
30 sany harpyňdan
Okamagy öwrendik,
30 sany harpyňdan,
Biz ýazmagam öwrendik –

diýip, ony garşylaýarlar. Okuwçylar ýekelikde:

Harplyk, senden öwrendim,
Batly urýan ädimi.
Ähli harpy öwrenip,
Ýazyp bilýän adymy.
Säherlerim sergindir,
Sähralarymyz sapaly.
Galkynýan Watanyma,
Bolarys biz wepaly –

**Harplyk**:

– Toý toýlaýan çagalar!
Meniň adym Harplykdyr.
Otuz sany harpym bar,

Şol harplary kim bilse,
Ýüregimde orny bar –

diýen bentler bilen okuwçylaryň ünsüni öwrenilen harplara gönükdirýär. Okuwçylaryň hersi gezekli-gezegine harplary öwrenişleri barada Harplyga gürrüň berýärler.

– Elipbiýde «A» harpy,
Sowadyň gözbaşydyr.
Altyn elipbiýimiz,
Halkyň göwün hoşudyr.
– Bitaraplyk binamdyr,
Bahar-ýazym, baýramym.
Berk, binýatly döwletde,
Parlar ýaşyl Baýdagym.

Şular ýaly bentleri diňlän Harplyk soňra okuwçylardan ýene-de nähili kitap okandyklaryny soraýar. Okuwçylar oňa matematika kitabyny okandyklaryny aýdýarlar. Harplyk olara goşmak we aýyrmak belgilerine degişli soraglary berýär.

Okuwçylar jogap berýärler. Soňra Harplyk okuwçylardan mugallym, ata, ene, mekdep, Watan, hormatly Prezidentimiz barada nämeleri öwrenendiklerini soraýar. Okuwçylar öwrenen goşgy bentlerini uly joşgun hem şatlyk bilen aýdyp berýärler.

**Harplyk:**

Berekella! Okuwçylar,
Ödediňiz tamamy!
Şat gülkiňiz doldursyn,
Bu eşretli zamany.
Indi rugsat berseňiz
Siziň bilen hoşlaşjak.
Indiki güýze çenli
Körpelere garaşjak –

diýip, okuwçylar bilen hoşlaşyp gidýär. Ene dili, matematika, türkmen dili okuw kitaplary gelýärler.

Olar bilen tanyşlyk açylyp, sorag-jogap alşylansoň, türkmen dili okuw kitaby okuwçylara ýüzlenip, Harplyk baýramyny jemleýär:

– Mähriban çagalar! Siz bu gün öz mähriban Harplyk kitabyňyz bilen hoşlaşdyňyz. Bizi garşy aldyňyz. Biz size durmuşda paýhasly

adam bolup ýetişmek üçin okamagy, ýazmagy öwrenmegi dowam etdirmäge kömek ederis. Siz Garaşsyz Watanyň ýaş nesilleri! Biz size uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Okuwçylar bu jümleleri uly şatlyk-şowhun bilen kabul edip, «Toý bu gün», «Watanym», «Mekdebim» ýaly aýdymlary belent dabara bilen ýerine ýetirýärler. Läle kakyp, küşt depýärler. Ata-eneler, mugallymlar, myhmanlar çykyş edip, okuwçylary bu şanly baýramlary bilen gyzgyn gutlaýarlar.

Okuwçylaryň Harplyk baýramyna taýýarlanyşlaryna, guramaçylykly çykyş edişlerine baha berýärler.

Çäräniň dowamynda çagalar bilen bilime, hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim özgertmelerine degişli, oýun arkaly guralan gyzykly sorag-jogaplar hem alşylýar. Şeýle sorag-jogaplaryň ata-eneler bilen guralmagy bolsa, okuwçylaryň öz mähriban ata-eneleriniň bilimine, düşünjesine buýsanyp, özleriniň hem şolar ýaly bolup ýetişmegine, çalyşmagyna itergi berýär. Dürli oýunlaryň, sahnajyklaryň, aýdymdyr tanslaryň görkezilmegi bolsa okuwçylary durmuşa taýýarlaýar.

***Terbiýeçilik işi synag edilende, nazara alynmaly esasy zatlar:***

1. Synpdan daşary işleriň görnüşleri, olaryň seçilip alnyşynyň jüpüne düşenligi, şol görnüşlere kybapdaş usullaryň ýerlikli peýdalanylanlygy;

2. Terbiýeçilik çäresiniň döwrebaplygy, maksady, wezipeleri we olaryň şol toparyň ruhuna kybaplygy;

3. Terbiýeçilik işini geçirmeklige görlen taýýarlyk: taýýarlygyň many-mazmuny, synp ýolbaşçysynyň, ata-eneleriň orny, okuwçylaryň özbaşdak, erkin hereketleri, teklipleri, işjeňligi, bäsdeşligiň alamatlary;

4. Işiň netijesine, many-mazmunyna, peýdalanylan usuly tärlere baha bermek: dilden edilýän çykyşlaryň döredijilikli häsiýeti, berilýän soraglaryň, düzülýän ýumuşlaryň, geçirilýän tejribeleriň, görkezilýän hem eşitdirilýän serişdeleriň täsirliligi;

5. Terbiýeçilik işiniň many-mazmunyny oňa gatnaşanlaryň kabul edip alyşlaryna, olaryň keýpine, emosional ýagdaýlaryna häsiýetnama bermek, okuwçylaryň guramaçylyk ukybyny ýüze çykaryp bahalandyrmak, işiň has möhüm, iňňän täsirli ýerlerini aýratyn bellemek;

6. Işiň döredijilik, terbiýeleýjilik hem ösdürjilik taraplaryny ýüze çykarmak;

7. Terbiýeçilik işini taýýarlamakda we geçirmekde beriljek maslahatlar;

8. Geljekde şu topar (kollektiw) bilen geçiriljek terbiýeçilik işi barada ony guraýjynyň hem geçirijiniň pikiri.

# III BAP

# SYNP ÝOLBAŞÇYSY WE ONUŇ ETMELI IŞLERI

## Synp ýolbaşçysy, onuň işiniň esasy ugurlary

Başlangyç bilim maksatnamasyny öwrenýän synplaryň okuwçylaryna şol synpy okadýan mugallym ýolbaşçylyk edýär. Ol «Başlangyç» synp mugallymy diýlip atlandyrylýar. Umumy orta bilim maksatnamasyny geçip başlan okuwçylara bolsa, şol synpda okadýan mugallymlaryň biri ýolbaşçy edilip berkidilýär. Ol «Synp ýolbaşçysy» diýlip atlandyrylýar.

**Synp ýolbaşçysy** ***ýolbaşçylyk edýän synpynyň okuwçylaryna iň ýakyn durýan, olaryň gündelik durmuşyny guraýan, okuw-terbiýeçilik işlerini durmuşa geçirýän, synp kollektiwini (toparyny) kemala getirýän, ösdürýän hem berkidýän, ders mugallymlarynyň özara ylalaşykly hereket etmegini gazanýan, ýaşlar guramasynyň, ata-eneleriň, jemgyýetçilik kömeginden peýdalanýan, şeýdibem, bar bolan güýçleriň terbiýeçilik täsirini maksada laýyk hem döwrebap edip gönükdirýän pedagogdyr.*** Şu işleriň durmuşa geçirilmeginde oňa kärdeşleri, ozaly bilen, mekdep direktorynyň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary, galyberse-de, ders mugallymlary, mekdep ýolbaşçylary ýakyndan kömek berýärler.

Synp ýolbaşçysynyň okuwçylara täsir edijiligi, şol synpda işleýän beýleki pedagoglaryňka garanda has güýçli bolýar, sebäbi ol okuw döwründe-de, sapakdan beýleki wagtlarda-da okuwçylar bilen ýygy-ýygydan duşuşyp durmaly, olary hemme tarapdan içgin öwrenmeli bolýar.

Synp ýolbaşçysynyň geçirýän guramaçylyk, okuw-terbiýeçilik, syýasy-düşündiriş işleriniň many-mazmuny giň hem köptaraplydyr.

***1. Okuwçyny öwrenmek.*** Synp ýolbaşçysynyň işiniň şowly bolmagy onuň özüne berkidilen synpynyň okuwçylarynyň häsiýetlerini näderejede öwrenip bilýänligine baglydyr. Şeýle bolansoň, ol okuwçylaryny birin-birin hemmetaraplaýyn öwrenmegi deslapky wezipe edip goýýar, ýogsa, mekdep durmuşynda okuwçylaryň öz synp ýolbaşçysyny öňürti öwrenýän halatlary seýrek däldir.

Synp ýolbaşçysy her bir okuwçynyň maşgala ýagdaýy, däpleri, ata-enäniň işi-pişesi, maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklary bilen tanyşýar. Olaryň garaşsyzlyga, türkmeniň öz aslyna dolanmagy üçin dörän mümkinçiliklere, milli galkynyş hereketine, oba syýasatyna, bilim syýasatyna bolan garaýyşlaryny öwrenýär. Her bir okuwçynyň synpdaşlarynyň arasyndaky ýagdaýyna, abraýyna, köpçüligiň okuwça täsir edijilik güýjüne üns berýär. Synp ýolbaşçysy onuň töwerekleýin ösüşine hem aýratyn ähmiýet berýär: sözleýiş medeniýetine, dünýägaraýşyna, düşbüligine, alçaklygyna, özbaşdak pikir ýöretmek babatyndaky ukybyna, öz diýenini gögertmekdäki erjelligine, ünsüne, okumyşlygyna, okuwa bolan höwesiniň durnuklylygyna, aýdym-saz, kino, teatr, sport bilen gyzyklanyşyna gözegçilik edýär.

Okuwçy aýratynlykda öwrenilende, onuň okuw işine bolan ymtylyşy, gatnaşygy, ýetişigi, tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirişiniň häsiýeti, işi özbaşdak ýola goýup bilmäge bolan ukyby, okuw işindäki jogapkärçilik duýgusy, ýaşulularyň, ata-enäniň pendine, mugallymlaryň öwüt-ündewine, ýoldaşlarynyň maslahatyna gulak gabardyşy ýaly taraplary has ünsden düşürilmeli däldir. Şol bir wagtyň özünde-de zähmet çekmäge, kesp-käre bolan islegi, tehnika, kärendeçilige, telekeçilige bolan garaýşy, halaýan işleri, edep-terbiýesiniň derejesi, eger edepsizlige ýol beren bolsa, onda onuň düýp sebäpleri hem açylyp görkezilýär. Okuwçyny öwrenmekde üns berilmeli meseleleriň ýene biri – onuň synpyň, mekdebiň jemgyýetçilik işi, çagalar birleşiginiň, ýaşlar guramasynyň bitirýän işi bilen gatylyp-garylyp gidýänligine ýa ondan çetde durýanlygyna üns bermekdir. Mekdep tejribesinden belli bolşuna görä, käbir okuwçy başlan işini ahyryna çenli dowam etdirmegi, meşgullanýan pişesine beýlekileri çekmegi başarýan bolsa, başga biri onuň tersine, ýaltalygy ýa erksizligi se-

bäpli, tabşyrylan ýumuşlary soňuna çenli alyp gitmekde mejalsyz bolup galýar. Synp ýolbaşçysy şonuň düýp sebäplerini ýüze çykaryp, olary aradan aýyrmagyň ýollaryny anyklaýar.

Gepiň keltesi, aýratynlykda alnan bir okuwçyny öwrenmek bilen baglanyşykly edilmeli işler başga-da az däl. Oňa okuwçynyň hüý-häsiýetiniň, temperamentiniň özboluşlylygyny, dostluk, ýoldaşlyk, ynsanperwerlik garaýyşlaryny, erjellik bilen edýän haýsydyr bir hereketleridir guramaçylyk başarnyklaryny, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralary bilen gatnaşygyny bilmegem degişlidir. Ýöne bir zady bellemegi unutmaly däl. Ol hem öwrenilýän okuwçynyň synpdaşlaryndan parhyny, geljekki ösüş mümkinçiliklerini, onuň bilen aýratynlykda işlemegiň ýeneki ýollaryny hem serişdelerini görkezmekdir. Her bir okuwçyny şular ýaly edip aýratynlykda, çintgäp-çintgäp öwrenmekde toplanan maglumatlar soňundan oňa psihologiýa hem pedagogika nazaryýetinden häsiýetnama beriljek bolanda-da diýseň peýdalydyr.

***2. Synp toparyny emele getirmek*** oňa ýolbaşçylyk edýän pedagogyň möhüm wezipeleriniň biri. Çünki ol özara jebis, dostlukly gatnaşyklary bolan topary döretmezden, okuw-terbiýeçilik işinde niýet eden üstünligini gazanyp bilmez. Okuwçylaryň agzybir topary synp ýolbaşçysynyň esasy daýanjydyr. Gowy guralan köpçüligiň täsir edijilik güýji diýseň uludyr. Şol güýç okuwçylaryň ata Watana, ene topraga bolan hakyky mähirini döredip, onuň ýagty geljegine bolan ynamy emele getirip, ruhy baýlygyny ösdürip, guramaçylyk başarnyklaryny terbiýeläp bilýär. Şoňa görä, okuwçylary bir jan, bir ten edip kemala getirmek, bir-biriniň üstünligine guwanar ýaly, kemçiligine gynanar ýaly edip terbiýelemek synp ýolbaşçysy üçin möhümdir.

Synp ýolbaşçysy her bir okuwçyny aýratynlykda öwrenişi ýaly, tutuş synpy hem tutuşlygyna öwrenmelidir. Eýsem, ol şonda nämelere aýratyn üns bermeli?

Synp toparynyň içki we daşky ýagdaýy tutuşlygyna öwrenilende, şular göz öňünde tutulýar: okuwçylaryň sany, şolardan oglan-gyzlaryň näçedigi; kimiň çagalar birleşiginiň, ýaşlar guramasynyň, kimiň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň agzasydygy, synpyň işjeň topary we onuň aýry-aýry okuwçylaryň okaýşyna, edep-terbiýesine täsir edijilik güýji; birsyhly gaýtalanyp durýan etmişleri üçin göz as-

tyna alnanlar; saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly bedenterbiýe sapaklaryndan boşadylanlar; görşi, eşidişi mejalsyzlar; synpyň däpleri; synp toparynyň umumy mekdep topary bilen aragatnaşygy.

Synpyň sowatlylyk hem bilim derejesi öwrenilende, üns bermeli taraplar indiki aýdyljaklar bilen baglydyr: ýetişigi, has gowy (otliçno), ýagşy, ortaça we ýaramaz okaýanlar; guýmagursak zehinliler we olar bilen alnyp barylýan okuw işleri; zehini, ukyby bolup, onuň üstüniň açylman galanlygynyň sebäpleri; gowşaklaryň gowularyň hataryna goşulmaklary üçin döredilmeli şertler; körzehinler we olaryň ýykgyn edýän taraplary. Ýöriteleşdirilen mekdeplere (synplara), fakultatiwlere, kružoklara (gurnaklara) gatnaşýanlar; ünsi gowşaklar, erksizler, geleňsizler we olar bilen geçirilmeli işler.

Synpyň jemgyýetçilik işi öwrenilende, bilinmeli zatlar: jemgyýetçilik tabşyryklary ýerine ýetirýänler, ondan çetde durýanlar hem-de kämahal gatnaşýanlar, olaryň sebäpleri; synpyň okuwçylarynyň köp böleginiň höwes hem gyzyklanma bilen gatnaşýan köpçülik çäreleri; ýerine ýetirýän tabşyryklary; okuwçylaryň çeper höwesjeňleriň çykyşlaryndaky, sport ýaryşlaryndaky, «Tebigaty goramak» ýaly gurnak işlerindäki işjeňligi; synp toparynyň ynsanperwerlik, demokratik başlangyçlardaky hereketleri, jemgyýetçilik pikiriň döreýşi, öz-özüňi dolandyryş işiniň ýola goýluşy, göze dürtülip duran sypatlary, ahlak gatnaşyklary, jedelleri, dostlukly gatnaşyklary, synp toparynyň ymtylýan esasy ugurlary we ş.m.

Jemläp aýdanyňda, synp ýolbaşçysy okuwçylaryň sowatlylyk, edep-terbiýelilik derejesini, ony gowulandyrmagyň ýollaryny, kämilleşdirmegiň çärelerini bellemeli, islendik pursatda tutuşlygyna baha berip, onuň geljekki ykbaly barada dogry pikir ýöredip bilmeli. Bu zatlaryň hemmesi synp toparyna psihologiýa we pedagogika nazaryýetinden hakyky häsiýetnama bermegi-de aňsatlaşdyrýar.

***3. Okuwçylaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak*** babatda ol her bir okuwçynyň şahsy, psihologik, fiziologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen okuw işiniň differensirlenen (güýçýeterlilik) usulda guramagy gazanýar; synpda işleýän beýleki mugallymlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar; aýratyn höwes bildirýän hem ony başarýan ugurlary boýunça has düýpli bilim almaklary üçin alada edýär; tabşyrylan ýumuşlaryň yzygiderli ýerine ýetirilmegi, oňa jo-

gapkärçilik hem borçlulyk duýgusy bilen çemeleşmegi, birek-birege goldaw bermegi ugrunda alada edýär; goşmaça sapaklaryň geçirilmegini gazanýar. Şu ýerde başlangyç synp mugallymlary bilen ders mugallymlarynyň arasyndaky sazlaşykly arabaglanyşygy döretmegiň hem synp ýolbaşçysynyň iş çygryna degişlidigini bellemek bolar.

***4. Synpdan daşary işleri guramak we geçirmek***. Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarynyň ýolbaşçylyk etmegi hem ýakyndan kömek bermegi bilen synp ýolbaşçysy okuwdan daşary işleri yzygiderli gurap hem geçirip durýar. Ol şonda ýolbaşçylyk edýän synpynyň her bir okuwçysynyň näme bilen gyzyklanýanlygyny, höwesini, islegini nazara alýar. Mekdep tejribesinden belli bolşuna görä, synpdan daşary geçiriljek çäreleriň temasy, maksady, mysaly meýilnamasy okuwçylaryň hut özleri bilen öňünden geňeşilse, has netijeli bolýar; okuwçylaryň öz pikirleri diňlenilse, geçiriljek terbiýeçilik işiniň tertibi, onda esasy hereket etjekleriň wezipeleri öňünden anyklanylýar, şeýle edilende, okuwçylar kem-kemden guramaçylyk çäreleriniň agramly bölegini öz üstlerine alyp, öz-özlerini dolandyryp başlaýarlar. Bu bolsa synp ýolbaşçysynyň işiniň gymmatly tarapydyr.

***5. Synpyň tertip-düzgünli bolmagyny gazanmak*** synp ýolbaşçysynyň etmeli işleriniň möhüm bölegidir. Muny gazanmagyň käbir ýollary barada öňki temalarda hem az-kem gürrüň edilipdi. Okuwçyny türkmene mahsus bolan paýhas, täsir ediş usullary, hakyky ýürekdeşlik bilen edep-terbiýeli edip ýetişdirmek mümkinçiligi gaty uludyr. Ony gorkuzyp düzgüne salyp bolmaz, zor bilen diýenediji, hem tertipli edip ýetişdirmek mümkin däl. Asla-da şolar ýaly gorky-ürki bilen kemala getirilen gulagasyjy nesli ösdürip ýetişdirmegiň hajaty ýok. Şeýle okuwçylar galapyn özbaşdak pikirlenmäni hem hereket etmäni oňarmaýan teklipsiz (inisiatiwasyz) adamlar bolup ýetişýärler. Ozal hem bellenilip geçilişi ýaly, kimde-kim bu sogap işe özüniň çyn mähiri, hakyky yhlasy, çäksiz söýgüsi bilen ýapyşsa, ol ýaş nesliň kalbynda ornaşyp, ony öz yzyna eýerdip biler, sebäbi çaga hakyky ýürekdeşligi tiz duýýar, ony hemme zatdan eý görýär. Megerem, okadýan gowy terbiýeleýär diýilmegi şonuň üçindir, her bir terbiýeçilik çäresini okuwçylaryň höwesine, islegine görä geçirmegiň maslahat berilmegi şol sebäplidir.

***6. Okuwçylaryň ata-eneleri bilen işlemek.*** Mekdep bilen maşgalanyň özara gatnaşykda bolmagynyň dürli usullary pedagogik tejribesine (praktikasyna) ornaşyp gidipdir. Ine, olaryň käbiri.

1. Okuwçynyň öýüne baryp, onuň ata-enesi, olaryň kesp-käri, garaşsyzlyga, ylym-bilime, okuw işine, zähmete, edeplilige bolan garaýyşlary bilen ***tanyşmak,*** maşgala däplerini, synp ýolbaşçysynyň öz okuwçysynyň kemala gelen maşgalasyna hemme tarapdan belet bolmagy zerurdyr.

2. Zerurlyk dörände, ata-enäniň ýa-da olaryň orunlaryny tutýan adamy ***mekdebe çagyrmak***, olar bilen gyzyklandyrýan meseleler boýunça pikir alyşmak, geňeşmek.

3. Okuwçynyň ***gündeligine bellik etmek*** ýa ýörite hat arkaly ata-enäni haýsydyr bir derwaýys mesele barada habarly etmek.

4. ***Ata-eneler ýygnagy*** ylym-bilim, tälim-terbiýe babatynda pikir alyşmagyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen, özüni ödän görnüşine öwrüldi. Şonda synp ýolbaşçysynyň çagalaryň we ýetginjekleriň hossarlary bilen köpçülikleýin ýüzbe-ýüz bolup pikir alyşmaga, işe bolan yhlasyny, janypkeşligini, mahlasy, pedagogik ussatlygyny bütin düýrmegi bilen äşgär etmäge bolan mümkinçiligi has hem ýokary bolýar. Ýygnaga gelenleri aýratyn mähir bilen garşylamak, olar bilen sypaýy gürleşmek göz öňünde tutulan meseleler barada sala salmak, geňeşmek guramaçy pedagogyň mertebesini beýgeldýär. Ýetişigi pes, tertibi ýaramaz diýlip hasaplanylýan okuwçynyň ata-enesine igenmegiň peýdasyzdygyny mekdep tejribesi bireýýäm subut etdi. Işine ussat synp ýolbaşçylary ata-eneleriň özleriniň hem çagalarynyň atlaryna aýdylýan bellikleri ýokuş görmez ýaly usullary peýdalanmagy başarýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de ata-eneleri öwrenmeklerini hem dowam etdirýärler.

Ata-eneler ýygnagy her çärýekde 1-2 gezek geçirilýär.

5. Ata-eneler üçin ýörite guralýan ***söhbetdeşlikler, okaýyşlar***. Garaşsyz Türkmenistanda ýöredilýän daşary we içeri syýasat, bilim syýasaty bilen baglanyşykly çäreler, kemally şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmekde maşgalanyň hukuklary we borçlary baradaky gürrüňler hiç kesi biperwaý galdyrmaýar.

6. Maşgala ojagynyň abat saklanmagy üçin, ýaş nesli ata-babalaryň wesýetleri, asylly sypatlary hem-de häzirki döwrüň talaplary

esasynda kemala getirmek ugruna çyny bilen alada edýän ata-enelerden ***işjeň topary döretmek*** olaryň maşgala terbiýesi hakyndaky tejribesini öwrenmek hem peýdalanmak, guramaçylyk-usulyýet güýjüne daýanmak synp ýolbaşçysynyň işini diňe ýeňilleşdirip biler.

7. Her bir okuwçynyň zehinine, ukybyna, başarnygyna laýyklykda onuň geljekki durmuş ýoluny ata-eneler bilen bilelikde kesgitlemek***, okuwçyny*** şol ugra ***gönükdirmek*** synp ýolbaşçysynyň möhüm wezipeleriniň biridir.

8. Tälim-terbiýe, edep-ekram, kesp-kär bilen baglanyşykly sorag-jogap, pikir alyşmak niýeti bilen geçirilýän ***duşuşyklar, ýygnanyşyklar, konferensiýalar.*** Şeýle çärelere pähimdar ýaşulular, lukmanlar, hukuk hem tertip-düzgüni goraýjy edaralaryň wekilleri, dürli kärdäki adamlar, ýazyjy-şahyrlar, sungat we medeniýet işgärleri, daşary ýurtlarda okap bilim alýan talyplar gatnaşdyrylsa, gowy netije berýär.

Şu ýerde mekdep boýunça ata-eneler ýygnagy geçirilende okuwçylaryň ýaş aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagynyň zerurlygyny nygtap bolar.

Ata-eneleriň pedagogikadan bilim derejesini ýokarlandyrmak niýeti bilen olary degişli edebiýatlar, gazet-žurnallarda çap edilýän, radiodyr teleýaýlymda, berilýän makalalar bilen tanyşdyryp durmagyň möhüm ähmiýeti bar. Bu çäreleri durmuşa geçirmekde-de synp ýolbaşçysyna uly orun degişli.

**Synp ýolbaşçysynyň işiniň meýilnamalaşdyrylyşy**. Synp ýolbaşçysy okuwçylary bilen durmuşa geçirjek terbiýeçilik çärelerini meýilnamalaşdyranda, Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň alyp barýan daşary we içeri syýasatyndan, il-günüň bähbidi, halkyň ýagty geljegi ugrunda durmuşa geçirýän oba syýasatyndan, bilim syýasatyndan ugur alýar. Döwrüň talaplaryndan ugur alýar, okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny, höwesini, islegini, gyzyklanmasyny nazara alýar, her bir terbiýeçilik işiniň türkmen ruhy bilen ýugrulan bolmagyny göz öňünde tutýar, özem her bir geçirilýän terbiýeçilik işiniň yzygiderli, ýatda galarlykly, gyzykly bolmagyny, işiň many-mazmunynyň, görnüşiniň, geçiriliş usullarynyň täzelenip durulmagyny gazanýar.

Adatça, terbiýeçilik iş meýilnamasy tutuş okuw ýyly üçin, ýarym ýyllyk ýa çärýeklik düzülse-de, onda geçiriljek çäreleriň atlary, ýerine

ýetirilmeli wagty, geçiriljek ýeri, şol işe kimleriň gatnaşýanlygy jikme-jik görkezilýär, onuň geçirilişi barada bellikler hem edilýär.

Synp ýolbaşçylary özleriniň iş meýilnamalaryny umumy mekdep meýilnamalary bilen ylalaşykly düzýär. Hepdelik iş meýilnamalaryny döredip, olar barada ýörite gündelik ýöredýän hem şol ýazgylarynda täzelikler, goşmaça geçirilen çäreler barada hasabat ýöredýän synp ýolbaşçylarynyň gowy netijelere eýe bolýandygy mekdep tejribesinden bellidir.

Synp ýolbaşçysynyň iş meýilnamalaryna häsiýetli bolan umumylyklar hem bar. Olaryň hemmesinde Garaşsyz Türkmenistanda bellenilýän baýramçylyklar we seneler öz beýanlaryny tapýar.

**Synp ýolbaşçysynyň umumy iş meýilnamasy.** *I.Synpyň işjeň toparyny guramak.*

**1. Syýasy düşünjeliligi terbiýelemek.** Bu bölümde Garaşsyzlyk, hemişelik Bitaraplyk, «Açyk gapylar», hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek, oba hojalygyny, medeniýeti, ykdysadyýeti ösdürmek baradaky syýasatlary hakda düşünje bermek. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan, türkmen milleti, döwlet barada söhbetdeşlikler guramak, nutuklar ýazdyrmak, synp sagatlaryny geçirmek, bäsleşikleri, ýaşulular bilen duşuşyklary guramak göz öňünde tutulmaly.

**2. Okuwa düşünjeli garaýşy, okamaga höwesi terbiýelemek.** Okuwçylaryň zähmetiniň esasy görnüşiniň okuw zähmetidigini düşündirmek. «Bir okana bar, bir – dokana» diýen temada synp sagatlaryny geçirmek. «Bilim hazynadyr» diýen temada söhbetdeşlik guramak. Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny anyklamak üçin soragnamalar düzüp, jogaplaryny ýazdyrmak.

**3. Zähmet terbiýesi we çagalary hünäre ugrukdyrmak.** Watan üçin halal zähmet çekmek, zähmetiň rehneti barada düşünje bermek. Watanyň, obaň, şäheriň üçin güýçýeterli zähmete gatnaşmak. Ýowarlar geçirmek. Köçelere, mekdebiň töweregine agaç nahallaryny oturtmak, gül ekmek. Kitaphanadaky kitaplary abatlamak. «Zähmet soňy – rehnet» diýen temada sergiler guramak, diwarlyklar döretmek. «Hany bakaly, gyzlar!», «Ezber eller» diýen bäsleşikleri geçirmek. «Kim bolmaly?», «Sen haýsy hünäri halaýarsyň?» ýaly temalarda agşam geçirmek, barlagnamalary düzmek. Halk hojalygynyň dürli

pudaklaryna gezelençleri guramak, tanymal zähmet adamlary bilen duşuşyklary geçirmek.

**4. Ahlaklylygy, düzgün-tertipliligi we özüňi edepli alyp barmagyň endiklerini terbiýelemek.** Terbiýede halk pedagogikasy. Edebi çeşmelerdäki ahlak päkligi barada gürrüňdeşlikler, synp sagatlary. Maşgala edebi, ula hormat, kiçä söýgi barada sahnalaşdyrylan oýunlary guramak.

**5. Kanun we kanunçylyk. Ýaşlarda raýatlyk jogapkärçiligini terbiýelemek.** Türkmenistanyň demokratik, hukuk we dünýewi döwletdigi barada düşünje bermek. Türkmenistanda raýatlaryň hukuklarynyň goralyşy barada radioda, teleýaýlymda berilýän maglumatlar barada gürrüňler geçirmek. «Sen kanun barada nämeleri bilýärsiň?», «Ýetginjek we kanun» diýen temalarda çekişmeleri guramak we aýratyn üns bermegi talap edýän okuwçylar bilen aýratynlykda işleri geçirmek.

**6. Watançylyk terbiýesi.** Watan baradaky goşgulary ýatdan aýtdyrmak, bäsleşikler guramak, agşamlar geçirmek, «Meniň Watanym» diýen temada çykyşlar ýazdyrmak.

**7. Gözellik terbiýesi.** «Türkmen halysy we onuň gözelligi», «Milli sazlarymyz», «Tebigat gözellikleri», «Türkmen suratkeşleriniň işleri» diýen temalar boýunça gürrüň geçirmek. Mekdebiň töweregine gül ekmek. Synp otaglarynda otag güllerini ösdürip ýetişdirmek.

**8. Ekologiýa terbiýesi.** Hormatly Prezidentimiziň Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek baradaky aladalary. Türkmenistanda tebigatyň goralyşy, goraghanalar we olarda alnyp barylýan işler barada gürrüň geçirmek. Çagalarda mähriban ülkämize, onuň tebigatyna söýgini terbiýelemek.

**II. Ders mugallymlary bilen aragatnaşyk.** Synp ýolbaşçysy ders mugallymlary bilen aragatnaşykda bolup, okuwçylaryň her bir ders boýunça ýetişikleri we gatnaşyklary, köpçülikde özlerini alyp baryşlary, islegleri bilen yzygider gyzyklanmalydyr.

**III. Synp ýolbaşçysynyň ata-eneler bilen gatnaşygy.** Okuwçynyň maşgala ýagdaýyny öwrenmek. Ata-enäniň alyp barýan terbiýeçilik işlerini öwrenmek. Okuwçynyň öýüne barmak, olary mekdebe çagyrmak. Ata-eneler ýygnagyny geçirmek. Göreldeli ata-enelere

çaga terbiýesindäki tejribesinden çykyş etdirmek. Mekdep işine gatnaşdyrmak.

## Ata-eneler guramasynyň iş meýilnamasy

Mekdepde ata-eneler guramasynyň iki görnüşi bar.

***Birinjisi – synp ata-eneler guramasy***. Ol guramanyň işine ýolbaşçylyk etmek ata-eneleriň birine tabşyrylýar, ýöne guramanyň işini synp ýolbaşçysy alyp barýar. Bu guramanyň işi öz mazmunynyň beýanyny synp ýolbaşçysynyň terbiýeçilik iş meýilnamasynda tapýar.

***Ikinjisi – umumy mekdep ata-eneler guramasy.*** Onuň işine hem abraýly ata-eneleriň biri saýlanylýar. Bu guramanyň düzümine mekdep bilen ysnyşykly iş alyp barýan ene-atalar girýärler. Bu guramalaryň işi ýaş nesli kemala getirmekde mekdebiň, maşgalanyň jemgyýetçiligiň terbiýeçilik işini utgaşykly we sazlaşykly guramagy gazanmaga gönükdirilendir.

Bu guramanyň iş meýilnamasy mekdebiň ýyllyk iş meýilnamasynyň «Terbiýeçilik işleri, çagalary terbiýelemekde mekdebiň, maşgalanyň we jemgyýetçiligiň bilelikdäki utgaşykly işini guramak» bölüminde öz beýanyny tapýar. Şu bölümden synpdan we mekdepden daşary terbiýeçilik çäreleriniň tapgyryny meýilnamalaşdyrmak bolar.

Ata-eneler guramasynyň işiniň esasynda sapaklaryna ýetişmeýän, kemçilikleri bolan käbir çagalar bilen, oňşuksyz maşgalalar bilen işlemek ýaly çäreler geçirilýär. Ata-eneler guramasy her aýda bir gezek öz maslahatyny geçirýär.

***Ata-eneler guramasynyň işiniň mazmuny***: gowy maşgalalaryň terbiýeçilik usullaryny öwrenmek, jemlemek, ýaýratmak; terbiýeçilik işler geçirilende, şeýle oňyn ýörelgelere eýermegi ündemek:

– ata-enäniň duýgusyny sylamak;
– çaga häsiýetlendirilende, onuň gowy taraplaryny aýtmak;
– ata-enäniň şahsyýetini sylamak.

***Ata-eneler bilen geçirilýän işleriň görnüşleri:***

– ata-eneleriň arasynda pedagogik bilimi ýaýratmak;
– ata-enelere çagasynyň okaýşy barada habar bermek;
– öýde çaga işlär ýaly ýagdaý döretmek;
– ata-eneleri mekdebiň terbiýeçilik işlerine çekmek;
– terbiýeçilik işiniň gidişini, onuň netijesini maslahatlaşmak;

– Ata-eneleriň synp we umumy ýygnaklara gatnaşmagyny gazanmak;

– oňşuksyz ata-eneler bilen aýratynlykda söhbetdeşlikler geçirmek;

– ata-eneleriň işleýän edaralaryna hat ýazmak;

– maşgalalaryň ýaşaýyş şertleri bilen tanyşmak.

## Synp ýolbaşçylary bilen geçirilýän işler we olaryň meýilnamalaşdyrylyşy

Synp ýolbaşçylary bilen geçirilýän işler mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarynyň ýolbaşçylygynda geçirilýär. Bu iş öz mazmunyny mekdebiň umumy okuw-terbiýeçilik iş meýilnamasynda tapýar. Mekdepde usuly birleşmeleriň bir görnüşi synp ýolbaşçylarynyň usuly birleşmesidir. Bu usuly birleşmeler 1-4-nji, 5-8-nji, 9-12-nji synp mugallymlarynyň hersi üçin aýratyndyr. Bu usuly birleşmäniň bir ýyllyk iş meýilnamasy bar. Ol meýilnama şeýleräk bölümleri öz içine alýar:

- ♦ Usuly birleşmäniň işiniň maksady we wezipesi.
- ♦ Pedagogik-guramaçylyk meseleleri.
- ♦ Usuly birleşmäniň maslahatlary.
- ♦ Synpdan we mekdepden daşary çäreler.
- ♦ Terbiýeçilik iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi.
- ♦ Öňdebaryjy pedagogik iş tejribeleri bilen işlemek.
- ♦ Täze bellenen synp ýolbaşçylary bilen işlemek.
- ♦ Terbiýeçilik çäreleriniň guralyşy, geçirilişi, netijesi.

***Synp ýolbaşçylarynyň, usuly birleşmesiniň işiniň mazmuny we wezipesi:***

– terbiýeçilik işleriniň geçirilişini, netijesini ýokarlandyrmak;

– synp ýolbaşçylarynyň mugallymçylyk ussatlygyny ýokarlandyrmak;

– terbiýelemek işinde ýüze çykan öňdebaryjy pedagogik tejribäni öwrenmek, umumylaşdyrmak, ýaýratmak, ulanmak;

– terbiýeçilik işlerinde ýüze çykan täzelikleri usuly birleşmäniň agzalaryna ýetirmek we iş tejribesinde ulanmagy gazanmak;

– synpdan we mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik işleriniň üsti bilen okuwçylarda okamaga bolan höwesi artdyrmak;

– mekdepden we sapakdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çärelerine gatnaşmak, olaryň geçirilişini seljermek;
– ylmy-amaly, ylmy-usuly maslahatlary, okaýyşlary, usuly hepdelikleri geçirmek;
– iş meýilnamasy boýunça işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we olaryň netijelerini seljermek.

## Mekdepleriň synp ýolbaşçylarynyň wezipe borçlary barada gözükdiriji hat

Orta mekdeplerde synp ýolbaşçylary mekdep müdiriniň buýrugy bilen okuw ýylynyň başynda synplara berkidilýär. Mekdeplerde synp ýolbaşçylaryndan edilýän talaplar:

1. Synp ýolbaşçysy terbiýeçilik iş meýilnamasyny berkidilen synpy üçin ýyllyk taýýarlaýar.

Iş meýilnamasyny mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary tassyklaýar.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky Permanlary, Kararlary esasynda okuwçylarda ahlak päkligini, watansöýüjiligi, bilime höwesi kemala getirmek.

3. Hormatly Prezidentimiziň ýazan kitaplary, çykyşlary esasynda okuwçylara Watana, ene topraga, il-halkymyza, ata-enesine, synpdaşlaryna hormat goýmagy öwretmek.

4. Synpdaky okuwçylaryň we olaryň ata-eneleriniň şahsyýetini öwrenmek arkaly, hemmetaraplaýyn ösen ýaş şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek.

5. Synpdaky okuwçylaryň agzybirligini, jebisligini gazanmak arkaly, olara bilimleriň esasyny çuňňur ele almaga mümkinçilik döretmek.

6. Okuwçylaryň okuw kitaplaryny, esbaplaryny aýawly saklamaklaryna gözegçilik etmek.

7. Okuwçylaryň jemgyýetçilik guramalary bilen özara hyzmatdaşlygyny göwnejaý guramak, medeni mirasymyzyň, milli däp-dessurlarymyzyň içgin öwrenilmegine ýardam bermek.

9. Dürli okuw dersleri boýunça bäsleşiklere, gözden geçirişlere, agşamlara okuwçylaryň gatnaşmaklaryna goldaw bermek.

10. Sapaklaryna ýetişmeýän okuwçylaryň isleglerine, ukyplaryna görä, dürli gurnaklara, medeni çärelere çekmek, olara ýumuşlar tabşyrmak.

11. Okuwçylary jemgyýete peýdaly zähmete gatnaşdyrmak.

12. Çagalaryň saglygyny goramak, olaryň tehniki howpsuzlygy berjaý etmeklerini gazanmak.

13. Okuwçylar üçin Düzgünnamanyň esasynda olaryň borçlaryny, wezipelerini düşündirmek, özlerini alyp barşyna baha goýmak, pikirlerini we tekliplerini öwrenmek.

14. Maşgalada okuwçylaryň okamagy üçin şertleriň döredilişi, maşgalada gündelik ýerine ýetirilmeli işleriň düzgünleri we ş.m. bilen tanyşmak.

15. Terbiýelemesi kyn hasaplanýan okuwçylaryň döremeginiň sebäplerini öwrenmek, olar bilen wagyz-nesihat çärelerini, ýaşaýan ýerlerinde terbiýeçilik işlerini geçirmek.

16. Önümçilik kärhanalaryna, tebigata, taryhy ýadygärliklere gezelençleri, syýahatlary guramak we netijesini seljermek.

17. Synp ýolbaşçysy berkidilen synpyndaky okuwçylar barada maglumaty, okuwçylaryň maşgala ýagdaýyny doly bilmelidir.

18. Synp ýolbaşçysy berkidilen synpyndaky her bir okuwçysyny doly häsiýetlendirip bilmelidir.

19. Synp ýolbaşçysy ýolbaşçylyk edýän synpynyň okuwçylarynyň okuwa ýetişigi we gatnaşygyny, syýasy-jemgyýetçilik işjeňligini gazanmalydyr.

20. Synp ýolbaşçylary ders mugallymlary, ata-eneler bilen ýakyn hyzmatdaşlykda bolmalydyrlar.

21. Synp ýolbaşçylary her çärýegiň jemi boýunça ata-eneler ýygnaklaryny geçirmelidirler.

22. Synp ýolbaşçylary okuwçy gündelikleriniň ýöredilişine we ýazgylarynyň doly bolmagyna gözegçilik etmelidirler.

23. Synp ýolbaşçylary synp sagatlarynyň sapak ýazgylarynyň giň, sowatly ýazylmagyna borçludyrlar.

24. Terbiýeçilik synp sagatlarynda synp ýolbaşçysy meýilnamada göz öňüne tutulan meselelerden öň okuwçylarynyň salamlaşmak edebiniň dogry ýerine ýetirilişini barlaýar.

25. Synp ýolbaşçylary synp sagatlarynda okuwçylaryň gündelik okuwa gatnaşygy barada maglumaty almalydyrlar we sebäplerini öwrenmelidirler.

26. Synp sagatlarynda okuwçylaryň gündelikleriniň ýöredilişine, mekdep lybasynyň berjaý edilişine seljerme bermelidirler.

27. Synp ýolbaşçylary synp otagyndaky synp burçunyň bezegine, mazmunyna gözegçilik etmelidirler.

28. Synp ýolbaşçylarynyň usuly-amaly işleri, işine berlen bahalary tassyklaýjy resminamalary bolmalydyrlar.

***Synp ýolbaşçysy şu işleri göwnejaý guranda, garaşylýan netijeleri gazanmak bolar.***

# IV BAP

## Ýurdumyzda çagalar we ýaşlar barada alada

Ilkinji we esasy Halkara hukuk resminamasy çagalaryň hak-hukuklary barada BMG tarapyndan 1989-njy ýylda kabul edilen Konwensiýadyr. Bu resminama dünýäniň ähli döwletleri diýen ýaly, şol sanda Türkmenistan döwleti hem 1994-nji ýylda gol çekdi.

Türkmenistan 1994-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda «Çaganyň hukuklary hakyndaky» Konwensiýany ratifikasiýa etdi. Bu Konwensiýa 1989-njy ýylyň 20-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edildi, ol 54 maddadan ybarat.

Biziň ýurdumyzda çagalaryň sagdyn ösmegi, asylly edep-terbiýe almagy ugrunda berkarar döwletimizde uly tagalla edilýär. Hormatly Prezidentimiz: «Çagalara aýratyn söýgi, aýratyn alada bilen garamak, olara özüniň iň gowy zatlaryny bagyş etmek türkmenleriň gadymdan gelýän däpleriniň biridir» diýip nygtamak bilen, çagalar hakdaky aladany ýurtda esasy wezipeleriň birine öwürdi. Türkmenistan ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň çagalaryň hukuklary hakyndaky Jarnamasyny tassyklamak bilen, çagalaryň hukuklaryny goramak boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny doly berjaý edýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan çagany goraýan we onuň bagtly geljegini üp-

jün edýän syýasaty ýöredýär. 2017-nji ýylyň 19-njy aprelinde geçiren mejlisinde Türkmenistan 2018–2020-nji ýyllar üçin BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Ýerine ýetiriji geňeşine saýlandy.

## Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy (TMÝG)

**TMÝG** ýaşlaryň meýletin, özbaşdak, jemgyýetçilik guramasy bolup, ol hem öz möwritini ötüren öňki komsomol guramasynyň deregine döredildi. Gurama ýurdumyzyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýär. Ol adamyň hukugyny, azatlygyny hormatlaýar, ynsanperwerlige hem demokratiýa, halklaryň arasyndaky dostluga hem hyzmatdaşlyga, ykdysady we sosial gatnaşyklara belent sarpa goýýar, pikirdeş ýaşlary özüne birleşdirýär. TMÝG-ä 14-den 37 ýaşa çenli adamlar agza bolup bilýär. Diýmek, bu jemgyýetçilik guramasyna agza bolmak umumy orta bilim berýän mekdeplerden başlanýar. Şoňa görä ýaşlaryň bu birleşiginiň ýaşaýyş-durmuşy, iş aladalary öz gözbaşyny mekdep ýyllaryndan alyp gaýdýar.

Ýaşlar guramasy ýaş nesliň köptaraplaýyn ösmegi üçin zerur bolan şertleri döretmegi, ýaşlaryň başarnygyny, mümkinçiligini açyp görkezmegi, hukuklarydyr bähbitlerini goramagy öz öňünde esasy maksat edip goýýar.

Ýaşlar guramasynyň wezipeleri köptaraplydyr. Şol wezipeler, birinjiden, ýaşlaryň kanuny hukuklaryny goramagy, ukybyna görä hünär öwretmegi, telekeçiligi ösdürmegi, ekologik taýdan sagdyn düşünjeli bolmagy gazanmagy, ýaş maşgalada dünýä inen çagany terbiýelemek üçin amatly şertleri döretmegi özünde jemleýär. Ikinjiden, ýaşlaryň türkmen halkynyň we beýleki halklaryň däp-dessurlaryna sarpa goýmagyny, olaryň arasyndan ukyplylary, zehinlileri ýüze çykarmagy, bilim derejesini yzygiderli ösdürmegi, sagdyn durmuş keşbini döretmegi göz öňünde tutýar, üçünjiden, ýurtda il agzybirligini, abadançylygyny berjaý etmekde, daşary ýurtlardaky arkadaşlarymyz, ýaşlar guramalary bilen aragatnaşygy, syýahatçylygy ösdürmekde hem kämilleşdirmekde esasy güýç bolup durmagy niýet edinýär.

TMÝG-niň agzalarynyň maddy mümkinçiliklerinden peýdalanmaga, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ýüz tutup bilmäge,

saýlanmaga, saýlamaga, maslahatlara gatnaşmaga, tankyt etmäge, teklipler girizmäge, öz garaýşyny gorap saklamaga, zerur bolan maglumatlary almaga, öz guramasyndaky işleriň ýagdaýyny barlamaga, tejribe taýdan kömek bermäge hukugy bar. Şonuň bilen birlikde, guramanyň talaplaryny, kararlaryny ýerine ýetirmäge, biri-birini hormatlamaga, sarpasyny saklamaga, öz üstüne ýüklenen borjuna jogapkärçilik duýgusy bilen garamaga borçludyr.

Ýaşlar guramasynyň agzalary döwletiň, halkyň umyt bilen garaýan türkmen binasynyň daýanç sütünleri bolar diýip ynam edýän adamlarydyr. Garaşsyz Diýary, türkmen demokratiýasyny, türkmen ruhuny ösdürjegem, gorap saklajagam, dünýäde iň meşhur ýurda öwürjegem şolardyr.

Ýaşlar guramasynyň ilkinji guramasy hemme babatda erkin, özbaşdak hereket edýär. Ol öz durmuşy, işi bilen baglanyşykly meseleleri özbaşdak çözüp, içki gurluşyny hem, iş görnüşleridir usullaryny hem özüçe kesgitläp bilýär. Guramalar öz meselelerini çözmek üçin konferensiýalar geçirýär.

Ýaşlar guramasynyň iş esaslary (prinsipleri) dünýewi, demokratik, hukuk döwletini gurýan Garaşsyz Türkmenistanyň ýöredýän daşary we içeri syýasaty bilen berk baglanyşyklydyr.

1. Işiň watançylyk ruhunda bolmak esasy–ýaşlaryň hakyky watançy bolup ýetişmegini, halk, Watan bilen bilelikde dem almagyny, şol hereketde öň hatarda bolmagyny göz öňünde tutýar. Bu bolsa her bir ýaş ynsanyň Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň alyp barýan syýasaty bilen ýugrulmagyny göz öňünde tutýar.

2. Topar bolup hereket etmek esasy – ýaşlaryň durmuşy hem işi bilen baglanyşykly bolan derwaýys meseleleriň köpçülik bolup ara alnyp maslahatlaşylmagyny, makullanylmagyny, onuň durmuşa geçirilmegi üçin her bir agzanyň uly jogapkärçilik duýgusy bilen çemeleşmegini maksat edinýär.

3. Hemme guramalaryň saýlawly bolmagy hakyky demokratik esaslardan ugur alýar. Bu esas her bir agzanyň toparyň tutuş köpçüligiň we onuň ýolbaşçylarynyň hasabat berip durmagyny hem nazara alýar.

4. Öz kemçiligini görüp, ony ýazgaryp bilmek hem aýanlyk esasy – kemçilikleri ýüze çykaryp, hatalaryň kim tarapyndan goýberilendligine garamazdan, äşgär etmegi, olary düzetmegiň ýollaryny

açyp görkezmegi nazara alýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, her bir ýaş adam ýurduň içeri, daşary syýasaty, sosial we ykdysady ýagdaýlary bilen baglanyşykly meseleler dogrusynda pikir ýöredip, öz garaýyşlaryny beýan edip bilýär.

5. Köpçüligiň haýryny ileri tutmak esasy – bu wyždanly, ynsaply, ynsanperwer bolmagy göz öňünde tutýar. Bu esas umumy döwlet bähbidinden ugur alýar. Il-günüň aladasy bilen ýaşamak, onuň bähbidi bilen ýaşamak, onuň bähbidi hakda alada etmek türkmeniň gadymdan gelýän ýörelgesidir. Halk «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» diýmek bilen, il-ulsuny hemme zatdan ileri tutupdyr.

6. Teklipler girizmek, işjeňlik görkezmek esasy makullanylan hem kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilmegi ugrunda alada etmegi, zähmet çekmegi göz öňünde tutýar.

7. Iş usullarynyň, täsir ediş tärleriniň dürli-dürli bolmak esasy ýaşlaryň işiniň gyzyklanmalara, isleglere, şol bir wagtyň özünde-de ukyplara görä guralmagyny, çuň mazmunly, döredijilikli häsiýetde bolmagyny üpjün edýär, demokratik garaýyşlaryň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik döredýär.

# V BAP

## MAŞGALA TERBIÝESI WE ONUŇ PEDAGOGIK ESASLARY. MAŞGALA EDEP-TERBIÝÄNIŇ GÖZBAŞYDYR

Häzirki döwürde maşgalanyň meseleleri köp ylymlar tarapyndan öwrenilýär: ***ykdysadyýet, hukuk, etika, demografiýa, etnografiýa, psihologiýa, pedagogika*** we beýlekiler. Bularyň her biri özboluşlylyklaryna laýyklykda maşgalanyň hereketlenişiniň degişli taraplaryny ýüze çykarýarlar. Pedagogika maşgalanyň häzirki zaman jemgyýetindäki terbiýe wezipelerini, onuň maksadyny, serişdelerini, ata-eneleriň hukukdyr borçlaryny, olary terbiýe tutumynda mekdep we beýleki çagalar edaralary bilen aragatnaşygy nukdaýnazardan yzarlaýar, maşgala terbiýesiniň mümkinçiliklerini we ýetmezçiliklerini ýüze çykarýar, olary aradan aýyrmagyň ýollaryny işläp düzýär.

**Maşgala**–***bu şahsyýet bilen jemgyýetiň özara täsirini üpjün edýän, olary birleşdirýän we olaryň höwes-islegleriniň ileri tutumlaryny seljerýän esasy gurluşlaryň biridir***. Ol adama durmuşy maksatlar we gymmatlyklar, bilmeli wajyp zatlar we özüňi alyp barmagyň nusgalary dogrusynda düşünje berýär. Ýaşajyk raýat maşgalada bu düşünjeleri özüniň beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda ulanmagyň ilkinji amaly endiklerini alýar, gündelik aragatnaşyk ýagdaýlarynda özüňe erk etmegi dolandyrýan kadalary özleşdirýär.

Ata-eneleriň ündewleri, düşündirmeleri, olaryň göreldesi, öýüň umumy durmuş tutumy, maşgala düzgüni, çagalarda özüňi alyp barmagyň endiklerini, gowulygy, erbetligi, mynasyplygy, kelpezligi, adalatlylygy we adalatsyzlygy bahalandyrmagyň şertlerini döredýär, ýöne çagalary terbiýelemek diňe bir ata-eneleriň şahsy işi bolman, ol jemgyýetiň üns-aladasynda durýan meseledir. Maşgala terbiýesi jemgyýetçilik terbiýesiniň iň bir ähmiýetli we özboluşly tarapydyr. Onuň özboluşlylygy, ilkinji nobatda, ösýän şahsyýete «ilkinji durmuş sapaklaryny» berýänligindedir. Bu sapaklarda çaga geljekdäki durmuş hereketlerine we onda özüňi alyp barmagyň tärlerine gollanma alýar. Ikinjiden, maşgala terbiýesi özüniň yzygiderliligi we kemala gelýän şahsyýetiň ähli taraplaryny öz içine alýanlygy sebäpli örän netijelidir. Ol çagalaryň, ata-eneleriň öz aralaryndaky durnukly we duýgy (emosional) gatnaşyklary esasynda gurulýar. Bu gatnaşyklar diňe bir çaga, ata-enä tebigy mahsus söýgi we ynanç duýgulary mazmunda däl-de, çagalaryň özlerini goragly duýmagy, öz pikir-aladalaryny paýlaşmak, ululardan kömek almak mümkinçiligi häsiýetde bolýar. Maşgala çagalaryň irki döwürde ösüşiniň, işiniň we durmuşynyň esasy gurşawy bolup, bu häsiýetini ýetginjeklik döwürde hem saklaýar. Maşgala aragatnaşygy tutumynda ulularyň durmuş tejribesi, medeniýetiniň derejesi, özüni alyp barmagyň nusgalary ösýän nesle geçirilýär.

Örňäp-ösüp gelýän nesle maşgalada berilýän edep-terbiýäniň many-mazmuny giň hem düýplüdir. Adam kämil şahsyýete mahsus bolan sypatlaryň esasy taraplaryny maşgalada alýar. Onuň akylly-başly, ýokary ahlakly, sagdyn, gözellik dünýäsine düşünýän, zähmete werziş adamlar bolup ýetişmeginde maşgalanyň orny biçak uludyr. Perzendi akylly-başly edip ýetişdirmek ata-enäniň baş maksady bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, nesil dünýä inip, üme-çüme düşünip ugransoň, öz gelen dünýäsiniň hemme taraplary bilen tanşyp, olara akyl ýetirip ugraýar, ilki özüne iň ýakyn bolan adamlary, olaryň iş aladalary, gatnaşyklary bilen tanşyp, mähir-muhabbetini duýup ugraýar, daş-töweregini gurşap alan zatlaryň atlaryny, hillerini, sanlaryny, bir-birleri bilen arabaglanyşygyny öwrenip başlaýar, bolup geçýän hadysalardyr wakalar bilen tanyşmagyny dowam etdirýär, has takygy, onuň tebigat we adamzat dünýäsi bilen aragatnaşygy döräp, ösüp hem-de berkleşip ugraýar. Şol bir wagtyň özünde-de onuň adamkärçilik sypatlary emele gelýär. Ine, şol döwürde ony gurşap alan beýleki adamlaryň, ozaly bilen, ata-enäniň akyl terbiýesini örän seresaply hem oýlanyşykly edip ýola goýmagy möhümdir. Körpe nesliň bilesigelijiligini ösdürip durmagy hökmandyr.

Çaganyň deslapky **ahlak** düşünjeleri hem maşgalada emele gelýär. Oňa özüňi alyp barmagyň ilkinji düzgünleri aýratyn öwredilýär. Çaga adamlaryň özlerini alyp barşyndaky ýagşy we ýaman taraplaryna kem-kemden düşünip, olara baha berip ugraýar.

Maşgalada amala aşyrylýan ahlak terbiýesiniň çygry has giň. Ony watançylyk, ynsanperwerlik, halklaryň dostlugy ruhunda terbiýelemek, rehim-şepagatly, buýsançly, edepli-ekramly, düzgün-nyzamly, dogruçyl, ak ýürekli edip ýetişdirmek maşgalada başlanýar. Şeýle edilende, ulyny sylamak, ýoldaşyňa hormat goýmak, öý hojalyk işlerine kömekleşmek, öz kemçiligiňi duýmak, ony düzetmegi başarmak, galplyga, adalatsyzlyga barlyşyksyz bolmak ýaly asylly ahlak sypatlary maşgalada kemala gelip başlaýar.

Maşgalada amala aşyrylýan terbiýeçilik işiniň ýene bir ugry bolan **zähmet terbiýesinde** çagada zähmete söýgi döretmek, zähmet adamsyna hormat goýmagy, öndürilen önüme aýawly garamagy öwretmek, güýjüniň ýetdiginden zähmetiň dürli görnüşlerine gatnaşdyrmak, iňňän ownujak bolsa-da, öz bitiren işine guwanmak hem buýsanmak, ynanylan ýumşa jogapkärçilik bilen ýapyşmak duýgusyny döretmek möhümdir. Munuň özi maşgala terbiýesiniň möhüm wezipeleriniň biridir.

Maşgalada berilýän zähmet terbiýesiniň görnüşleri dürli-dürlüdir. Okuw zähmeti, öz-özüňe hyzmat ediş, öý-hojalyk, öndürijilikli zähmet – bularyň hemmesi maşgalada amala aşyrylýan zähmet terbiýesi-

niň esasy görnüşleridir. Ata-enä, ýaşuly adamlara hyzmat etmek, kiçiler hakda aladalanmak, biş-düş, arassaçylyk işlerine gatnaşmak, ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik ýaly pişeler bilen meşgullanmak maşgalada durmuşa geçirilýän zähmet terbiýesiniň süňňüne ornaşyp gidipdir. Diýarymyzyň garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen türkmeniň öz aslyna dolanmagyna mümkinçilikler döredi, amaly-haşam sungatynyň, türkmen milli oýunlarynyň gadymdan gelýän ugry täzeden janlanyp başlady, gyzlara milli el hünärlerini, edep-ekramlylygy öwretmäge giň ýol açyldy. Milli galkynyşyň bu görnüşleri maşgala terbiýesi bilen gatylyp-garylyp gidýär.

Maşgalada durmuşa geçirilýän terbiýeçilik işleriniň ýene bir ugry nesilleri **berk bedenli, sagdyn**, gujurly hem gaýratly, güýçli hem dogumly, ata Watany, ene topragy goramaga ukyply, onuň hatyrasyna zähmet çekmäge hemişe taýýar adamlar edip ýetişdirmek bilen baglanyşykly bolan aladalardyr.

Öň hem belläp geçişimiz ýaly, nesliň saglygy ugrundaky işler çaga entek dünýä inmänkä başlanýar, sebäbi ata-enäniň sazlaşykly guralan ýaşaýyş-durmuşy, birek-birege ýürekden eçilýän mähir-muhabbeti, göwreli eneler hakda durmuşa geçirilýän döwlet derejesindäki çäreler nesliň sagdyn bolup ýetişmeginiň esasy şertidir. Perzendiň dünýä inen gününden başlap, onuň bedenini kem-kemden berkitmek, wagtly-wagtynda ýatyrmak, ukudan turuzmak, ýuwundyrmak, naharlamak ýaly birgiden çäreler beden terbiýesiniň ilkinji ädimleridir. Dürli-dürli hereketli oýunlar, çalasynlyk bilen edilýän hereketler, maşklar, gezelençler, türgenleşikler, her kimiň ýaşyna, güýjüne laýyklaşdyrylyp berilýän zähmet ýumuşlary çaganyň saglygyny berkidýär, güýjüne güýç goşýar. Maşgalada beden terbiýesiniň netijeli bolmagy üçin ilkibaşdan dogry guralan maşgala däbiniň, adatynyň bolmagy zerur.

Mekdep ýaşyndaky okuwçynyň maşgaladaky adaty hereketleri onuň okuw işi, dynç alşy, gaýry höwesleri hem ymtylyşlary bilen örän oýlanyşykly utgaşdyrylmalydyr.

Çaganyň tebigat dünýäsindäki, adamzat jemgyýetindäki, sungat älemindäki **gözelliklere** düşünip, akyl ýetirip, olara baha berip bilmekligi hem maşgaladan başlanýar. Türkmeniň üsti belent garly daglaryna, deňiz-derýalaryna, tokaýlaryna, çöllüklerine, bagy-bossanlyga öwrülýän şäherlerdir oba-kentlerine, asyrlaryň jümmüşinden

habar berýän adamyň akyly hem eli bilen bina edilen taryhy-arheologik ýadygärliklere, muzeýlere, köşklere, metjitlere, gaýry ajaýyp ymaratlara bolan söýgi hem öz gözbaşyny maşgaladan alyp gaýdýar. Gelin-gyzlaryň kaddy-kamatyna, edep-ekramyna, owadanlygyna, olaryň akyl-paýhasy, yhlasy bilen döredilen gözelliklere, saza, sungata, pederlerimiziň döreden senetlerine, ynsanyň we onuň edebiniň gözelligine bolan söýgi hem öz gözbaşyny maşgaladan alyp gaýdýar. Gözellige düşünýän, oňa sarpa goýýan adam gözeldir, ruhy-ahlak taýdan baýdyr, onuň kalby päkize, niýeti düzüwdir. Her bir ata-ene şuny ünsden düşürmeli däldir.

Maşgalanyň durmuşa geçirýän terbiýeçilik çäreleriniň ugurlary diňe bir agzalyp geçilenler bilen çäklenmeýär. Maşgala terbiýesiniň mazmunynda **hukuk** düzgünleri baradaky düşünjelerem, ykdysadyýete, ekologiýa degişli meselelerem esasy orun tutýar. Şu ýerde bir zady bellemekçi. Ol hem terbiýeçilik işiniň hemme ugurlarynyň özara berk baglanyşyklylykda amala aşyrylýanlygyndandyr, olaryň biriniň beýlekisiniň üstüni ýetirip durýanlygydyr, aýdaly, ahlak terbiýesini gözellik ýa zähmet terbiýesinden, beden terbiýesini ahlak ýa gözellik terbiýesinden üzňelikde göz öňüne getirip bolmaýanlygydyr. Muny ata-eneler özara baglylykda, utgaşdyryp durmuşa geçirýärler.

Umuman aýdanymyzda, maşgala terbiýesiniň netijeli bolmagy üçin ata-eneleriň: a) maşgala pedagogikasynyň tejribe meselelerinden baş çykaryp bilmekleri; b) Garaşsyz Türkmenistanyň mynasyp ogul-gyzlaryny terbiýeläp ýetişdirýändiklerine düşünmekleri; ç) çaganyň ruhy dünýäsiniň baý bolmagyny üpjün edip bilmekleri; d) perzendi terbiýelemek babatyndaky borçlaryna akyl ýetirmekleri hem berjaý etmekleri; e) oglunyň, gyzynyň ylym-bilim, edep-terbiýe alyp bilmekleri, kesp-kär öwrenmekleri üçin mümkin bolan şertleri döretmekleri; ä) perzendiň akyl-paýhas ösüşinden, dünýä garaýşyndan yza galmazlyk üçin çalyşmaklary; f) mekdep bilen ysnyşykly aragatnaşykda özara ylalaşykly hereket etmekleri zerurdyr.

Häzirki döwürde garyndaşlyk baglanyşygynyň gurluşyna baglylykda **maşgalanyň dürli görnüşleri** ýüze çykarylýar. Olaryň arasynda giňden ýaýrany ata-eneleriň nika baglanyşmadyk çagalary bilen birligini döredýän maşgaladyr. Eger çagalaryň käbiri nikada durýan bolsa, onda **giňeldilen** ýa-da **çylşyrymly** maşgala ýüze

çykýar. Ol özünde üç ýa-da ondan köp bolan, bile ýaşaýan we umumy hojalyk bilen baglanyşykly nesilleri jemleýär. Maşgalanyň görnüşini ýüze çykarmak üçin möhüm esaslaryň biri-de onuň özenini düzýän ýanýoldaşlaryň ikisiniň-de bolmagydyr. Muňa laýyklykda düzümine är-aýal goşulýan **doly maşgala** we olaryň biriniň ýoklugynda döreýän **doly däl** maşgala tapawutlandyrylýar.

Agzalan maşgalalaryň haýsy biriniň terbiýe meselelerini çözmäge has oňaýlydygyny aýtmak kyn. Olaryň her birinde artykmaçlyklar we kemçilik bardyr. Meselem, ýönekeý maşgalada ýaş ösdürim uly özbaşdaklyga we jogapkärçilige öwrenişýär, onda «atalar» bilen çagalaryň arasynda dartgynlyk, näsazlyk az bolýar, ýöne şeýle maşgalada ululary we çagalary birleşdirýän maşgala däpleri çalt ýitýär, uly nesillerde öz agtyklary bilen aragatnaşykda bolmak mümkinçiligi aradan aýrylýar, olara terbiýeçilik aladasy peselýär. Çylşyrymly maşgalanyň-da oňyn we oňyn däl taraplary bardyr. Bir tarapdan, özünde birnäçe nesli jemleýän uly agzybir maşgala özüniň agzalaryna giňişleýin aragatnaşykda we täsirde bolmak mümkinçiligini açýar, güzeran ýeňilleşýär: ulular çagalary terbiýelemekde kömek berýär, olara gözegçilik edýär. Başga bir tarapdan, terbiýe meselesinde dürli nesliň wekilleriniň pikirlerinde gabatlaşmazlyk döräp, maşgalada çaknyşyklaryň döremegine getirýär. Netijede, çagalar oňaýsyz ýagdaýa düşýär.

Maşgalanyň özboluşly görnüşi doly däl maşgala bolup, onuň sebäpleri köpdürlüdir. Esasy sebäpleriň hatarynda är-aýalyň aýrylyşmagy bolup, bu hadysa çagalara uly urgy bolýar, ýöne doly däl maşgalalary öňünden erbet diýip hasaplamak bolmaz. Ondaky çagalara geljegi garaňky çagalar diýmek hem nädogrudyr. Kähalatlarda maşgala terbiýe jähetde hut är-aýalyň aýrylyşmagy netijesinde özüniň betbagtlygyndan halas bolýar. Maşgaladan çagalara üznüksiz ters görelde bolýan arakhor, neşekeş, psihikasy bozulan ata garasyny saýlap, onuň agzalary asuda durmuş gurşap alýar.

Elbetde, doly däl maşgalada maddy üpjünçiligiň peselmegi, çagalar bilen galan enäniň (ýa-da atanyň) aladasynyň, psihologik dartgynlygynyň artmagy netijesinde terbiýe şertleri çylşyrymlaşýar. Ýöne şol bir wagtyň özünde maşgalanyň içinde umyt dörediji ýagdaýlar hem ýüze çykýar: çagalar başyna eklenjiň ähli labyry inen ene-atany

5. Sargyt № 1361

duýgudaşlyk bilen gurşap, oňa kömek bermäge, özleriniň höwes-taplaryny çäklendirip, oňa has golaý durýarlar. Bu ýagdaý maşgalada amatly ahlak gurşawy döredip, kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde maşgalanyň dürli görnüşlerine ýagdaýa bap çemeleşmek, ondaky çagalaryň durmuş kynçylyklaryny üns merkezinde tutmak meselesi öz wajyplygynda galýar. Bu babatda hut şeýle kynçylyklary üstünlikli ýeňip geçen maşgalalaryň tejribesi möhüm ugrukma bolup biler.

## Maşgala terbiýesiniň şertleri we görnüşleri

Ata-eneleriň pedagogik medeniýetini ýokarlandyrmagyň möhüm serişdesi maşgala pedagogikasy bolup, ol pedagogika ylmynyň möhüm pudagydyr. Ol ata-enelere özleriniň terbiýe işleriniň netijelerini aňly göz öňüne getirmäge, maşgala terbiýesiniň maksatnamasyny, onuň usullaryny we guralyş tärlerini işläp düzmäge, çylşyrymly ýagdaýlarda dogry pedagogik karara gelmäge ýardam edýär.

Adatça, çaganyň kadaly şahsyýet bolup ýetişmekligi üçin şeýle şertleriň zerurlygy nygtalýar.

**1. Maşgalanyň mäkämligi, maşgala agzalarynyň agzybirligi, özara ylalaşykly hereketleri, birek-biregiň sarpasyny saklamaklary.**

Maşgalanyň mäkämligi çagada asylly sypatlary emele getirmegiň esasy şertleriniň biridir. Elbetde, maşgala agzybirligini emele getirmek ýeňil däldir, ýöne örän möhümdir, ol biçak uly tagallany, akylly-başly hereketi talap edýär. Agzybir ýaşaýan maşgala bagtlydyr, ruhubelentdir, onuň rysgaly bitin hem boldur. Bagtly geljegi, rahat durmuşy barada çynlakaý oýlanýan adamlar üçin agzybir maşgalany döretmek şeýle bir kyn hem däldir.

Eger ýanýoldaşlar biri-birleri hakda çyny bilen alada etseler, şatlanan ýerinde şatlanyp, ynjan ýerinde gynansalar, aralarynda düşünişmezlik dörände-de, sene-mene etmezden, ikiçäk bolup düşünişseler, eglişik etseler, mähir-muhabbetli bolsalar, öz ata-enelerine, dogan-garyndaşlaryna uly iliň sylaýan adamlaryna sarpa goýsalar..., ine, şeýle ýagdaýda maşgala agzybirligi has hem pugtalanýar.

Şeýle gurşawda bolmadyk adam öz ýakynlaryny, watandaşlaryny, Watanyny söýüp, adamlara ýagşylyk edip bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde köre-körlük bilen berilýän ene söýgüsi, çagany çybykdan erbet saýgylaýar we adamy ahlaksyz doýmaz-dolmazlyga ýa-da diňe özüni bilýän wezipeparazlyga itekleýär.

**2. Göreldäniň güýji.**

Çaganyň bilim, tejribe özleşdirişiniň möhüm usuly öýkünmekdir. Bu endige eýerip, çaga öz daş-töweregindäkileriň ähli hereketlerini we edim-gylymyny gaýtadan dikeltmeklige ymtylýar. Takmynan, 7 ýaşdan başlap çaga özüniň hususy «ahlak esaslaryny» döredip, oňa laýyklykda daşyndakylaryň özüni alyp barşyny, hereketlerini bahalandyrýar. Şonuň üçin hem, çagany söýýän we oňa ýagşylyk etmek isleýänler özüniň her bir ädimini ölçäp, oňa ahlaksyzlyga golaýlaşýan özüňi alyp baryş nusgasyny görkezmezlige çalyşmalydyrlar.

Ata-babalarymyz, ene-mamalarymyz onuň şeýledigine aňyrsy-bärsi bilen göz ýetirip, nesillere hemme babatda: watanperwerlikde-de, ynsanperwerlikde-de, ulynyň-kiçiniň sarpasyny saklamakda-da, zähmetsöýerlikde-de, parasatlylykda-da, arly-namysly bolmakda-da, kesp-käre ökdelemekde-de görelde bolmagy başarypdyrlar. Şol asylly däpleriň türkmen maşgalasynyň köpüsinde häzirem dowam etdirilýändigine ençeme maşgalalarda edep-terbiýe işleriniň tärleri bilen tanşanmyzda-da göz ýetirdik. Ata bilen enäniň özara sypaýy gatnaşygy, özlerini sypaýy alyp barşy, işe-pişesine bolan jogapkärçilikli garaýşy, kärdeşleridir goňşularynyň, beýleki adamlaryň gazanan üstünliklerine guwanjy, dogduk Diýarymyzyň Garaşsyzlygyna bolan buýsanjy...– bularyň hemmesi ýaş nesliň aňyna ýörite okalýan okaýyşlardanam, edilýän öwüt-ündewlerdenem güýçli täsir edýär.

**3. Dogruçyllyk, sözüň bilen hereketiň deň gelmegi.**

Dogruçyllyk, sözüň bilen hereketiň deň gelmegi geljekki kämil şahsyýetiň kemala gelmeginde möhüm orna eýedir. Çaga pikirlenmegi, dogruçyllygy, söz bilen işiniň birligini öwredýän ýokary ahlakly terbiýeçiniň bolmagydyr. Şeýle terbiýeçi çaganyň enesi bolsa has gowy, ýöne ol adaty terbiýeçi hem bolup biler. Onuň garamagynda 6-7 çaga bolýar. Bu möçber terbiýeçiniň çagalaryň her biri bilen duý-

gy-emosional gatnaşykda bolmagy üçin zerur we ýeterlikdir. Ata-enäniň dogruçyllygy, adalatly, lebzine ygrarly bolmagy perzentde ruhubelentlik, buýsançlylyk duýgularyny döredýär.

**4. Ata-enäniň çagany kemally adam edip ýetişdirmek babatyndaky öz jogapkärçiligine düşünmegi hem şoňa görä alada etmegi.**

Munuň özi her bir ata-ene, olaryň orunlaryny tutýan adamlar üçin kanuny talapdyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Türkmenistanyň «Bilim hakynda» Kanunynda ata-ene çaganyň sagdyn, akyllybaşly, edepli bolup ýetişmegi, umumy bilim almagy, ruhy-ahlak taýdan ösmegi üçin zerur bolan şertleri döretmelidir diýlip aýdylýar.

**5. Milli ruhly terbiýe.**

Perzendi türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden pähim-paýhasynyň, asylly däpleriniň, türkmen edebiniň, häsiýetiniň, sabyrlylygynyň, edim-gylymynyň, senediniň, sungatynyň esasynda terbiýelemekde ata-eneleriň bitirip bilýän hyzmaty biçak uludyr.

**6. Çaganyň gatnaşmagynda guralýan üznüksiz, jemgyýet ähmiýetli, şatlykly zähmet.**

Okuwçylar öz ýaşaýan ýerlerinde jemgyýete peýdaly zähmete gatnaşýarlar (köçeleri abadanlaşdyrmak, güllere we ösümliklere gözegçilik etmek, oýnalýan we sport oýunlary guralýan meýdançalary arassalamak), sport – köpçülik işleri bilen meşgullanýarlar, gezelençler, ýörişler guraýarlar. Ulularyň işini synlap, çaga oňa öz oýun işinde öýkünip başlaýar. Soň-soňlar bolsa onuň özi ilki ululara kömekçi, has gijräk döwürde ýerine ýetiriji bolup işe goşulýar. Zähmete gatnaşdyrmak çagalarda zähmet adamlaryny hormatlamak, ýaltalary, işýakmazlary ýazgarmak ýaly ahlak duýgularyny terbiýelemek üçin hem ähmiýetlidir.

**7. Çaganyň ähli ukyplaryny sazlaşykly ösdürmek.**

Erteki, aýdym-saz diňlemek, fiziki maşklary, ylgawly oýunlary oýnamak, bakjada işlemek, sepleşdiriji oýunjaklar arkaly oýnalýan oýunlar, goşgy okamak, küşt oýnamak, surat çekmek, ýasamak ýaly işler bilen utgaşdyrylmagydyr. Şeýle dürli-dürlülik çaganyň tebigy zehininiň işiň haýsy görnüşinde ýüze çykjakdygynyň nämälimligi bi-

len düşündirilýär. Özüniň geljekki ukyplaryny anyklamak üçin çaga ýumuşlaryň mümkingadar köpräk görnüşleri bilen meşgul bolmalydyr. Ata-eneler kähalatlarda aňrybaş aladaçyllyk edip, çaganyň geljekki işini özleriçe kesgitläp, onuň zehin-ukyplarynyň doly açylmagyna böwet bolýarlar.

**8. Kem-käsleýin we yzygiderlilik düzgünini berjaý etmek.**

Terbiýeçi çaganyň, esasan, öz mümkinçiligine laýyk işlere meşgul bolmagyna gözegçilik etmelidir. Şeýle edilmese, onuň iş-ýumuşlara höwesi gaçyp, ýaltaçylyga ýüz urýar. Çaganyň beden we psihologik ösüşiniň depginine laýyklykda ýumuşlar, sapaklar kem-kemden çylşyrymlaşdyrylmalydyr.

**9. Çaganyň durmuşyndan artykmaç gyjyndyryjylary, täsirleri aýyrmak.**

Bu çendenaşa bol-telkiligi, ýeter-ýetmezçiligi, çilimi, aragy, humarly oýunlary aýyrmakdyr. «Artyk gyjyndyryjylardan» lezzet almaklyga endik eden çagada maksada gönükdirilen işe ukyp döremeýär, onuň üçin serişde ähmiýetli gymmatlyklar ähmiýetli gymmatlyklara öwrülýär.

## Terbiýeçilik işinde maşgalanyň we mekdebiň özara gatnaşygy

Mekdebe barmak ösýän şahsyýetiň durmuşynda örän çylşyrymly we jogapkärli öwrülişikdir. Durmuşyň depgini, daşky gurşaw, dünýäni özleşdirmegiň usuly özgerýär. Başlangyç mekdep ýaş döwri çaganyň ahlak keşbiniň kemala gelşiniň aýgytlaýjy pursadydyr. Hut şu döwürde şahsyýetiň döredijilikli bolmagy ýa-da bolmazlygy aýgyt edilýär.

Maşgalanyň we mekdebiň özara baglanyşygy, ata-eneleriň we mugallymlaryň özara gatnaşygy jemgyýet üçin iň bir wajyp meseleleriň biri bolup, ol pedagogika ylmynyň üns merkezinde durmalydyr. Bellibir döwürde maşgala jemgyýetiň terbiýeleýji, mekdep bolsa okadyjy öýjügidir diýen pikir pedagogikada has ýörgünlidi. Bularyň birinjisi şahsyýetiň ruhy dünýäsiniň esasyny döredýän, ikinjisi bolsa onuň bilim, başarnyk endiklerini kemala getirýän gurluş hasaplanýardy. Haçanda ýetginjek hukuk bozujy işler edende «Kim esasy günäkär maşgalamy ýa-da mekdep?» häsiýetindäki çekişme döreýärdi.

Mekdebiň çagalary terbiýelemekde aýgytly orny hakynda gürrüň edilende, göýä maşgala terbiýesiniň ähmiýeti peseldilýän ýaly kabul edilýärdi. Tersine, maşgalanyň bu meseledäki jogapkärçiligi aýdylanda mekdebiň okuwçy ýaşlaryň ruhy dünýäsini, olaryň özüni alyp barşyny kemala getirmekdäki ähmiýetiniň birjik-de peselmeýändigi ýörite nygtalmaly bolýardy. Hakykatda şeýle bölünişik esassyzdyr. Şahsyýetiň kemala getirilişinde maşgalanyň, mekdebiň, jemgyýetçiligiň terbiýe öwrediş täsiri aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olaryň diňe biri-biriniň üstüni ýetirijilikli terbiýe we okadylyş prosesi kemala getirilýän ösdürimiň sazlaşykly şahsyýetini, salyhatly edim-gylymyny, üstünlikli okuw-amaly işini guramagyň hakyky girewidir.

Maşgalanyň mekdebiň gatnaşygy dogrusyndaky sowalyň umumy ugrukma häsiýetdäki çözgüdi olaryň terbiýe işiniň özara baglanyşygy, biri-birinden ugur alyjylygy, biri-biriniň üstüni ýetirijiligi we biri-birini berkidijiligi mazmundan ugur almalydyr. Terbiýäniň manysy çaga öňden ykrar edilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny siňdirmek we ony jemgyýetçilik ýaşaýşyna ýaramly, ukyply şahsyýete öwürmekdir.

Maşgala, mekdep jemgyýetçilik terbiýesiniň çagalyk, ýetginjeklik döwründäki iki sany esasy we deň hukukly alyp baryjysydyr. Meseläniň çözgüdi bularyň wezipesini aýrybaşgalaşdyryp, maşgalanyň jogapkärçiligini peseltmekde däl-de, oňa pedagogik toparyň täsirini birikdirip, terbiýe tutumyny çuňlaşdyrmak arkaly bilim berşiň we terbiýäniň hilini ýokarlandyrmagyň töwereginde jemlenýär. Diňe şeýle şertlerde okuwçylaryň zähmet okuwyny we hünäre ugrukdyrylyşyny üpjün edip, ýaşlarda ýokary ahlak sypatlaryny döretmek bolar. Ata-eneler jemgyýeti özüni pedagogik toparyň «mätäç hossary» däl-de, terbiýäniň maksadyny we serişdelerini amala aşyrmakda, pedagogik täsiri şol bir mekdebiň, ösdürimiň maşgala-durmuş gurşawynyň aýratynlygyna laýyk guramakda bu kollektiwiň arkadaşy hasaplamalydyr. Ata-eneler özlerini aşakdaky orunlarda görkezmelidirler:

♦ *Mekdebiň kadaly işini serişdeler bilen üpjün* etmekde (özüniň şahsy mümkinçiliklerini ulanyp);

♦ *Okuw işinde (meselem, etika, estetika, hukugyň esaslary sapaklaryny alyp barmakda);*

♦ *Terbiýeçilik işinde mekdep bilen ylalaşyklykda okuwçylaryň durmuş meýilnamalarynyň, isleg-höwesleriniň, boş wagtynda toplan*

*maglumatlarynyň bahalandyrylmagynyň şertleriniň kemala getirilmegine täsir etmek;*

♦ *Okuwçylaryň synpda galdyrylmagynyň öňüni almak, okuwa höwesini ýitirenleriň oňa höwes-gyzyklanmasyny döretmek;*

♦ *Okuwy gutaranlary täze durmuş keşbine öwrenişmekde goldamak, olarda zähmetsiz gazanç etmek meýliniň döremeginiň öňüni almak.*

Özara gatnaşyklarynda mugallymlar ata-enelere diňe maşgala terbiýesinde goýberýän säwliklerini görkezmän, eýsem, ata-eneler hem mugallymlara mekdebiň işindäki hut şeýle kemçilikleri ýaňzytmalydyrlar, ýöne özara tankyt düýpli esaslandyrylan we meseläniň anyk çözgüdine gönükdirilen bolmalydyr. Bu işde umumy sözlerden, birek-biregi esassyz ynjalyksyzlandyrmalardan gaça durup, takyk teklipler bolmalydyr.

Sözleýiş we çekişme guramak medeniýeti diňe bir mugallymyň we ata-eneleriň özara gatnaşmagynda däl-de, eýsem, okuwçylaryň özara gatnaşygynda hem deň-derejede möhümdir. Elbetde, pedagogyň okuwçylar bilen aragatnaşygynda, olara täsir edişinde kynçylyklaryň döremegi tebigydyr, ýöne ýagdaýdan çykalgany arz-şikaýat etmek, okuwçynyň gündeligine hemleli talaplar ýazmakdan gözlemeli däl-de, döreýän meseleleri bilelikde maslahatlaşyp, terbiýäniň netijeli guralyşyny gazanmaga çalyşmalydyr. Ata-eneler jemgyýeti muny mugallymlardan aýgytly talap edip bilýär. Diňe şeýle ýagdaýda mekdebiň we maşgalanyň esasy **maksady** bolup durýan jemgyýete peýdaly şahsyýeti we raýaty terbiýelemek doly amala aşyrylyp bilner. Ata-eneleriň, olaryň jemgyýetiniň mekdebiň işine gatnaşmagy haýyr-sahawat işi däldir. Mekdebe kömek etmek bilen maşgala çaga terbiýelemekde hut özüne kömek edýär.

Häzirki zaman maşgalasy üçin onuň agzalarynyň özara aragatnaşyk usuly wajyp meseleleriň biridir. Maşgala pedagogikasy terbiýäniň görnüşleriniň esasylary hökmünde onuň iki sany gapma-garşylykly görnüşini ýüze çykarýar: **awtoritar we demokratiki.**

**Awtoritar usul** ata-eneleriň (esasan atanyň) hökmürowanlygy bilen tapawutlanýar. Bu babatda ata-eneler hut şeýle terbiýe bilen çagada ses-üýnsüz tabyn bolmaklygy döretmek bolar diýen ynançdan ugur alýar, ýöne şeýle maşgalalarda ýürekdeş bitewülik, agzybir jemgyýetçilik gatnaşyklary bolmaýar. Ulular çaganyň ýaş we şahsy aýratynlyklaryna göz ýumup, olaryň isleg-höwesleri bilen gyzyklan-

maýarlar. Çagalar gulak asýan, tertipli bolup ulalsalar-da, bu häsiýetler olarda ululara oňyn emosional-duýgy, aňly gatnaşyk mazmunynda bolmaýar. Bu köre-kör tabynlyk köp derejede çaganyň özüne temmi berilmeginden gaça durmaklygyna esaslanýar (käbir maşgalalarda temminiň urgy usullary-da heniz hem dowam edýär). Şeýle «usulyň» esasynda çagalarda özbaşdaklyk, ugurtapyjylyk, döredijilik ýaly häsiýetler örän pes ösýär. Barlaglaryň görkezişine görä, awtoritar usully maşgalalarda ýetginjeklik ýaşyndaky çagalar ata-eneler bilen dartgynly aragatnaşykda bolup, maşgaladan daşlaşýarlar.

Maşgala terbiýesiniň **demokratik usulynda** ata-eneler bütin maşgala toparynyň durmuşyny guraýjy bolýarlar. Är-aýalyň hem-de maşgalanyň beýleki agzalarynyň (eger maşgala çylşyrymly, özünde birnäçe nesli jemleýän bolsa) gatnaşyklary özara söýgi, hormat, ulularyň we çagalaryň bir-birine aladasy bilen gurşalýar. Maşgalanyň demokratik görnüşinde çagalar irgözinden maşgala durmuşynyň işine we guramaçylykly dynç alşyna işeňňir gatnaşyp başlaýarlar. Ol ýa-da beýleki ýumuşlary tabşyryp, ulular çaganyň duýgusyna we aňyna ýüzlenýärler, onuň özünden bilijiligini höweslendirip, şahsyýetine hormat goýýarlar. Şol bir wagtyň özünde çagalar «mümkin», «bolar», «zerur», «bolanok» ýaly sözleriň manysyny örän gowy aňşyrýarlar.

Maşgala terbiýesiniň demokratik usuly çagalarda işjeň gulak asyjylygy we tertip-düzgüni, maşgalanyň işine, durmuş wakalaryna aň-ahlak dahyllylygy kemala getirmekde örän netijelidir. Oýun ýagdaýlarynda çagalarda ugurtapyjylyk, tabşyrylýan işe döredijilikli çemeleşmek döreýär. Temmi bermek şeýle maşgalalarda adatça ulanylmaýar, çagalara igenç ýa-da ata-eneleriň lapykeçligi ýeterlik bolýar. Maşgala terbiýesiniň demokratiki usuly şu günki günüň durmuş talaplaryna örän laýykdyr.

Kähalatlarda maşgalada daşky görnüşi boýunça terbiýäniň demokratik usuly hereket edýän-de bolsa, ol garaşylýan netijäni bermeýär. Munuň sebäbi ata-eneleriň möhüm pedagogik düzgünleri bozýanlygy bilen baglanyşyklydyr (meselem, olaryň talabedijiligiň möçberini anyk kesgitläp, çagalaryň iş gününi elýeter zähmet ýumuşlary bilen gurap bilmezligi we ş.m.). Başga bir ýagdaýda çagalar özleriniň çendenaşa mamladygyny düşündirmeklige, subut etmeklige ýykgyn edip, olara ulularyň sözüne gaýtawul bermeklige ýol berýärler. Ata-eneler öz talabedijiliginde yzygiderliligi saklaman, çagalara

nusga alarlyk bitewi çemeleşiş döredip bilmeýärler. Maşgala terbiýesiniň agzalan esasy usullary oba we şäher maşgalalaryna deň derejede häsiýetlidir.

## Maşgala terbiýesinde galp at-abraýyň görnüşleri

Maşgalada ulularyň at-abraýynyň aýratyn terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Belli pedagog A.S.Makarenkonyň belleýşi ýaly, at-abraýyň esasy manysy onuň ulularyň şübhesiz mertebesinde, onuň ýönekeý çaga görejine ilýän güýji we gymmatyndadyr. Çagalary gulak asmaýan käbir ata-eneler at-abraý özlerine tebigy zehin görnüşde berilmese, takdyra ten bermekden özge çykalga ýok hasaplaýarlar. Olar çuňňur ýalňyşýarlar. **At-abraý** islendik maşgalada döredilip bilner, ýöne onuň binasynyň esasynda talap, hoşgylawlyk, açyklyk, ähli aladalara dahyllylyk, ynanç, jogapkärçilik, çagalara we olaryň durmuşyna ünslülik ýaly gymmatlyklar bolmalydyr.

Gynansak-da, şeýle at-abraýy urgy esasda guraýan ata-eneler seýrek däl. Şeýle ýalan at-abraýyň aşakdaky görnüşlerine durmuşda duş gelinýär.

**Basmarlamak at-abraýy.** Ata-eneler her bir dörän ýagdaýa gazaplanyp, ellerine kemer alýar, çaganyň islendik sowalyna gödek jogap berip, onuň etmişine hemişe temmi bermäge çalyşýar. Şeýle düzgün çagalara ata-enelerden mümkingadar uzakda bolmaklygy öwredýär, olarda çaga ýalançylygyny we gorkaklygy, şol bir wagtyň özünde hem çagada rehimsizligi terbiýeleýär. At-abraýyň şeýle wagşy görnüşi diňe medeniýetsiz ata-enelerde bolýar.

**Aralyk saklamak, alysda durmak at-abraýy.** Käbir ata-eneleriň ynanjyna görä, çagalary özüňden daşrakda saklap, mümkingadar azrak sözleşip, diňe wagtal-wagtal olaryň öňünde ýolbaşçy hökmünde peýda bolmaly. Ata-eneleriň öz durmuşy, öz höwesleri, pikiri bolup, çagalar ol barada hiç zat bilmeli däl hasaplanýar. Şeýle at-abraýyň terbiýe üçin hiç hili peýdasy ýokdur.

**Gopbamlyk at-abraýy.** Käbir ata-eneler özlerini aňrybaş at-owazly, iň bir möhüm adam hasaplap, bu sütemligini her bir ädimde çem gelene, şol sanda çagalaryna duýdurmaga çalyşýarlar. Olar öz mertebesini üznüksiz mahabatlandyryp, beýleki adamlara ulumsylyk

bilen seredýärler. Olaryň bu edim-gylymyny çagalarynyň gaýtalajakdygy öz-özünden düşnüklidir.

**Çygyrda saklamak at-abraýy.** Ata-eneleriň bir topary çagalar olaryň her bir sözüni galdyrap, çekinjeňlik bilen diňmelidir diýen pikire gulluk edýärler. Özlerini çagalary bilen aňrybaş kanunçy ýaly alyp barýarlar. Olaryň esasy ünjüsi çagalarda özleriniň ýalňyşýandygy barada pikiriň döremegidir. Özleriniň bimamladygyna garamazdan çagalarynyň öňünde öz diýenini gögertmäge ymtylýarlar. Çagalaryň durmuşy şeýle ata-eneleriň duşundan sowa geçýär. Her edip, hesip edip öz sözüni gögertmeklige ýykgyn etmegiň aladasy bilen olar çagalaryň içki dünýäsinden bihabar galýarlar.

**Akyl öwretmek at-abraýy.** Bu ýagdaýda ata-eneler öz çagalaryna her ädimde öwrediji takal okap, hyrydarsyz öwüt bermekligi esasy pedagogiki pähim hasaplaýarlar. Şeýle maşgalalarda şatlyk azdyr. Ata-eneler çagalaryna dert-azar hossar, aladaçyl görünmäge çalyşsalar-da, çaganyň durmuşy özakymyna, olardan üzňelikde geçýär.

**Söýgi at-abraýy.** Bu at-abraýyň iň bir ýaýran görnüşidir. Hoşamaý sözler, üznüksiz öwgüler, jan ujuna deňemeler çagalaryň üstüne yzygider ýagdyrylýar. Ata-eneler çaganyň gözüne gabanjaň seredip, olardan söýgä, hoşamata garaşýar. Eger çaga gulak asmasa ondan şol bada «Diýmek sen ejeňi ýa-da kakaňy söýeňok-da?» diýip soralýar. Şeýle maşgala ejiz ýürekliligiň deňzinde ýüzüp, başga hiç zada üns bermeýär. Çaga irgözinden ulularyň duýgy-garaşmasyna laýyk hereket edip, ondan peýda gazanyp bolýandygyna düşünýär. Netijede, ol at-abraýy, kesekiniň söýgüsini öz bähbidiňe öwürmekligi öwrenýär.

**Rehimdarlyk at-abraýy.** Bu ýagdaýda ata-eneler çagalaryň tabynlygyny özleriniň geçirimliliginiň we ýumşaklygynyň hasabyna gazanmakçy bolýarlar. Olaryň pikiriçe, çagalar özlerini diňe şu sypatlary üçin hormatlaýar. Özlerini çagalaryň öňünde rehimdar perişde hökmünde görkezip, hemme zadyň gülala-güllügini hut şeýdip gazanmaga çalyşýarlar. Çagalar üçin hiç zat gaýgyrylmaýar, hemme zada rugsat edilýär. Tiz wagtdan şeýle maşgalada çagalar öz hökümini ýöredip ugrap, özüniň ynjyklygy bilen ähli isleglerini kanagatlandyryp başlaýarlar. Käwagt ata-eneler muňa ýumşaklyk bilen garşy durmakçy bolýarlar, ýöne ol indi hiç hili netije bermeýär.

**Dostluk at-abraýy.** Ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky dostluk özüniň aňrybaş çägine ýetirilmese, ol uly terbiýeçilik mümkinçiligine eýedir, ýöne ol şeýle çäge ýetirilende, özüniň ters mazmunyna girip ugraýar. Şeýle maşgalalarda çagalar ulularyň her ädimde üstünden gülüp, olaryň ähli iş-pişesinden kemçilik tapyp başlaýarlar. Şonuň üçin şeýle maşgalada iki tarapyň hormatyna esaslanmaýan dostluk çalt ýitýär, ulular we çagalar dostlugyň ters mazmunly tutumynda ýaşap başlaýar.

**Peşgeşlemek at-abraýy.** Bu ýagdaýda tabynlyk sowgat etmek, söz bermeler arkaly satyn alnyp, ol çagalary azdyrýar, olary gazanç meýillerine ugrukdyrýar. Ata-enelerden degişli muzdy almak üçin çagalar öz işlerini diňe mahabatlandyrmak bilen bolýarlar. Ähli nogsanlyklary gizläp, ýalançylyga, peýdakeşlige ýüz urýarlar. Köpsanly terbiýeçiler özleriniň pedagogik çäreleriniň şowsuzlygynda ähli günäni çagalaryň dogabitdi bozuklygyna ýa-da göz öňünde tutmasy kyn bolan daşky gurşawyň göze görner-görünmez täsirlerine syrykdyrmaga çalyşýarlar, ýöne şeýle düşündirişler esassyzdyr. Maşgala pedagogikasy, onuň nazaryýeti we amalyýeti muňa ynandyryjy subutnamadyr.

**Maşgalany öwrenmegiň zerurlygy**. Okuwçynyň, talybyň dünýä inen maşgalasy öwrenilende, toplanylan materiallaryň ony öwrenýäne (terbiýeçä, synp ýolbaşçysyna, mugallyma, sosiologiýa) köp zat berip bilýänligini hem aýtmak gerek. Maşgalany öwrenmezden, ol barada pikir ýöretmek, edep-terbiýe barada degerli maslahat bermek mümkin däldir.

Häzirki döwürde maşgala terbiýesi bilen baglanyşykly bolan çözgütlerine garaşyp duran meseleler juda kän. Köp çagaly ýa diňe bir çagaly, birnäçe gyzyň arasynda ýekeje ogly bolan maşgalalarda edep-terbiýäniň ýola goýluşy; mekdebe gatnaýan okuwça gündelik sowalga puluny bermelimi, bermeli dälmi, berseň, näçeräk pul bermeli, soňundan nämä harç edilendigini soramalymy, soramaly dälmi, täsire tabyn bolmaýan ýa örän kynlyk bilen tabyn bolýanlar bilen nähili iş geçirmeli, şonda mekdebiň kömeginden nädip peýdalanmaly, mekdep okuwçylaryna, talyplara ýeňil maşyn, motor, gymmat bahaly egin-eşikler alyp bermelimi, bermeli dälmi, okuwçylaryň öz mellek ýerlerinde öndüren önümlerini bazarda satmaklaryna nähili garamaly, alyp-satarlaryň hatarlaryna goşulýan çagalara, ýetginjeklere täsir etmegiň nähili mümkinçilikleri bar, maşgalada çagany terbiýelemegiň tejri-

besini haýsy ýollar bilen öwrenmeli? Şular ýaly soraglaryň sanawyny näçe uzaltsaň uzaldyp oturmaly. Olar giden bir umman. Şeýle bolansoň maşgala durmuşynyň jümmüşine aralaşyp, ony ymykly öwrenip pikir ýöretmek, ata-enelere degerli maslahat bermek ýerlikli bolar.

Öň hem belläp geçişimiz ýaly, XVIII asyryň belli türkmen alym-pedagogy Döwletmämmet Azady perzendiň ata-enäniň, ýaşuly nesliň öňündäki bergi-borçlary baradaky düzgünleri ulgamlaşdyrylanda, hadyslardaky, şerigat kadalaryndaky, edebi çeşmelerdäki öňe sürlen pikirleri paýhas eleginden geçirmedik bolsady, perzentlik borçlaryny berjaý etmeýän käbir ýaşlary synlamadyk bolsady, onda şolar ýaly sagdyn ylmy öwütnamany döretmese-de döretmezdi. Şol nazaryýetden seredeniňde, Azadyda alym-pedagoglara-da, maşgalany öwrenýän beýleki adamlara-da nusga alara zat kän. Maşgala terbiýesi bilen baglanyşykly ýazylýan kitaplardyr makalalarda, edilýän çykyşlardyr berilýän maslahatlarda «etmelidir, bolmalydyr, borçludyr» ýaly görkezmelerden birneme daşrak bolnup, maşgala terbiýesindäki nogsanlyklaryň düýp sebäplerini agtaryp tapmaga, ýüze çykarmaga hem olaryň öňüni almaga ymtylmak has bähbitli bolardy.

Maşgala öwrenilende ulanylýan ýörgünli usullar, tärler az däl. Munda-da pedagogik ylmy-barlagyň gözegçilik, syn etmek, söhbetdeş bolmak, geňeşmek, maslahatlaşmak, gürrüň bermek, anketalardan peýdalanmak ýaly dürli-dürli usullary herekete girýär.

Şu ýerde ata-eneler hem olaryň çagalary üçin niýetlenen soraglaryň bir bölegine üns berip göreliň.

1. Ogluňyzyň, gyzyňyzyň haýsy häsiýetleri göwnüňizden turýar?
2. Nähili häsiýetleri emele getirmek isleýärsiňiz?
3. Kim bolup ýetişmegini isleýärsiňiz? Haýsy käriň başyny tutsa gowy görjek?
4. Haýsy ýagdaýlarda höweslendirýärsiňiz? Haýsy ýagdaýlarda temmi berýärsiňiz?

1. Häsiýetiňizdäki haýsy zatlar ata-eneňiziň göwnüne ýaraýar?
2. Ata-eneňiz häsiýetiňiziň nähili bolmagyny isleýär?
3. Kim bolmak isleýärsiň? Haýsy käri öwrenjek?
4. Haýsy ýagdaýlarda höweslendirmek üçin temmi berýärler?

Umuman aýdanymyzda, jemgyýetiň kiçijik bir bölegi bolan maşgala çaganyň ilkinji hem esasy mekdebidir. Onuň terbiýeleýjilik güýji ata-eneleriň pedagogik biliminiň, ruhy-ahlak, medeni derejesiniň, edep-ekramynyň nähilidigine baglydyr. Ençeme ýyllaryň dowamynda geçirilen söhbetdeşlikler, gözegçilikler, bu ugurda ýazylan işler, beýleki edebi-pedagogik çeşmeler bilen tanyşylmagy, bir tarapdan, ata-eneleriň köpüsiniň pedagogik sowadynyň ýeterlik däldigini, şeýle bolansoň, galapyn täsir etmegiň aňsatja (haýbat atma, gorkuzma, temmi berme ýaly) ýollaryna baş urýandygyny, ikinji tarapdan, ata-enelere edep-terbiýäniň has netijeli ýollaryny salgy berip biläýjek (terbiýeçileriň, mugallymlaryň, synp ýolbaşçylarynyň, alym-pedagoglaryň we beýleki) adamlaryň ylmy-usuly taýdan mejalsyz ýa-da biparh bolup galýandygyny äşgär etdi.

Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlygyny gazanmagy, halkyň öz aslyna dolanmagyna giň ýol açylmagy däp-dessurlaryny hem gaýtaryp berdi.

Metbugatda, milli teleradiogepleşiklerde maşgala terbiýesine aýratyn ähmiýet berilmegi tötänden däldir.

# VI BAP

## MEKDEBIŇ IŞINIŇ MEÝILNAMALAŞDYRYLYŞY

**Mekdebi dolandyrmagyň ylmy esaslary.** Şu günki mekdepleriň işini ylmy esasda gurmagyň ýollary şeýle usullardan ybaratdyr:

**1. Guramaçylyk** – mekdep mugallymlarynyň işini döwrüň talabyna laýyk guramak, olaryň biri-biri bilen dogry, dostlukly aragatnaşygyny ýola goýmak. Her bir işgäriň özüniň bilim derejesine, hünärine görä işlemegini kesgitlemek.

**2. Maksada gönükdirilmek** – mekdep toparynyň işini «Bilim» syýasatynyň bilim işgärleriniň öňünde goýlan talaplaryny çözmäge gönükdirmek.

**3. Toparyň işini güýçlendirmek** – toparyň ähli agzalaryny mekdebiň öňünde duran belent wezipeleri çözmäge gönükdirmek. Bu işde höweslendirmek usullaryny-da ulanmak maslahat berilýär.

**4. Işiň guralyşyny täzelemek, netijesini ýokarlandyrmak,** mugallymlaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak boýunça işleri güýçlendirmek, toparda dostluk aragatnaşygyny ýola goýmak, her bir mugallymyň öňdebaryjy pedagogik tejribäni, pedagogika we psihologiýa ylmynyň gazananlaryny özleşdirmegini gazanmak, öz şahsyýetini ösdürmäge mümkinçilik bermek.

**5. Berkitmek** – bu usul üç özara baglanyşykly taraplary öz içine alýar:

♦ Mekdebiň toparda dostlukly aragatnaşygy ýola goýmak;

♦ Toparyň agzalarynyň her biriniň umumy mekdebiň maksadyny öz maksady diýip hasap etmegi;

♦ Her bir mugallymda öz işleýän mekdebine, hünärine, çagalara bolan garaýşyny terbiýelemek.

**6. Amatlylyk, optimallyk usuly.**

**7. Wagty, serişdeleri we güýji tygşytly ulanmak usuly.**

**8. Işleriň we ýumuşlaryň şahsylyk hem anyklyk usuly.**

**9. Söz bilen işiň aýrylmaz birleşigi.**

**10. Toparlaýyn usul.**

**11. Gözegçiligiň ulgamlylyk usuly.**

**12. Ynsanperwerlik usuly.**

## Welaýat Baş bilim müdirligi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda bilim işi degişli döwlet edaralar tarapyndan dolandyrylýar, oňa döwlet **bilim dolandyryş edaralarynyň ulgamy** diýilýär.




**Türkmenistanyň Bilim ministrligi** (TBM) bilim babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýän we bilimiň gelejekki ösüşini we ugurlaryny, onuň mazmunyna, derejesine we göwrümine bildirilýän

talaplary işläp düzýän, bilim edaralarynyň işini utgaşdyryjy, bilimi dolandyrmak boýunça ygtyýarly döwlet edarasydyr. Şeýle-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň iş wezipelerine:

– döwlet bilim standartlaryny işläp düzmek;

– beýleki döwletler bilen halkara gatnaşyklary, dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmegi we ýaýratmagy üpjün etmek,

– bilim edaralarynyň ähli kysymlarynyň okuw-terbiýeçilik, usulyýet we ylmy işleriniň guralyşynyň kadalaşdyryjy-gözükdiriji resminamalaryny işläp düzmek;

– Türkmenistanda daşary ýurtlaryň bilim hakyndaky resminamalaryny ykrar etmek we olaryň barabarlygyny kesgitlemek işini geçirmekligi amala aşyrmak;

– jemleýji döwlet synaglarynyň ylmy-usuly taýdan üpjünçiligini we bilimiň degişli basgançagyny tamamlanlaryndan soň, döwlet nusgasyndaky resminamalar berilýän uçurymlaryň taýýarlygynyň hiliniň gözegçiligini amala aşyrmak;

– bilim edaralaryna kabul etmegiň şertlerini işläp düzmek, bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işine ygtyýarnama bermekligi amala aşyrmak;

– bilim işgärleriniň hünär synagynyň we hünär derejelerini ýokarlandyrmagyň tertibini işläp düzmek we başgalar degişlidir.

**Türkmenistanyň Milli bilim instituty** Türkmenistanyň Bilim ministrligine (TBM) tabynlykda durýan döwlet edarasy bolup, bilim ulgamynyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny ylmy-usuly taýdan işläp düzmek, tejribe ähmiýetli ylmy-barlag işlerini amala aşyrmak, umumy orta we hünär biliminiň dürli basgançaklarynyň yzygiderliligini we özara baglanyşygyny üpjün etmek, bilim işgärleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak we hünärmenleri gaýtadan taýýarlamak boýunça netijeli ulgamy döretmekligi maksat edinýär.

Döwlet umumy bilim edaralary hem-de mekdebe çenli çagalar edaralary üçin okuw maksatnamalaryny we okuw kitaplaryny kämilleşdirmek boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmak, okuw maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine, bilimiň hiline seljermeleri geçirmek, döwlet umumy bilim we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň mugallymlary, terbiýeçileri üçin usuly okuw serişdeleri, döwlet bilim standartlaryny, hünär sanawlaryny we hünärlere bildirilýän talaplary

işläp taýýarlamak bu edaranyň iş çygryna girýär. Şeýle-de institutyň işiniň mazmunyna häzirki zamanda bilim beriji tehnologiýalary ösdürmek boýunça ylmy-barlag, ylmy-usuly işlerini amala aşyrmak, bilim işinde informasiýa-kommunikasiýa tehnologiýalaryny peýdalanmak boýunça okatmagyň ylmy-usuly binýadyny berkitmek, bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmagyň ylmy-usuly esaslaryny işläp taýýarlamak degişlidir. Bu döwlet edarasy bilimiň ösüşi bilen baglanyşykly möhüm meseleler boýunça Türkmenistanda geçirilýän maslahatlary (şol sanda halkara), okuwlary we mejlisleri guramaga we geçirmäge işjeň gatnaşýar, halkara tejribäniň, bilimiň ösüşiniň häzirki zaman ugurlaryny we aýratynlyklaryny öwrenýär we umumylaşdyrýar, bilim ulgamynda amala aşyrylýan oňyn halkara taslamalarynyň ýurdumyzyň bilim ulgamyna ornaşdyrylmagyny üpjün edýär.

**Welaýat Baş bilim müdirligi** – *welaýatyň çäginde ýerleşen ähli bilim ulgamynyň edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýär.* Ondan başga-da welaýat häkimliginde bilim ulgamynyň işine gözegçilik edýän ýörite bölüm bar. Bäş welaýatyň ählisinde welaýat Baş bilim müdirligi edarasy işleýär. Bu edaranyň düzümi:

a) welaýat Baş bilim müdirliginiň başlygy;

b) welaýat Baş bilim müdirliginiň başlygynyň orunbasarlary;

ç) umumy orta bilim bölüminiň başlygy;

d) mekdebe çenli we mekdepden daşary edaralar boýunça bölüm başlygy;

e) mekdepler boýunça orunbasar;

ä) hasaplaşyk we hasapçylyk bölüminiň hünärmeni;

f) maliýe bölümi, hasabatçylyk we hasapçylyk bölüminiň hünärmeni;

g) her ugur boýunça hünärmenler;

h) işgärler boýunça hünärmen.

Welaýat Baş bilim müdirligi işini şeýle **dolandyryş ýörelgelerine** esaslanyp alyp barýar:

♦ ***ulgamlylyk ýörelgesi*** – bu ýörelge dolandyrmak işine gatnaşýan ähli edaralaryň biri-biri bilen berk arabaglanyşykda bolmagyny gazanmaga mümkinçilik berýär;

♦ ***takyklyk ýörelgesi*** – edilýän işleriň netijesiniň ýokarlanmagyna, «hemmeler şeýdýär, bizem şeýle» diýen ugurlardan saklanmaga kömek edýär;

♦ ***ölçeg ýörelgesi*** – bu ýörelge wagty tygşytlamaga, işiň netijesini ýokarlandyrmaga, dolandyrmakda hereket edýän her bir ulgamyň ýerli-ýerindeligini gazanmaga kömek edýär.

Welaýat Baş bilim müdirligi maddy we maliýe serişdeleri bilen bilim edaralaryny üpjün etmekden başga-da hünärmenleri seçip almak işine uly üns berýär. Eger haýsy-da bolsa bir edaranyň hünärmen topary talabalaýyk düzülen bolsa, onda ol ýerde işlemek aňsat, edilýän işiň netijesi-de ýokary bolar.

Welaýat Baş bilim müdirliginiň dolandyryş işiniň *häsiýetleri* şu aşakdakylardyr:

**Guramaçylyk** bu öz gezeginde işi doly we dogry ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Her bir işiň ýerine ýetirilişine degişli adam sany, enjamlary ýerleşdirmek guramaçylyk işiniň mazmunydyr.

**Seljermek** edilen işiň netijesini, onuň geçirilişini hemmetaraplaýyn öwrenip, onuň dogry we doly ýerine ýetirilişini kesgitlemek.

Welaýat Baş bilim müdirliginiň işi şeýle guralanda, netijeli bolar.

## Welaýat Baş bilim müdirliginiň geňeşi, onuň geçirilişi we işiniň mazmuny

Welaýat Baş bilim müdirliginiň geňeşiniň düzümine: *welaýat Baş bilim müdirliginiň başlygy, onuň orunbasarlary, bölüm başlyklary, şäher, etrap bilim bölümleriniň müdirleri* girýärler. Geňeşiň işine Baş bilim müdirliginiň başlygy ýolbaşçylyk edýär. Geňeş ýörite düzülen iş meýilnamanyň esasynda aýda bir gezek geçirilýär. Onda garalýan meseleler welaýat bilim edaralarynyň işleri bilen berk baglanyşykly. Olar:

♦ şäher, etrap bilim bölümlerinde hünärmenleri seçip-saýlap almak;

♦ aýratyn bir etrapda matematika dersiniň okadylyşy;

♦ aýratyn bir etrapda terbiýeçilik işleriň geçirilişi;

♦ şäher, etrap bilim bölümlerine işe alynýan hünärmenleri tassyklamak;

♦ şäher, etrap bilim bölümlerine degişli mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň işini seljermek;

♦ mekdepden daşary terbiýeçilik işleri geçirýän çagalar we ýetginjekler edaralarynyň işleri we ş.m. meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Welaýat baş bilim müdirliginiň geňeşi geçirilende, *demokratlyk, ylmylyk, nazaryýet bilen tejribäniň birligi, yzygiderlikli* ýaly ýörelgelere esaslanýarlar.

**Geňeşiň geçirilişiniň birnäçe usuly** bar. Olar öz gezeginde umumy usullara (mysal üçin, dolandyrmagyň esaslaryny öwrenmek usuly) we hususy usullara bölünýär (aýratyn bir etrabyň bilim bölüminiň işiniň bir tarapyny öwrenmek).

Etrap (şäher) Bilim bölümi (EBB, ŞBB) welaýat Baş bilim müdirligine we etrap (şäher) häkimligine tabynlykda durýan, döwlet dolandyryş ýerine ýetiriji, paýlaýjy hukukly edara bolup, öz çägindäki bilim edaralaryna ýolbaşçylygy we usuly üpjünçiligi amala aşyrýar.

## Mekdebiň okuw-terbiýeçilik işine ýolbaşçylyk etmek

**Orta mekdepler** jynsyna we gelip çykyşyna garamazdan, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan we bellenen ýaşa görä okamaga hukugy bolan ähli çagalara umumy orta bilimi wagtynda bermekligi üpjün edýän döwlet tarapyndan döredilýän okuw-terbiýeçilik edarasydyr.

Umumy bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalaşdyrylan möhleti (başlangyç, esasy we umumy orta bilimi hasaba almak bilen) on iki ýyldan ybaratdyr. Umumybilim maksatnamalary gündizki görnüşde özleşdirilmelidir.

Orta mekdeplerde okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we okuw maksatnamalaryna laýyklykda synplar aşakdaky görnüşlere bölünýär:

– başlangyç synplar (başlangyç bilim maksatnamasyna laýyklykda 1-4-nji synplar);

– orta synplar (esasy orta bilim maksatnamasy boýunça okadylýan 5-10-njy synplar);

– ýokary synplar (esasy orta bilim maksatnamasy boýunça okadylýan 11-12-nji synplar).

**Mekdep we onuň wezipeleri.** Mekdep bu halkyň ruhy sallançagydyr. Mekdep – döwletiň bilim syýasatynyň gönüden-göni (iş ýüzünde) amal edilýän esasy ulgamydyr. *Mekdep her bir düzümi beýleki düzümlere, şeýle hem beýleki hereket edýän ulgamlara täsir edýän ulgamdyr.*

Bu ulgamyň işi Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň «Bilim hakyndaky» Kanuny, Türkmenistanyň Prezidentiniň,

Halk Maslahatynyň, Mejlisiniň Maksatnamalary, Ministrler Kabinetiniň çözgütleri, Bilim ministrliginiň kadalaşdyryjy resmi kagyzlary we «Döwlet umumy bilim edaralary hakynda» Düzgünnama esasynda amala aşyrylýar. Şeýle hem ýerli häkimiýetiň (häkimligiň we ş.m.) we bilim dolandyryşynyň beýleki edaralarynyň (welaýat Baş bilim müdirliginiň, etrap, şäher bilim bölümleriniň) resminamalaryndan ugur alýar.

Jemgyýet mekdebe iň gymmat baýlygy – çagany ynanýar. Biziň barymyz mekdep partasyndan çykan adamlar, bu gün ol ýerde biziň ogul-gyzlarymyz, agtyklarymyz bilim-terbiýe alýarlar. Adamlaryň aňynda üýtgewsiz saklanyp galan, ýene-de saklanjak iň bir gowy duýgularyň biri – **bu mekdebe mukaddes ýer hökmünde garamakdyr.** Mekdepde nähili nesliň kemala gelip, aýaklanyp gitjekligi bolsa, şol mekdepde işleýän mugallymlaryň bilim we ruhy dünýäsine, hünär ussatlygyna, berilýän bilimiň mazmunyna baglydyr.

Bitarap, Garaşsyz döwletimiz şu gün mekdepden çuňňur bilimli, şol bir wagtyň özünde-de iňňän salyhatly, medeniýetli, umumadamzat gymmatlyklaryna, milli däp-dessurlara, hereket edýän kanunçylyga hormat goýmagy başarýan nesli terbiýeläp ýetişdirmegi talap edýär. Bu meselede mekdebiň, ata-eneleriň, jemgyýetçiligiň tagallalarynyň utgaşdyrylmagy zerurdyr.

**Mekdebiň baş wezipeleri:**

♦ jynsyna we milletine degişliligine garamazdan, Türkmenistanyň ähli çagalaryna **6 ýaşa** ýeten pursadyndan başlap, hökmany orta bilimi öz wagtynda almaklyk üçin, döwlet tarapyndan kepillendirilen deň hukuklary we mümkinçilikleri bermek;

♦ bilim berýän edaralarda okuw-terbiýeçilik işiniň hilini we mazmunyny ýokarlandyrmak hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň maksatnamalaýyn görkezmelerini iş ýüzünde durmuşa geçirmegi üpjün etmek;

♦ okuwçylarda ýokary medeniýetliligi we ahlak sypatlaryny terbiýelemek, terbiýeçilik işlerini türkmen halkynyň milli däpleri we umumadamzat ruhy gymmatlyklary, häzirki zaman terbiýeçilik usullary we görnüşleri bilen utgaşyklylykda guramak;

♦ okuwçylarda watançylyk, Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we Bitaraplygy baradaky asylly pikirleri, öz halkyna, Watana hem-de Türkmenistanyň Prezidentine wepalylyk duýgularyny kemala getirmek;

♦ okuw işini türkmen halkynyň milli däpleriniň iň oňat nusgalaryny peýdalanmak bilen, dünýäniň häzirki zaman öňdebaryjy mugallymçylyk ylmynyň we usulyýetiniň gazananlary esasynda guramak.

## Mekdebiň mugallymlar geňeşi we onuň geçirilişi

Orta mekdebiň dolandyrylyşy *ýeke-täk ýolbaşçylyk we kärdeşler maslahaty* ýörelgeleri boýunça amala aşyrylýar.

Orta mekdebiň işini *ýeke-täk ýolbaşçylyk* ýörelgeleri arkaly dolandyrmak gönüden-göni *müdir* tarapyndan amala aşyrylýar.

Orta mekdebiň işini *kärdeşler maslahaty* ýörelgeleri arkaly dolandyrmak mekdepde döredilýän mugallymlar geňeşiniň üsti bilen amala aşyrylýar. Mugallymlar geňeşiniň başlygy mekdebiň müdiridir.

***Mugallymlar geňeşi – mekdebiň öz-özüni dolandyrýan ýokary guramadyr***.

Onuň düzümine mekdep ýolbaşçylary, başlangyç synp mugallymlary, ders mugallymlary, synp ýolbaşçylary, kitaphanaçy, ata-eneler guramasynyň, ýaşlar we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň, önümçiligiň wekilleri girýär. Zerurlyk dörände, geňeşe aýry-aýry okuwçylar, ata-eneler, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynyň, kethudalar (ýaşulular) geňeşiniň, hukuk guramalarynyň, ýerli häkimlikleriň wekilleri-de çagyrylýar.

Mekdebiň mugallymlarynyň geňeşi tassyklanylan meýilnama boýunça işleýär. Ol okuw ýylynyň dowamynda azyndan 6 gezek geçirilýär. Zerurlyk dörände mugallymlaryň maslahaty meýilnamadan daşary hem geçirilip bilner.

Mugallymlar geňeşiniň mazmuny mekdepde geçirilýän okuw-terbiýeçilik, guramaçylyk-pedagogik çäreleri özünde jemleýär. Pedagoglaryň maslahaty mekdebe dahylly bolan meseleleri wagtly-wagtynda jemläp, seljerip, degişli baha berip durýar. Ol gazanylan üstünlikleri berkidip, goýberilen kemçilikleri düzetmegiň ýollaryny belleýär, öňde duran wezipeleri anyklaýar hem-de şol wezipeleri durmuşa geçirmegiň ýollaryny kesgitleýär.

**Geňeşde ara alnyp maslahatlaşylýan esasy meseleler:**

**I. Okuw-terbiýeçilik işiniň seljermesi:**

*a) okuwçylaryň:*

– bilim derejesi;
– pikirleniş işiniň döredijilikli häsiýeti;
– özbaşdak öwrenmäge, akyl ýetirmäge bolan ymtylyşy;
– aýry-aýry ugurlara ýykgyn edişi.

*b) mugallymlaryň:*

– okuwçylar bilen ynsanperwerlikli, hoşniýetli gatnaşyklary;
– hünärlerini ýokarlandyryşy;
– öňdebaryjy tejribäni öwrenişi we peýdalanyşy;
– usuly ussatlygyny kämilleşdirmek babatyndaky işjeňligi.

**II. Guramaçylyk işleri:**

– okuwçylary synpdan-synpa geçirmek, synaglara goýbermek, mekdebi gutartmak, mynasyplara tapawutlandyryş resminamalary (medal, taryp haty) bermek, hödürnamalary bermek;

– mugallym pedagog kadrlary ýerli-ýerinde peýdalanmak;

– attestasiýanyň jemleri; pedagogik ussatlyk;

– okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeleri boýunça aýratyn tapawutlananlary höweslendirmek;

– okuw meýilnamasyna girizilýän özgerişler;

– mekdebiň okuw-maddy ýagdaýy;

– okuw esbaplary bilen üpjünçilik;

– ata-eneler, jemgyýetçilik guramalary, önümçilik bilen alnyp barylýan işler we beýlekiler.

Mugallymlar geňeşi mekdep ýolbaşçylarynyň, synp ýolbaşçylarynyň, mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işi guraýşy we hünär ussatlyklaryny hem-de bilimlerini özbaşdak artdyryşlary baradaky hasabatlaryny diňleýär. Mugallymlar geňeşiniň okuw ýyly üçin meýilnamasy her ýylyň awgust aýynda geçirilýän mekdep mugallymlarynyň geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylýar we tassyklanylýar. Mekdepleriň okuw-terbiýeçilik işleriniň aç-açanlyk we ynsanperwerlik esasynda alnyp barylmagy mugallymlar geňeşiniň geçirilişine-de täsirini ýetirmeli. Mekdebiň mugallymlar geňeşiniň meýilnamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna ähli mugallymlaryň gatnaşmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Mekdebiň mugallymlar geňeşiniň okuw ýyly üçin niýetlenen meýilnamasy mekdebiň ýyllyk iş meýilnamasyna girizilýär.

**Mugallymlar geňeşini taýýarlamak we geçirmek dört tapgyrdan durýar:**

1. Mekdebiň mugallymlar geňeşini okuw ýyly üçin meýilnamalaşdyrmak.

2. Mugallymlar geňeşini geçirmek üçin öňünden taýýarlyk işlerini geçirmek.

3. Kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi guramak.

4. Mekdebiň mugallymlar geňeşini guramaçylykly geçirmek.

5. Mugallymlar geňeşiniň kabul eden kararlaryny tassyklamak.

Mugallymlaryň geňeşlerinde, esasan, **üç ugurdan:** Türkmenistanda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge degişli kabul edilen kanunlaryň, permanlaryň, kararlaryň, buýruklaryň, düzgünnamalaryň talaplaryny orta mekdepleriň durmuşyna ornaşdyrmak; okuw dersleriniň okadylyşynyň, mekdep okuwçylarynyň biliminiň, başarnygynyň, endiginiň hilini öwrenmek; okuwçylarda ene topraga, ata Watana, Türkmenistanyň Prezidentine öçmejek söýgi döretmek we hemmetaraplaýyn ösen nusgawy nesli kemala getirmek ýaly meselelere seredilmegini gazanmaly.

Mekdebiň mugallymlar geňeşinde serediljek meseleler öwrenilende, taýýarlananda, okuw-terbiýeçilik işlerine gözegçiligiň we ýolbaşçylygyň guralyşy: mekdep ýolbaşçylarynyň gözegçiligi; köpçülikleýin gözegçilik; birek-birege gözegçilik ýaly görnüşleriň üsti bilen amala aşyrylmalydyr.

Mugallymlar geňeşiniň maslahatynda işinde üstünlik görkezen mugallymlary Hormat hatlary bilen sylaglamak, höweslendirmek ýa-da tersine, işde säwliklere ýol beren mugallymlara temmi çäresini ulanmak barada karar kabul edilip bilner. Eger işde goýberen kemçilikleri üçin, mugallyma temmi çäresi ulanylmaly bolsa, onda ol etrap, şäher bilim bölümi tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

## Umumy orta bilim berýän mekdepleriň mugallymlar geňeşiniň ýyllyk iş meýilnamasynyň mysaly nusgasy

**Mugallymlaryň 1-nji geňeşi.**

1. Okuw ýylynyň jemi. Täze okuw ýylynyň wezipelerini ara alyp maslahatlaşmak.

2. Mugallymlar geňeşiniň kätibini saýlamak.

3. Mekdepde geçirilen güýz synaglarynyň netijesi barada.

4. Mugallymlaryň hepdelik iş ýüki bilen üpjünçiligi barada.

5. Mekdebiň okuw ýyly üçin iş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak we tassyklamak.

6. Mekdebiň usuly geňeşiniň düzümini, okuw ýyly üçin iş meýilnamasyny, usuly birleşmeleriň ýolbaşçylaryny tassyklamak.

7. Mekdepde tarif toparyny döretmek barada.

8. Mekdep kitaphanasynyň okuw ýyly üçin iş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak we tassyklamak.

9. Mekdebiň mugallymlar köpçüliginiň üstünde işlemek üçin saýlap aljak temasyny ara alyp maslahatlaşmak hem-de ony durmuşa geçirmegiň meýilnamasyny tassyklamak.

10. Öňdebaryjy iş tejribeleri öwrenmek, umumylaşdyrmak we ýaýratmak barada.

11. Mekdebiň uzakmöhletleýin meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak we tassyklamak.

12. Gözegçilige alnan meseläniň kararynyň ýerine ýetirilişi barada.

**Mugallymlaryň 2-nji geňeşi.**

1. Okuw ýylynyň I çärýeginiň jemi, okuw sapaklarynda multimediýa-interaktiw usullardan peýdalanylyşy (pes ýetişik beren synplaryň ýolbaşçylarynyň hasabaty).

2. Mekdebiň 9-10-njy synplarynda türkmen dili we edebiýaty dersiniň okadylyşy, okuwçylaryň biliminiň, başarnygynyň, endiginiň hili, «Dil» hakynda kanunyň ýerine ýetirilişi.

3. 6-njy «A, Ç» synplarda sapaklaryna gowşak ýetişýän okuwçylaryň psihologik sebäpleri.

4. Başlangyç synp mugallymlarynyň usuly birleşmesiniň ýolbaşçysynyň hasabaty.

5. Mekdepde arhiw işiniň alnyp barlyşynyň ýagdaýy barada.

**Mugallymlaryň 3-nji geňeşi.**

1. Okuw ýylynyň II çärýeginiň jemi, okuw sapaklarynda okuwçylaryň pikirlenmek ukyplarynyň ösdürilişi (pes ýetişik beren synplaryň ýolbaşçylaryň hasabaty).

2. 5-nji synp okuwçylarynyň başlangyç synplarda alan bilimlerini we endiklerini ulanmak başarnyklaryny öwrenmek.

3. Mekdebiň 7-8-nji synp okuwçylaryna ahlak terbiýesiniň berlişi we okuwçylarda ene topraga, ata Watana söýgi döredilişi.

4. Himiýa mugallymynyň özbaşdak bilimini artdyryşy baradaky hasabaty.

5. Mekdebiň 5-6-njy synplarynda taryh dersleriniň okadylyşy we okuwçylara watançylyk terbiýesiniň berlişi.

6. Mekdebiň okuw ýyly üçin iş meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi.

7. Mugallymlaryň kompýuter sowatlylygy we ony kämilleşdirmek barada.

**Mugallymlaryň 4-nji geňeşi.**

1. Okuw ýylynyň III çärýeginiň jemi, okuw sapaklarynda okuw-görkezme esbaplarynyň netijeli ulanylyşy (pes ýetişik beren synplaryň ýolbaşçylarynyň hasabaty).

2. 1-4-nji synplarda «Sowat» maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi, başlangyç synp mugallymlarynyň hünär ussatlygyny ýokarlandyryşy.

3. Başlangyç synplarda multimediýa enjamlaryny peýdalanmagyň ähmiýeti we aýratynlyklary barada.

4. Mekdebiň 8-nji synplarynda matematika, informatika we kompýuter tehnikasy dersleriniň okadylyşy we okuwçylaryň taslama bäsleşiklerine gatnaşyşy.

5. «Türkmenistanyň orta mekdeplerinde okuwçylary synpdan-synpa geçirmek we mekdebi gutartmak hakynda» Düzgünnamany ara alyp maslahatlaşmak we ondan gelip çykýan wezipeler.

6. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyny guramagyň esasy ugurlary.

7. Mugallymlaryň kompýuter sowatlylygy we ony kämilleşdirmek barada.

8. Interaktiw tagtada işlemegiň usulyýeti we ony kämilleşdirmek barada.

**Mugallymlaryň 5-nji geňeşi.**

Okuw ýylynyň IV çärýeginiň jemi, okuw otaglarynyň abzallaşdyrylyşy we okuw üpjünçiliginiň döredilişi (pes ýetişik beren synplaryň ýolbaşçylarynyň hasabaty).

1. Mekdebiň 12-nji synp okuwçylaryny gutardyş synaglaryna goýbermek barada.

2. 1-4-nji synp okuwçylaryny synpdan-synpa geçirmek barada.

3. Synplarda synpdan-synpa geçiriş synaglaryna taýýarlygyň ýagdaýy barada.

4. Öňdebaryjy iş tejribäni öwrenmegiň, umumylaşdyrmagyň, ýaýratmagyň netijesi barada.

5. Mekdepde abatlaýyş işlerini geçirip, ony geljek okuw ýylyna taýýarlamak barada.

6. Gözegçilige alnan meseläniň kararynyň ýerine ýetirilişi barada.

7. Internet ulgamyndan peýdalanmak arkaly görkezme esbaplary we prezentasiýalary baýlaşdyrmak barada.

8. Etrap bilim bölüminiň mekdepde geçiren düýpli barlagynyň jemi barada.

**Mugallymlaryň 6-njy geňeşi.**

1. Mekdebiň 4-12-nji synplarynda geçirilen synaglaryň netijesi we okuwçylary synpdan-synpa geçirmek barada.

2. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşyny guramak barada.

3. Okuw ýylyny üstünlikli tamamlan 1-12-nji synp okuwçylaryny Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Minnetdarlyk haty bilen sylaglamak barada.

4. Mekdebiň 12-nji synplarynda mekdebi gutardyş synaglarynyň netijesi we uçurymlara orta bilim hakynda şahadatnamalary dabaraly gowşurmak barada.

5. Mekdebi tapawutlanyp tamamlan uçurymlary Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Hormat haty bilen sylaglamak barada.

6. Gözegçilige alnan meseläniň kararynyň ýerine ýetirilişi barada.

## Sapagy kämilleşdirmek boýunça mugallymlar topary bilen geçirilýän çäreler

Sapagy kämilleşdirmek boýunça mugallymlar topary bilen şeýleräk görnüşli çäreler geçirilýär:

- ♦ sapaklara özara gatnaşmak; seljermek, pikir alyşmak, maslahat bermek;
- ♦ sapaklara barlag gatnaşygy (bilim bölüminiň hünärmenleri, mekdebiň we usuly geňeşiň ýolbaşçylary, ýörite topar we ş.m.);
- ♦ usuly birleşmäniň işiniň mazmuny;
- ♦ öňdebaryjy tejribäni, usuly täzelikleri öwrenmek, ornaşdyrmak;
- ♦ usuly çekişmeler;

♦ ylmy-usuly maslahatlar;
♦ usuly okaýyşlar;
♦ hünär derejesini kämilleşdirmek üçin okuwlar;
♦ okuwçylaryň pikirlerini öwrenmek.

## Mekdebiň kitaphanasynyň işine ýolbaşçylyk

Mekdep bilim ulgamynda kitaphananyň hyzmaty aýratyn orna eýedir. Mekdebiň kitaphanasynyň işine ýolbaşçylyk şeýle ugurlar boýunça alnyp barylýar:

**1. Okuwçylary okuw kitaplary bilen üpjün etmek:**

♦ haýsy dersler boýunça okuw kitaplarynyň ýetmezçilik edýändigini öwrenmek;

♦ ol kitaplary öz wagtynda almak;

♦ ders mugallymlaryna, synp ýolbaşçylaryna paýlamak, ýygnap almak;

♦ okuwçylaryň arasynda okuw kitabyny gözüň göreji ýaly aýawly gorap saklamak (ykdysady hem-de ruhy delilleriň üsti bilen) barada wagyz işlerini geçirmek.

**2. Guramaçylyk-terbiýeçilik çärelerini geçirmek:**

♦ ders mugallymlaryna, synp ýolbaşçylaryna we beýleki pedagoglara dürli okuw-terbiýeçilik çärelerini geçirmekde ýardam bermek;

♦ kitaphanany okuw kitaplaryndan başga-da çeper, syýasy beýleki eserler bilen üpjün etmek;

♦ kitaba bolan söýgini terbiýelemäge degişli çäreleri (tanyşdyrmalar, sergiler, agşamlar, okaýyşlar we ş.m.) geçirmek;

♦ okuwçylaryň isleglerini, gyzyklanmalaryny öwrenmek, seljermek, nazara almak;

♦ möwsümleýin neşirýat bilen üpjün etmäge gönükdirilen çäreler toplumy;

♦ öňdebaryjy tejribäni öwrenmek, ornaşdyrmak.

Kitaphanaçy öz işini «Türkmenistanyň orta okuw mekdeplerinde kitaphana işi barada» Düzgünnama esasynda alyp barýar.

Mekdep kitaphanasy öz işini ýörite düzülen meýilnama boýunça alyp barýar. Ol meýilnama birnäçe bölümden ybaratdyr:

I. Okamaga ýolbaşçylyk etmek;

II. Mekdebiň işjeňleri bilen işlemek;

III. Okuwçylaryň çeper okaýyşlaryny guramak;

IV. Kitaphanadan dogry peýdalanmagy öwretmek.

Mekdebiň kitaphanasy öz işini çagalara bilim bermek we terbiýelemek bilen berk baglanyşykly alyp barmaly. Çagalarda kitap okamaga söýgi döretmeli.

Mekdebiň kitaphanasynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen ýörite okyjylar üçin maslahatlar, agşamlar, täze kitap sergilerini guramak gerek. Mekdebiň mugallymlar geňeşinde, usuly toparlarda kitaphananyň işi ara alnyp maslahatlaşylmaly.

## Mekdep ýolbaşçylary we olaryň işiniň esasy ugurlary

Mekdebiň agzybir, jebis toparyny emele getirmek, oňa talabalaýyk ýolbaşçylyk etmek, okuwçylar bilen pedagoglaryň sazlaşykly hereket etmegini gazanmak ýeňil bolmadyk, çylşyrymly hem köptaraply meseleleriň biridir. Şol meseleleriň çözgüdi mekdep ýolbaşçylarynyň – müdiriň, onuň okuw hem terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarlarynyň özara ylalaşykly işlemeklerine, okuwçylardyr mugallymlary Türkmenistanyň Prezidentiniň bilim babatdaky maksatnamalaýyn görkezmelerinden gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek üçin gönükdirip bilmeklerine köp derejede baglydyr. Bu bolsa ýolbaşçylardan köp zady – giň ylmy dünýägaraýşy, päk ahlaklylygy, ynsanperwerligi, guramaçylyk ukybyny, pedagogik ussatlygy, ýolbaşça mahsus bolan beýleki sypatlary görnetin talap edýär. Alym-pedagog Amanly Gulbaýew mekdep ýolbaşçysynyň şahsyýetinde jemlenmeli sypatlaryň sanyny agzap geçende, şeýle aýratynlyklara üns bermegi makul bilýär:

1. Çaga bolan hakyky söýgi, onuň şahsyýetine goýulýan sarpa bilen baglydyr. Şonuň üçin, mugallymlaryň mugallymy bolmak, olaryň usuly ussatlygyna hormat goýmak, olardan öwrenmek, guramaçylyk taýdan başarnykly bolmak.

2. Adalatlylyk, tertip-düzgünlilik, edeplilik, hakykatçylyk, ynsanperwerlik babatynda görelde görkezmek, ulumsylyk, göriplik, tarapgöýlik, ahmyrlylyk ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetlere **barlyşyksyz** bolmak.

3. Her hili ýagdaýda-da giň göwrümliligi elden bermän, özüňi parahat alyp barmak, ulynyň-kiçiniň pikirini diňläp, soraglaryna kanagatlanarly jogap bermek.

4. Ilki özüňden, soňra özgelerden talap etmek.

5. Öňdebaryjy tejribäni öwrenmegi hem döredijilikli peýdalanmagy ýola goýmak, şonda mugallymyň ylmy-usuly taýýarlygyny, okuwçylaryň ösüş derejesini, anyk şertleri göz öňünde tutmak.

6. Okuwçylar, mugallymlar tarapyndan gazanylýan üstünlikleri, girizilýän täzelikleri duýmagy, gerek ýerinde goldamagy, beýlekiler üçin hem elýeterli bolmagyny gazanmak.

7. Islendik meselede mugallymlaryň, okuwçylaryň we olaryň ata-eneleriniň halypasy, maslahatçysy, geňeşdary bolmak.

8. Işde goýberilýän kemçilikleri gizlemezden, açyk boýun almak, olary düzetmegiň oňat ýollaryny agtaryp tapmak.

9. Mugallymlara zor salmazdan, gözegçiligi nobatsyz güýçlendirmekden, olaryň işini çäklendirmekden gaça durup, perwaýsyzlygyň, ýaramaz işlemegiň jemgyýet we şahsyýet üçin nähili amatsyzlyklar döredýändigini aňyna ýetirmek.

## Mekdebiň müdiri, onuň wezipesi we maksady hem-de onuň işiniň meýilnamalaşdyrylyşy

***Mekdep müdiri:***

1) ýaş nesle ylym-bilim, edep-terbiýe bermegi guraýan ýolbaşçydyr;

2) mekdebiň baş pedagogydyr;

3) döwletiň bilim syýasatynyň durmuşa geçirilmegini mekdep çäginde utgaşdyrýan esasy ýolbaşçydyr.

Orta mekdebiň müdiri wezipesine ýokary mugallymçylyk bilimi hem-de azyndan 5 ýyl iş tejribesi bolan adam bellenilip bilner. Müdir Türkmenistanyň Bilim ministrligi we degişli häkimlikler bilen ylalaşyp, welaýat we welaýat hukukly şäher baş bilim müdirlikleriniň ýa-da degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Mekdep müdiriniň **wezipeleri:** Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri we daşary syýasatynyň düýp manysyny düşündirmek, işgärleri ýerli-ýerinde goýmak, olaryň hünärlerini ýokarlandyryp durmak, okadylýan sapaklaryň we beýleki okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeliligini üpjün etmek, synpdan, mekdepden daşary alnyp barylýan işlere gözegçilik etmek, hojalyk, maliýe işleri bilen baglanyşykly çäreler.

## Mekdep müdiriniň okuw işiniň meýilnamalaşdyrylyşy

*Okuw işini guraýşy we dolandyryşy. Okuw işine içki gözegçilik. Kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişi.*

**Okuw işine gözegçilik** mekdep müdiriniň işiniň esasy özeni bolup durýar. Hut şonuň üçin hem okuw işleri mekdebiň müdiriniň iş meýilnamasynda esasy orun eýeleýär. Mekdep müdiriniň iş meýilnamasy mekdebiň okuw-terbiýeçilik iş meýilnamasy esasynda düzülýär. Okuw işiniň hilini, netijeliligini kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň ähli meýilnamalaryň arasynda *(mekdebiň okuw-terbiýeçilik işiniň; mugallymlar geňeşiniň; usuly birleşmeleriň, müdiriň okuw işleri boýunça orunbasarynyň, mugallymlaryň, guramalaryň)* utgaşdyrylyp meýilleşdirilmegini gazanmak, meýilleşdirilen çäreleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek müdiriň okuw işini meýilnamalaşdyryşynyň mazmunyny emele getirýär.

***Çäreler şu ugurdaky mazmunly:***

♦ okuw meýilnamalarynyň, maksatnamalarynyň, buýruklarynyň, görkezmeleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik;

♦ okuw işiniň (sapaklaryň, okuw döwrüniň, dürli çäreleriň…) guralyşyna gözegçilik;

♦ dersler boýunça sapaklaryň netijeliligi;

♦ okuwçylaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň ýagdaýy;

♦ geňeşiň, usuly birleşmeleriň, orunbasaryň okuw işini kämilleşdirmäge gönükdirilen çärelerine seljerme;

♦ öňdebaryjy tejribäniň öwrenilişine, ornaşdyrylyşyna gözegçilik we goldaw.

Okuw işiniň guralyşyna we dolandyrylyşyna gözegçilik, okuw ýyly üçin iş ýükleriniň ýagdaýyny seljermekden, olary mugallymlara degişlilikde bellemekden başlanýar.

***Ýerine ýetirmegi guramagyň şeýle gurluşy teklip edilýär:***

a) karary mugallymlaryň, ýerine ýetirijiniň dykgatyna ýetirmek, şol bir wagtyň özünde «Näme etmeli?», «Nähili etmeli?», «Haçan etmeli?» diýen ýaly soraglara beriljek jogaby öňünde oýlanmak şerti bilen;

b) ýerine ýetirmek üçin adamlary seçip almak;

ç) ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, ýerine ýetirijileri höweslendirmek.

Kararyň ýerine ýetirilişini seljermek zerurlyk bolup durýar. Çünki ol indiki kabul ediljek kararyň ýerine ýetiriliş hiline gönüden-göni täsir edýär.

Karar möhüm ähmiýete eýe bolan halatynda ýa-da iş çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýan bolsa, onda karary taýýarlamak üçin ýörite topar hem döredilip bilner. Seredilýän meseläniň häsiýetine görä hünärmenler, bilermenler toparyň düzümine girizilýär.

Mekdebiň, maşgalanyň we jemgyýetçiligiň çagalary terbiýelemek boýunça bilelikdäki işini ýola goýmak. Müdiriň çagalar toparlary, mugallymlar, okuwçylar, synp ýolbaşçylary bilen işi guraýşy.

Mekdep müdiriniň işi mekdebiň, maşgalanyň we jemgyýetçiligiň ýaş nesli döwrebap ýetişdirmek baradaky bilelikdäki tagallalarynyň esasy – baş maksady utgaşdyrmakdan ybaratdyr.

Mekdebiň ata-eneler toparynyň, çagalar guramasynyň, TMÝG birleşiginiň, synp ýolbaşçylarynyň işiniň mazmuny barada öňki temalarda giňişleýin beýan edilipdi.

***Mekdep müdiriniň işi bu babatda şeýle ugurlary öz içine alýar:***

♦ hünärmenleri ýerli-ýerinde goýmak (olaryň zehinini, ukybyny, taýýarlygyny, işjeňligini göz öňünde tutmak arkaly);

♦ işlerini netijeli ýola goýmak üçin zerur şertleri döretmek;

♦ terbiýeçilik işlerini utgaşdyrmak;

♦ synpda we synpdan daşary geçirilýän işlere gözegçilik;

♦ tejribäni öwrenmek, umumylaşdyrmak, ýaýratmak;

♦ jemgyýetçilik-köpçülik işlerine işjeň gatnaşmak meýilleri höweslendirmek we ş.m.

## Içki mekdep gözegçiliginiň mazmuny, görnüşleri we usuly

***Içki mekdep gözegçiliginiň meýilnamalaşdyrylyşy. Okuw işine gözegçilik. Okuwçylaryň bilimlerine, endiklerine, başarnyklaryna gözegçilik. Synpdan we mekdepden daşary geçirilýän terbiýeçilik işlerine gözegçilik.***

***Mekdepde resmi iş kagyzlarynyň alnyp barlyşyna gözegçilik.***

Okuw maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine, okatmagyň hiline gözegçilik etmegiň mazmuny sapaklardan, gyzyklanma okuwlaryndan, mugallymlar tarapyndan ýöredilýän ýazmaça iş kagyzlaryndan (sapak meýilnamalary, ýazgylar) amaly işlerden, tejribelerden, okuw gezelençlerinden, ýazuw işlerinden, sapakdan daşary işlerden, görkezme esbaplardan ybaratdyr.

Okuw-terbiýeçilik işlerine ýolbaşçylyk etmek boýunça öňdebaryjy mekdepleriň tejribesinde gözegçiligiň şeýle görnüşleri durmuşa ornaşdyrylýar:

♦ ***öňünden geçirilýän çaklama gözegçiligi:*** sapak guramak üçin taýýarlanylan meýilnamalary, usuly maglumatlary gözden geçirmek, sapagy düşündirmegiň, berkitmegiň usuly işleriň tärleri hakynda mugallym bilen gürrüňdeş bolmak.

♦ ***gündelik gözegçilik:*** sapaklaryň okadylyşyna gös-göni gözegçilik edilýär, okuwçylaryň bilimi, başarnygy, gündelikleri, ýazuw işleri we ş.m. barlanylýar.

♦ ***jemleýji gözegçilik*****:** bellibir döwür aralagynda okuwçylary okatmak, terbiýelemek boýunça mugallymyň işiniň netijesi öwrenilýär; sapaklara gatnaşylýar, okuwçylardan barlag işleri alynýar we beýleki iş kagyzlary gözden geçirilýär.

***Içki mekdep gözegçiliginiň täsirliligi esasan, talaplaryň dogry berjaý edilişine bagly bolýar.***

1. Mugallymyň işini barlaýjynyň özüniň işi oňat bilmegi zerur.

Bu okuwyň, mugallymyň, okuwçynyň işiniň hiline baha bermekde bar bolan parhsyzlygyň, ýüzleýligiň soňuna çykmaga ýardam edýär.

2. Öz wagtynda mugallymyň işi hakynda takyk habarlar bilen üpjün bolmak.

Ilkinji nobatda guralýan gözegçilikleriň yzygiderli bolmagyny gazanmak gerekdir. Şeýle gözegçilikleriň üsti bilen mekdepde bar bolan usuly hyzmatyň ähli görnüşleri, mugallymyň iş usuly, olaryň taýýarlyk derejesi, işiniň güýçli, gowşak taraplary, okuwçylaryň gatnaşygy, ýetişigi, terbiýeleniş derejesi, sapakdan daşary işiň guralyşy hakynda takyk maglumatlary toplamak bolar.

3. Geçirilen barlaglaryň netijeleriniň, hödürlenýän teklipleriň, berilýän maslahatlaryň doly, dogry, ylmy taýdan esaslandyrylan bolmagyny gazanmak gerekdir.

4. Gözegçilik täsirli bolmalydyr.

Munuň üçin usuly, guramaçylyk taýdan mätäçlik çekýän mugallymlara öz wagtynda degerli kömek bermegi, oňaýly iş tejribäni umumylaşdyrmagy we ýaýratmagy başarmak zerurdyr.

Okuw-terbiýeçilik işiniň islendik görnüşinde **içki mekdep gözegçiligini guramak birnäçe basgançakdan ybaratdyr**:

***Gözegçiligiň maksadyny kesgitlemek.***

Bu döwürde mugallymlaryň ukybyny, taýýarlyk derejesini öwrenmek; okuwçylaryň bilimini, başarnygyny barlamak, sözleýiş dili, ýazuw düzgüni boýunça ýeke-täk talap baradaky usuly görkezmäniň ýerine ýetirilişini, okatmagyň terbiýelemek bilen utgaşdyrylyşyny öwrenmek göz öňüne tutulýar.

**1. *Gözegçilige taýýarlyk görmek.***

Okuw maksatnamalarynyň degişli bölümlerini öwrenmek, okuw kitaplary, usuly gollanmalar, görkezmeler we ş.m. bilen tanyşmak; geçiriljek gözegçiligiň meýilnamasyny düzmek; gözegçilige gatnaşdyryljak mugallymlary kesgitlemek göz öňüne tutulýar.

**2. *Gözegçiligi iş ýüzünde geçirmek.***

Sapaga, sapakdan daşary işlere gatnaşmak, okuwçylaryň ýazuw işlerini gözden geçirmek; mugallymlar, okuwçylar, ata-eneler bilen gürrüňdeş bolmak nazara alynýar.

***3. Gözegçilik döwründe toplanan maglumatlary, ol hakda çykarylýan netijäni, hödürlenýän teklibi umumylaşdyrmak hem-de olara seljerme bermek.***

***4. Gözegçilik mahalynda ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmegiň oňaýly iş usullaryny durmuşa ornaşdyrmak hakynda, edilen teklipleriň düzedilişini barlamak maksady bilen gaýtadan geçiriljek gözegçiligiň möhletini kesgitlemek.***

***Içki mekdep gözegçiliginiň*** *ýokarda görkezilen görnüşleri* ***şeýle usullaryň*** *kömegi bilen geçirilýär.*

**1. Saýlap sapaklara gatnaşmak**

Mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary özüniň şahsy meýilnamasy esasynda öňünden duýdurmazdan aýry-aýry

mugallymlaryň sapagyna gatnaşýar. Şeýle mazmundaky barlaglar mugallymyň öz-özüniň üstünde işlemek meýilnamasyny, iş depderiniň yzygiderlikde barlanyp durulmagyny öwrenmäge mümkinçilik döredýär.

**2. Bellibir tema boýunça sapaklara gatnaşmak**

Mugallymyň işiniň ulgamyny hemmetaraplaýyn öwrenmek maksady bilen bellibir tema boýunça sapaklaryň toplumyna (3-5 sagat) gatnaşýar. Bu sapaklaryň dürli görnüşlerinde mugallymyň güýçli, gowşak taraplaryny (täze maglumatlary düşündirmekde, berkitmekde, tema boýunça soramagy guramakda) anyklamaga, usuly kömek etmäge çalyşmaly.

**3. Ugurdaş synplarda mümkin bolan halatlarynda şol bir tema boýunça aýry-aýry mugallymlaryň sapaklaryna gatnaşmak**

Bu usul şol birmeňzeş synpda okadýan aýry-aýry mugallymlaryň işini deňeşdirmäge, okatmagyň ol ýa-da beýleki tärleriniň netijeliligini, mugallymyň iş başarnygyny aýyl-saýyl etmäge mümkinçilik berýär.

**Mekdep iş kagyzlaryny barlamak we gözden geçirmek, okuwçylaryň depderlerini, gündeliklerini barlamak**

- iş kagyzlaryny sapaklara gatnaşmak bilen baglanyşykda we ondan daşarda barlap bolýar;
- öňden düzülen tertip esasynda (okuw maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi, okuwçylaryň ýetişigi, usuly işler hakynda), mugallymlar bilen gürrüňdeşlik guramak.

## Mekdep müdiriniň orunbasarlarynyň wezipesi, olaryň işiniň maksady we mazmuny

***Mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary*** guramaçylyk ukyby, pedagogik ussatlygy, okuw işinden baş çykaryp bilýänligi bilen tapawutlanýan mugallymlaryň arasyndan seçilip alynýan ýolbaşçydyr.

Onuň ussatlygy, adamkärçiligi, mugallymlaryň agzybirligini, işjeňligini üpjün edýän esasy zatdyr, okuwçylar toparlaryna täsir edýän uly güýçdür. Mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasarynyň durmuşa geçirýän işleri mekdep işiniň özenidir. Onuň iş ugry mekdep müdiriniň işine garanyňda, birneme çäklidir.

7. Sargyt № 1361

Ol:

♦ okuw meýilnamalarynyň, maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine, okuw işiniň guralyşyna, tutuş okuw işiniň, okuwçylaryň biliminiň hiline jogap berýär;

♦ okuwçylaryň gyzyklanmalarynyň, ukybynyň göz öňünde tutulyp okadylmagyny gazanýar;

♦ usuly kämillik barada birsyhly alada edýär, sapaklaryň rejesini düzýär;

♦ okuw işleriniň gidişi, netijeleri barada hasabat taýýarlaýar.

**Sapaklaryň rejesi** okuw işini (döwrüni) sazlaşykly guramagy üpjün edýän mekdep resminamasydyr.

Sapaklaryň rejesi mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary tarapyndan düzülýär. Ol rejäni düzmezden ozal:

♦ okuw meýilnamalaryny, maksatnamalaryny, mekdebiň okuw otaglarynyň sanawyny (tapgyrlaýyn okuwa gatnaşygy boýunça); okuw otaglaryň serişdeler, enjamlar, esbaplar bilen üpjünçiligini, tejribe-amaly işleriň möçberini, mugallymlaryň iş ýüklerini, arzuw-isleglerini nazara alýar;

♦ mugallymlar we okuwçylar köpçüligini işjeň ýagdaýda saklamagyň, olaryň ylalaşykly, döredijilikli işläp bilmekleri üçin gerekli şertleriň ýollary barada oýlanýar.

## Sapaklaryň rejesi we ony düzmekden edilýän talaplar

Okuw-terbiýeçilik işiniň ähli ugurlarynda kadaly, sazlaşykly işi guramak mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasarynyň wezipesine girýär. Munuň bellibir derejede üpjün edilmegi mekdepde sapak rejesiniň talabalaýyk düzülişine baglydyr.

Sapak rejesini düzmek möhüm, jogapkärli we kyn işdir. Mekdepde ähli okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligi okuw rejesiniň hiline bagly bolup durýar.

*Sapak rejesi psihologiki-pedagogiki we gigiýeniki taraplary hasaba almak bilen düzülýär*. Olara şular degişlidir:

1. Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny hasaba almak bilen synplary tapgyrlar boýunça dogry paýlamaly. «Türkmenistanda orta mekdepler hakynda» Düzgünnamada görkezilişi ýaly, başlan-

gyç synplaryň okuwçylary hökmany tertipde okuw gününiň birinji ýarymynda okaýarlar.

2. Hepdäniň we okuw gününiň dowamynda dersleri derejeleri boýunça kadaly paýlamaly, hepdäniň dowamynda bir dersiň sapaklarynyň arasyndaky deňölçegli aralygy berjaý etmeli.

3. Sişenbe, çarşenbe, penşenbe günleri sapak rejesinde özleşdirmesi has kyn bolan dersleri goýmak maksada laýykdyr. Mümkin bolsa, şol günlerde ýazuw işlerini hem geçirmeli. Okuwçylaryň iş ukyplarynyň has pese düşýän hepdäniň soňky günlerinde sapak rejesine has ýeňil dersleri goýmaly.

4. Özleşdirmesi has kyn bolan dersler boýunça sapaklary okuw rejesinde birinji we iň soňky sagatlarda goýmak maslahat berilmeýär. *Matematika, fizika, himiýa, daşary ýurt dili, ene dili ýaly* sapaklary okuw rejesinde 6-njy sagada goýmak amatly däldir.

5. Öýde taýýarlygy has köp talap edýän dersleri hepdäniň dürli günlerinde ýerleşdirmeli. Okuwçylara öý işleriniň aşa köp tabşyrylmagynyň öňüni almak üçin *duşenbe güni* sapak rejesinde öýde taýýarlygy az talap edýän dersleri *(aýdym, surat, zähmet okuwy)* we öwrenmek üçin hepdede 2-den köp sagat berlen dersleri goýmak netijelidir.

6. Sapak rejesi düzülende goşalandyrylan sagatlary girizmek mümkinçiligini hasaba almak bilen, her okuw, güni üçin dersleriň aňryçäk sanyny dogry kesgitlemeli, şeýle hem goşalandyrylan sagatlaryň bir okuw günündäki sanyny çäklendirmek zerurdyr.

7. Sapak rejesi düzülende, okuw otaglarynyň (ylaýta-da maksatnama boýunça kesgitli mukdarda tejribe we laboratoriýa işleri göz öňünde tutulan fizika, himiýa, biologiýa dersleri boýunça) mümkinçiligini hasaba almaly. Reje düzülende, bu otaglary maksatnama boýunça köp laboratoriýa, tejribe işlerini geçirmek göz öňünde tutulan 7-9-njy synplara bermeli.

8. Sapak rejesi düzülende mümkinçilige görä, mugallymlar üçin hepdede sapaklardan boş bir usuly güni goýmagy hem göz öňünde tutmaly.

9. Sapagyň rejesi durnukly bolmalydyr. Sebäbi diňe durnukly okuw rejesi mekdebiň işiniň anyk sazlaşygyny, ähli okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligini üpjün edýär.

**Okuwçynyň işjeňliginiň ösüşi we okuw rejesini düzmek**




## Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarynyň işini guraýşy

***Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarynyň baş wezipesi mekdebiň içindäki güýçlerden, daşyndaky mümkinçiliklerden peýdalanyp, terbiýeçilik işlerine işjeň gatnaşmak hem olara ýolbaşçylyk etmekdir.***

**Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasary:**

♦ okuwçylaryň edep-terbiýesi bilen iş salyşýar;

♦ okuwçylaryň boş wagtlary has netijeli bolar ýaly edip guraýar;

♦ synp ýolbaşçylaryna, mugallymlara, çagalar we ýaşlar guramalaryna synpdan daşary işleri guramakda hem-de, geçirmekde ýakyndan kömek berýär;

♦ ata-eneler, jemgyýetçilik guramalary, önümçilik bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, kämil nesli terbiýeläp ýetişdirmegiň meseleleriniň çözgütlerini agtaryp tapýar.

♦ mugallymlar, synp ýolbaşçylary bilen ýörite okuwlary – maslahatlary gurap, terbiýeçilik işiniň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşýar.

Sentýabr aýynyň 1-i mekdebiň durmuşynda iň dabaraly günleriň biri hasaplanylýar. Çünki bu gün çagalaryň birnäçesi (takmynan 11-15%) ilkinji gezek mekdebe barýarlar; galan bölegi bolsa uzak möwsümleýin dynç alyşdan soň, täze güýç bilen okuwa başlaýarlar: bu olar üçin täze okuw ýylynyň başlangyjy, täze, öňküden bir basgançak ýokary synp, täze mugallymlar, täze okuw maksatnamalarydyr okuw kitaplary bilen tanyşlygy şertlendirýär.

Bu häsiýetnama mugallymlara-da öz aýratynlygy bilen degişlidir. Şol sebäpli-de şu gün geçirilýän dabara degişli derejede taýýarlanylmagyny talap edýär. Mekdep boýunça geçiriljek ähli çäreleri utgaşdyrmak mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarynyň paýyna düşýär.

Ol synp ýolbaşçylaryna, mugallymlara okuwçylar bilen mekdepde geçirilýän terbiýeçilik çäreleri meýilnamalaşdyrylanda-da, durmuşa geçirmek üçin taýýarlyk görlende-de, geçirilende-de, jemi jemlenende-de olaryň özlerini işjeň gatnaşdyrmagy, erkinligine, döredijiligine, işjeňligine giň ýol açmagy, öz-özlerini dolandyryp bilmegi, esasy ünsi Garaşsyzlygyň beren miwesine okuwçylaryň akyl ýetirip bilmeklerini, ýurduň syýasy, ykdysady, durmuş meselelerine düşünmeklerini, şu meseleler boýunça çykyş etmekligi öwredýär; dürli ýaryşlar, ýörişler, oýunlar, estafetalar, söhbetdeşlikler geçirmek arkaly ýurdumyzyň bedenterbiýe we sport işlerini ösdürmäge gatnaşýar, gurnaklaryň, geçirilýän duşuşyklaryň işi bilen gyzyklanýar.

Mugallymlar, synp ýolbaşçylary bilen ýörite seminarlary gurap, terbiýeçilik işiniň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşýar. Olaryň geçirýän terbiýeçilik çärelerine gatnaşyp, zerurlyk dörände, degerli usuly kömek berip durýar. «Synpdan daşary işler» diýen temada görkezilen terbiýeçilik çäreleriniň islendik görnüşi taýýarlanylanda hem-de, geçirilende diňe geňeşdar hökmünde gatnaşman, eýsem olary esasy guraýjylaryň we ugrukdyrjylaryň biri bolup çykyş edýär.

## Mekdepde nobatçylygy ýola goýmak

Mekdepde nobatçylygy ýola goýmak okuw-terbiýeçilik işine okuwçylary çekmekligiň üsti bilen öz-özüňi dolandyrmagy kämilleşdirmegiň iň elýeter we giň ýaýran görnüşidir.

Mekdepde nobatçylygy ýola goýmagyň okuw-terbiýeçilik işine oňaýly täsir etmekdäki hyzmaty:

- çärä okuwçylaryň köpüsini çekip bolýar;
- çagalaryň öz-özüne hyzmat ediş, öz-özüni dolandyryş endikleri kämilleşdirilýär;
- mekdepde içki tertip-düzgünliligiň berkemegine ýardam edýär;

♦ nobatçylyga çekilýän okuwçylaryň işjeňligi artýar;

♦ okuwçylary okuw-terbiýeçilik işine gatnaşmak üçin höweslendirmegiň ygtybarly görnüşi, usuly;

♦ okuwçylaryň arasynda biri-birine sarpa goýmak, biri-biri üçin jogapkärçiligi duýmak ýaly duýgular kemala gelýär.

**Talaplar:**

1. Nobatçylyk okuwçylaryň okuw işine päsgel bermeli däldir, ýagny onuň nobatçylyk üçin sapakdan boşadylmagyna ýa-da gijä galyp gelmegine ýol berilmeli däldir.

2. Mekdep nobatçylygyna göreldeli, okuw işine jogapkärçilikli çemeleşýän, terbiýeçilik-köpçülik işlerine işjeň gatnaşýan okuwçylar çekilmeli.

Okuwçylaryň nobatçylygy öz akymyna goýberilmän, eýsem dolandyrylmaly: gözegçilik edilmeli; ýagdaýy seljerilmeli, netijeliligi bahalandyrylmaly.

## Sapaga gatnaşmak we ony seljermek. Sapak boýunça üns berilmeli meseleler

1. Synpyň sapaga taýýarlygy.
2. Okuwçylardan geçilen temanyň soralyşy.
3. Mugallymyň soramakda ulanýan usullary.
4. Okuwçylaryň jogaplarynyň çuňlugy we esaslylygy, okuwçylaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň hili.
5. Sapakda geçilenleriň umumy gaýtalanyşy.
6. Sapagyň maksadynyň goýluşy.
7. Okuwçylaryň ünsüniň täze tema gönükdirilişi.
8. Temanyň çuň açylyşy (ylmylygy, döwre laýyklygy).
9. Täze temanyň geçilen temalar bilen baglanyşdyrylyşy.
10. Dersara baglanyşygynyň ýola goýluşy.
11. Temanyň durmuş tejribeleri bilen baglanyşdyrylyşy.
12. Okuwçylaryň öňünde meseleleýin (problemalaýyn) soraglaryň goýluşy.
13. Sapagyň dowamynda okuwçylaryň tertibine gözegçiligiň ýola goýluşy.
14. Sapagyň terbiýeleýjilik ugry.

15. Okuwçylaryň işjeňliginiň, özbaşdaklygynyň we pikirlenmeleriniň ösdürilişi.

16. Sapakda okuw görkezme esbaplaryň, goşmaça materiallaryň, tehniki serişdeleriň peýdalanylyşy.

17. Sapakda multimediýa tagtasynyň peýdalanylyşy.

18. Kitap bilen işlenilişi.

19. Okuwçylaryň ýazuw endikleriniň ösdürilişi.

20. Okuwçylaryň ukyplaryna görä çemeleşmäniň amala aşyrylyşy.

21. Okuw kitabyndan daşary maglumatlaryň peýdalanylyşy.

22. Temanyň Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri we daşary syýasatlary bilen baglanyşdyrylyşy.

23. Sapakda özbaşdak işleriň guralyşy.

24. Täze temanyň berkidilişi.

25. Mugallymçylyk edebiniň saklanylyşy.

26. Mugallymyň sözleýiş medeniýeti.

27. Mugallymyň daş görnüşiniň (keşbiniň) gözelligi.

28. Öý ýumuşlarynyň tabşyrylyşy.

29. Okuwçylaryň bilimleriniň bahalandyrylyşy, gündeligine bahanyň goýluşy.

30. Mugallymyň wagtdan netijeli peýdalanyşy.

## Sapaga seljerme bermek

*Sapagyň seljermesi – bu iki birmeňzeş taýýarlykly adamyň okatmagyň iň oňaýly we dogry usulyny tapmak barada janly gürrüňidir.* Sapagyň seljermesi şeýle geçirilip bilner:

1. Wagty, mugallymyň ady we atasynyň ady, bilimi, hünäri, hormatly ady we derejesi, dersiň ady, okuwçy sany.

2. Sapaga gatnaşmagyň maksady.

3. Sapagyň temasy, maksady, abzallaşdyrylyşy, synp otagyň arassaçylygy.

4. Sapagyň mazmuny. Sapagyň döwürlerine görä wagtyň paýlanylyşy, sapagyň gidişiniň oňat we kemçilikli taraplary.

5. Okatmagyň görnüşleri we usullary. Sapagyň ylmy we ideýasy taýdan dogry guralanlygy barada häsiýetnama. Üstünlikler we kemçilikler.

6. Okuwçylaryň bilimlerine, başarnyklaryna we endiklerine häsiýetnama (jogaplaryň dogrulygy, dolulygy, ideýalylygy, durmuş

bilen baglanyşyklylygy, okuwçylaryň bilimleriniň berkligi, özleşdirişleriniň çuňlugy).

7. Sapak boýunça netijeler.

8. Teklipler.

## Mekdepde usuly işleriň guralyşy we içerki mekdep gözegçiligi

Mekdepde geçirilýän usuly işleriň görnüşleri, mazmuny we guralyşy.

Mekdepde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işiniň esasy ugurlarynyň biri-de usuly işlerdir. Usuly işler – okuw terbiýeçilik işiniň gönezligidir. Çünki ol mugallymyň hünär derejesini kesgitleýär.

Okuw-terbiýeçilik işleriniň haýsy hem bolsa bellibir ugrunda öňegidişlik ýüze çykarylsa, ony beýleki mekdeplere ýaýratmaklyk makul bilinse, onda şeýle mekdep öňdebaryjy tejribe mekdebi bolup biler. Öňdebaryjy mugallymçylyk iş tejribe mekdebinde sapaklardan daşary: amaly-tejribe okuwlar, mekdep ýolbaşçylary bilen kömekçi okuwlar, öňdebaryjy mugallymçylyk iş tejribe mekdepleriniň ýolbaşçylary bilen ýekebara we toparlaýyn gözükdiriji maslahatlar ýaly çäreler guralýar we geçirilýär. Şeýle mekdeplerde sapaklardan daşary köpçülikleýin sapak temalaýyn terbiýeçilik meýilnamaly düzmek, okuw-görkezme esbaplaryny, okatmagyň-tehniki serişdelerini, okuwçylar üçin niýetlenen özbaşdak we döredijilik işlerini bilelikde taýýarlamak ýaly işler ýerine ýetirilýär.

**Öňdebaryjy iş tejribe mekdeplerinde usuly işleriň görnüşleri:**

1. Ylmy-amaly maslahatlar.
2. Pedagogiki okaýyşlar.
3. Golaý ýerleşen mekdep müdirleriniň okuwy.
4. Golaý ýerleşen mekdepleriň usuly birleşmeleriniň ýolbaşçylarynyň okuwy.
5. Mugallymlar üçin temalaýyn okuwlar.
6. Açyk sapaklar we olaryň seljerilişi.
7. Temalar boýunça mekdepleriň mugallymlary üçin tejribe sapaklar.
8. Mugallymlaryň we okuwçylaryň işlerinden guralan sergiler.

## Usuly birleşmeler we olaryň alyp barýan işi

Orta mekdeplerde okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, öňdebaryjy iş tejribelerini ýüze çykarmak, mugallymlaryň özara tejribe alyşmaklaryny guramak maksady bilen döredilýän içki mekdep usuly birleşmeleri mugallymlary häzirki zaman pedagogika, psihologiýa, usulyýet ylymlarynyň gazananlary bilen yzygiderli tanyşdyrmaga, olaryň ugurdaş dersler boýunça bilim we usuly derejelerini çuňlaşdyrmaga we kämilleşdirmäge, şeýle hem okuw maksatnamalaryny ýerine ýetirmeklerine, ýaşlara berýän bilim-terbiýesiniň netijelerini ýokarlandyrmaklaryna ýardam berýär.

Usuly birleşmäniň iş resminamalarynyň bukjasy mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasarynda saklanýar, ondaky resminamalaryň doly we dogry ýöredilmegi üçin, mekdep müdiriniň orunbasary, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary jogap berýärler. Mekdepde usuly birleşmäniň işlerini talabalaýyk guramak üçin şeýle işleri ýerine ýetirmeli:

I. Okuw ýylynyň başlanmazynyň öň ýanynda, mugallymlaryň awgust aýynda geçirilýän geňeşinde täze okuw ýylynda hereket etjek usuly birleşmeleriň görnüşleri kesgitlenýär, geňeşiň karary bilen usuly taýdan taýýarlykly, öňdebaryjy iş usullaryny peýdalanyp bilýän tejribeli mugallymlardan dersler boýunça usuly birleşmeleriň hem-de mekdep usuly birleşmeleriniň umumy ýolbaşçylary bellenilýär. Bu karar mekdep müdiriniň buýrugy bilen berkidilýär.

II. Şol bir ders boýunça mugallymlaryň sany 3-den az bolsa, onda ugurdaş dersler bilen birleşdirip, usuly birleşme döredilip bilner. Synp ýolbaşçylaryň usuly birleşmesi 1-4-nji, 5-9-njy, 10-12-nji synplar boýunça toparlara bölünýär.

III. Usuly birleşmäniň agzalarynyň arasynda wezipe-borçlar takyk kesgitlenýär we meýilnama esasynda ýerine ýetirilmeli işler paýlaşylýar. Maslahatyň beýanyny ýazmak, okuw maksatnamasynyň meýilnamalaşdyrylyşyna we ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, taýýarlanylýan nutuklary gözden geçirmek, okuw ýylynyň dowamynda özara sapaklara gatnaşmagyň hasabatyny ýöretmek, okuw ýylynyň dowamynda taýýarlanylýan okuw görkezme esbaplara, usuly hatlara, gollanmalara seljerme bermek, hasabatyny ýöretmek, okuwçylaryň bilim derejelerini öwrenmek boýunça geçirilen içki mekdep

barlaglaryna seljerme bermek, maglumatlary ýöretmek, bäsleşiklerde çykyş eden okuwçylar we mugallymlar barada maglumatlar toplamak, derse degişli metbugatda çap edilen maglumatlary toplamak ýaly işlere jogapkärleri bellemek meselesine usuly birleşmäniň 1-nji maslahatynda seredilýär. Her maslahatyň kararynda onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin jogapkär berkidilýär.

**Usuly birleşmäniň iş meýilnamasy bir okuw ýyly üçin düzülip, mekdebiň ýyllyk iş meýilnamasyna girizilýär we mekdebiň mugallymlar geňeşinde tassyklanyp, müdir tarapyndan gol, möhür bilen berkidilýär.** Usuly birleşmäniň meýilnamasynda esasy orun usuly meselelere degişlidir. Usuly birleşmäniň iş meýilnamasynyň bölümleriniň mysaly ugurlary şulardan ybaratdyr:

**1. Mekdep usuly birleşmesiniň maksady we wezipeleri.**

Bu bölümde hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky syýasatyny durmuşa geçirmek, okatmaklygyň we terbiýelemegiň netijeli usullaryny sapaklara ornaşdyrmak, okuw meýilnamasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça işler göz öňünde tutulýar.

**2. Usuly birleşmäniň geçen okuw ýylyndaky ýerine ýetiren işleriniň seljermesi.**

Bu bölümde usuly birleşmäniň öňki okuw ýylyndaky geçiren okuw-terbiýeçilik işleriniň mazmunyna, hiline, okuw meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine, öňdebaryjy iş tejribeleriň öwrenilişine we ornaşdyrylyşyna seljerme berilýär.

**3. Usuly birleşmäniň maslahatlarynyň meýilnamasy.**

Bu bölümde usuly birleşmäniň okuw ýylynyň dowamyndaky maslahatlary meýilnamalaşdyrylýar. Usuly birleşmäniň maslahatlary okuw ýylynyň dowamynda azyndan 5-6 gezek geçirilýär. Maslahatlarda derslere degişli täze okuw maksatnamalary, kitaplary, okuw-terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmeklige degişli täze maglumatlar bilen tanyşlyk, iş tejribeden taýýarlanylýan nutuklar, has çylşyrymly temalary öwretmeklige degişli maglumatlar, okuw otaglarynyň abzallaşdyrylyşyna we gözellik bezeglerini kämilleşdirmeklige degişli, dersler boýunça synpdan daşary çäreleri guramaklygyň tejribeleri ýaly meseleler alynýar.

Maslahatlaryň beýany ýörite kitaba ýazylýar. Ol kitabyň sahypalary belgilenip, işlenip mekdep müdiriniň goly we möhüri bilen berkidilýär.

**4. Görelde sapaklary we synpdan daşary çäreler.**

Bu bölümde usuly birleşmäniň agzalarynyň okuw ýylynyň dowamynda gurajak görelde sapaklarynyň we geçirjek synpdan daşary çäreleriniň temalary, wagtlary kesgitlenilýär, bäsleşikleriň netijeleri seljerilýär. Mugallymlaryň işleriniň sergilerini guramak meýilleşdirilýär.

**5. Okuw maksatnamasynyň esasynda okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini öwrenmek.**

Bu bölümde dersler boýunça iň oňat okaýan okuwçylaryň we gowşak okaýan okuwçylaryň sanawy kesgitlenilýär. Aýratyn ukyply okuwçylar bilen söhbetdeşlikleri guramak, ders boýunça barlag işlerini geçirmek, olara seljerme bermek, okuwçylaryň goýberýän ýalňyşlyklarynyň sebäplerini öwrenmek, okuwçylaryň bilim derejeleri baradaky hasabatlary toplamak we seljermek bellenilýär.

**6. Öňdebaryjy mugallymçylyk tejribelerini öwrenmek, umumylaşdyrmak we ýaýratmak.**

Bu bölümde mugallymlar bilen söhbetdeşlikleri guramak, mugallymlaryň guraýan sapaklaryna we synpdan daşary çärelerine gatnaşmak arkaly okuwçylaryň bilim derejelerini ösdürişlerine seljerme bermek, mekdepde geçirilýän dürli bäsleşikleriň netijelerini seljermek arkaly öňdebaryjy iş tejribesi öwreniljek mugallymy saýlamak, onuň bilen bilelikde geçiriljek işler meýilnamalaşdyrylýar.

**7. Ýaş hünärmenler bilen işlemek (eger, usuly birleşmäniň agzalarynyň arasynda ýaş mugallymlar bolmasa, bu bölüm hökman däl).**

Bu bölümde ýaş hünärmenler bilen geçiriljek işler, hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmekdäki alyp barýan syýasatyny durmuşa ornaşdyrmakda ýaş hünärmenleriň öňünde durýan wezipeler kesgitlenilýär.

**8. Mugallymlaryň hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak.**

Bu bölümde okuw ýylynyň dowamynda mugallymlaryň hünärleri kämilleşdiriş okuwlaryna gatnaşmagynyň tertibi kesgitlenýär, olaryň özbaşdak okamak, kärdeşleriniň iş tejribelerini öwrenmek arkaly hünär ussatlyklaryny kämilleşdirmekleriniň meýilnamalary düzülýär,

mugallymlary geçirilýän dürli usuly çärelere gatnaşdyrmak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek ýaly çäreler bellenilýär.

**Usuly birleşmäniň bukjasynda bolmaly esasy maglumatlar:**

1. Usuly birleşmäniň agzalary baradaky umumy maglumatlar;
2. Usuly birleşmäniň agzalarynyň ýerine ýetirmeli işleri baradaky maglumat;
3. Usuly birleşmäniň maslahatlarynyň meýilnamasy;
4. Usuly birleşmäniň maslahatlarynyň beýanlar kitaby;
5. Görelde sapaklarynyň we synpdan daşary çäreleriň tertibi we geçirilen çäreleriň maglumatlary;
6. Mugallymlaryň özara sapaklara we synpdan daşary çärelere gatnaşyk depderleri, ýazgylary;
7. Mugallymlaryň usuly birleşmäniň maslahatlarynda çykyş eden nutuklary;
8. Usuly birleşmäniň agzalarynyň hasabatlary;
9. Iş tejribesi öwrenilýän mugallymyň iş görkezijileri baradaky maglumatlar.

Okuw ýylynyň ahyrynda usuly birleşmäniň ýolbaşçylary we agzalary meýilnamada bellenen çäreleriň ýerine ýetirilişi, ähli maglumatlaryň doly hem gutarnykly taýýarlanyşy barada hasabat ýazýarlar, ol hasabatlar mugallymlar geňeşinde seredilýär. Ders usuly birleşmeleriniň ýolbaşçylary resmi iş kagyzlarynyň ählisini bukjada tertipli ýerleşdirip, bukjany mekdep usuly birleşmesiniň ýolbaşçysyna tabşyrýarlar. Bukjalaryň içinden nusgalyk taýýarlanan işler mekdebiň usuly otagynda goýulýar. Galan işler mekdebiň arhiwine tabşyrylýar.

## Mekdep iş meýilnamasy

**Mekdep iş meýilnamasy** – bu ýaş nesli okatmak, terbiýelemek, ony bilimli, medeniýetli, watansöýüji edip ýetişdirmek wezipelerini amala aşyrmak boýunça tejribe çäreleriniň özara baglanyşykly, umumy maksatlar bilen birigen ulgamydyr.

Mekdebiň iş meýilnamasyny taýýarlamaklyga mekdep müdiri, onuň orunbasarlary, jemgyýetçilik guramalarynyň, usuly birleşmeleriň ýolbaşçylary we öňdebaryjy mugallymlar gatnaşmalydyr.

Umumy iş meýilnamasy hödürlenen meseleleriň, teklipleriň esasynda döwlet tarapyndan mekdebe bildirilýän talaplardan ugur alnyp düzülmelidir.

Iş meýilnamasy täze okuw ýyly başlanmazdan öň, pedagogik geňeşiň maslahatynda tassyklanylýar.

**Mekdep iş meýilnamasynyň esasy bölümleri:**

1. Giriş:
   a) mekdebiň işiniň netijelerine gysgaça seljerme;
   b) mekdebiň täze okuw ýylyndaky esasy wezipeleri.
2. Ählumumy hökmany orta bilimi amala aşyrmak.
3. Pedagogik hünärmenler bilen işi guramak:
   a) ideologik iş;
   b) usuly işleri we hünärleri kämilleşdirmekligi guramak.
4. Okuw işi:
   a) okuw meýilnamasyny ýerine ýetirmek;
   b) bilimleriň hilini ýokarlandyrmak;
   ç) okuwyň terbiýeleýjiligini gazanmak.
5. Okuwçylar bilen sapakdan daşary terbiýeçilik işlerini guramak.
6. Ata-eneler we jemgyýetçilik guramalary bilen işlemek.
7. Okuw-terbiýeçilik işine gözegçiligiň netijeliligini artdyrmak.
8. Pedagogik geňeşiň garamagyna hödürlenýän meseleler.
9. Mekdep müdiriniň ýanyndaky maslahata hödürlenýän meseleler.
10. Usuly geňeşde garalmaly meseleler.
11. Mekdebiň okuw-material bazasyny pugtalandyrmak we hojalyk işleri.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. – Aşgabat, 2009.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. – Aşgabat, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. – Aşgabat, 2011.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – Aşgabat, 2012.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Roman. – Aşgabat, 2013.
9. *Annageldiýew M*. Mekdep – ruhy sallançagym. 1999.
10. *Annageldiýew M*. Mugallym – ylym ata. 2005.
11. *Atdaýew E., Gapbarow A* .Mugallymçylyk ussatlygy. – Aşgabat, 2012.
12. *Баранов С.П, Болотина Л.Р, Волкова Т.В, Сластёнин В.А.* Педагогика, Москва, 1981.
13. *Basarow B*. Psihologiýa we pedagogika. – Aşgabat, 2011.
14. *Gurbanow A.A. Kuzmin O.D. Haljanow Ş. Rejepow J.* Okatmak teoriýasynyň aktual meseleleri. Magaryf, 1979.
15. *Haljanow Ş*. Garaşsyzlyk pedagogikasy. – Aşgabat, 1995.
16. *Pirliýew G*. Türkmen halk pedagogikasy. Magaryf, 1981.
17. *Pirliýew G*. Mekdepde terbiýeçilik işiniň esasy meseleleri. – Aşgabat. Magaryf, 1990.
18. *Pirliýew G*. Türkmen halk pedagogikasy. –Aşgabat, 1981.

# MAZMUNY

**Dördünji bölüm**

I bap. Edep-terbiýe bermegiň usullary.............................................7
II bap. Synpdan we mekdepden daşary işler ..................................34
III bap. Synp ýolbaşçysy we onuň etmeli işleri................................44
IV bap. Ýurdumyzda çagalar we ýaşlar barada alada.......................57
V bap. Maşgala terbiýesi we onuň pedagogik esaslary.
Maşgala edep-terbiýäniň gözbaşydyr...............................................60
VI bap. Mekdebiň işiniň meýilnamalaşdyrylyşy .............................77
Peýdalanylan edebiýatlar..................................................................110

Esen Atdaýew, Maral Annagulyýewa,
Güljemal Annameredowa, Güldäne Galandarowa,
Gözel Ýagşymyradowa

# PEDAGOGIKA
# III

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Jumaýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *D. Piriýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Ylýasowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 04.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 7,0. Şertli-reňkli ottiski 22,25.
Hasap-neşir listi 5,56. Çap listi 7,0.
Sargyt № 1361. Sany 4100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.